**TÜRKMENISTANYŇ BILIM MINISTRLIGI**

**MAGTYMGULY ADYNDAKY TÜRKMEN DÖWLET UNIWERSITETI**

**Gülsün Çaryýewa**

# DAŞARY ÝURT ŽURNALISTIKASYNYŇ TARYHY

Ýokary okuw mekdepleriniň žurnalistika hünäriniň talyplary we mugallymlary üçin okuw gollanmasy.

Türkmenistanyň Bilim ministrligi tarapyndan hödürlendi.

**Aşgabat -2010**

# G I R I Ş

Häzirki wagtda döwrebap dünýäniň köpçülikleýin habar beriş serişdeleriniň bazary dürli ugurlar babatynda düýpgöter şahalandyrylan. Her bir ýurtda gündelik neşirýat, radio, telewideniýe giňden ýaýbaňlandyrylýar. 1986-njy ýylda çap edilen „Зарубежная печать" atly sorag-jogap kitapçasynda 204 döwletiň 3840 sany gazet-žurnallarynyň sanawy görkezilipdir. Şeýle hem bu kitapçadan 300 we ondan köp (XVI asyrdan bäri) ýyllaryň dowamynda çap edilýän gazet-weteranlary aňsatlyk bilen tapyp bolýar. Emma olaryň bary-ýogy 32 sanysy galypdyr, bu bolsa dünýä žurnalistikasyriýň neneňsi çylşyrymlylygy babatynda aýdyň şaýatlyk edýär. Şoi sanda Wanuatu, Tonga, Papua-Täze Gwineýa ýaly ýurtlarda gündelik gazetleriň ýokdygy bellenilipdir. Ondan bäri 15 ýyl çemesi geçdi, elbetde, dünýäde kop zat üýtgedi, ýone weli henize çenli habar beriş serişdeleriniň täsiri dürli ýurtlarda dürlüligine galdy. „Mond" gazetiniň habar bermegine gorä, 1996-njy ýylda 1000 sanyň adamyň paýyna Şwesiýada gazetiň 600 sany ekzemplýary, Ýaponiýada-567, Finlýandiýada-464, Şwesariýada-365, Singapurda-345, ABŞ-ynda-225 (15-nji ýer), Fransiýada-156 (22-nji ýer), gündelik gazetleri satmakda Ýaponiýa ilkinji orny eýeleýärdi, ýagny 72 mln. ekzemplýar, ondan soň Russiýa-30 min., Germaniýa-25,4, Hindistan-23,8, Beýik Britaniýa-18,3, Fransiýa-8,9, Braziliýa-6,5, Italiýa-6,2 mln ekzemlýar.

Günbatarda XVI-XVIII asyrlarda neşirýat üç sany esasy gornüşde ýaýbaňlandyrylyp başlanypdyr, ýagny olar: hepdelik, gündelik gazet, žurnal. XIX asyrda žurnalistikanyň taryhynda habar beriş serişdeleriniň çäginde bolünişikler (kopçülikleýin we ýokary hilli) başlanýar, mahabatyň täsiri artýar, gazet-žurnallarynyň industrializasiýasy bilen bagly işler amala aşyrylyp, şeýle hem Günbatar Ýewropanyň we ABŞ-nyň

ýurtlarynda žurnalistika telekeçilige ugrukdyrylýar, habar gulluklary doreýär we halkara bazaryna çykarylýar, radio, telewizor, telefon, fotoaparat.ýaly enjamlara bolan kopçülikleýin isleg kommunikasion tehnologiýanyň osmegine ýardam berýär. XX asyrda žurnalistikanyň ykbalynda has uly ozgerişikleri geçirýär: radio-telewideniýanyň dorediimegi, kompýuterleriň ulanylyp başlanmagy, habar-kommunikasiýa işleriniň çuňlaşdyrylmagy, milli monopoliýalaryň we massmediýa ulgamynda transmilli korporasiýalaryň doredilmegi, ş.m.

Elbetde, daşary ýurtlaryň dowrebap žurnalistikasynda ençeme problemalara duş gelip bolar. Olaryň taryhyny owrenmek bilen bu problernalara düşünmek mümkinçiligi artýar.

## Ýewropada žurnalistikanyň döreýşi

Hytaý kitap çap etmegiň Wataany hasaplanylýar. Bu ýerde 1040-1048-nji ýyllarda Pi Şen atly demir ussasy çap etmegiň özboluşly ýygymyny ulanypdyr. Ol laýdan ieroglifleri taýýarlap, otda bişiripdir we tekstleri düzüp demir plastinkanyň üstünde smola (şepbik) bilen berkidipdir.Ýöne laýdan ýasdalan literler tiz zaýalanypdyr we çap edilende kagyzyň ýüzünde gowy yz galdyrmandyr.

Hytaý hatlary çylşyrymly, şeýle-de köp iergliflerden ybarat bolansoň, bu ususl giň ýaýrawa eýe bolmandyr. Sebäbi kitap çap etmegiň bu oňaýsyz usuly çap edijileri kanagatlandyrmandyr. 1392-nji ýylda Koreýler mis literleri taýýarlamak bilen uly üstsnlikler gazanypdyrlar. Imperator Taý Tzung mis literleri oýlanyp tapylandan ylaýyk 11 ýyl soň, ýagny, 1403-nji ýylda halkyň sowatlylygyny ýokarlandyrmak maksady bilen, şeýle literleriň kömegi bilen koreý kitaplaryny çap etmekligi hököm edipdir.

Ýewropada kitap taryhy XV asyrdan başlanýar. Bu ýerde ilkkinji çap edilen kitaplar az sowatly okyjylar üçin niýetlenen sada şekillendyrmelerden we uly bolmadyk düşündirilişlerden durýan kitaplardyr. Olar “Garyplaryň Bibliýasy”, “Adamzady halas etmegiň aýnasy”, “Ölmegiň medeniýeti” ýaly kitaplar bolup, bular bitewi tagta ýazylypdyr. Bu kitaplara uly isleg bildirilipdir. Giňden ýaýrap ugran bu kitaplara isleg bildirýänleriň hemmesine ýeterlik derejede köp tiražly çap edip bolmandyr. Agaja ýazylan kitaplar bolsa, basym könelipdir. Şeýle-de bolsa, kitap neşir etmekligiň bu görnüşi 1530-njy ýyla çenli ulanylypdyr.

Aýratyn sahypalardan ýygnalan kitaplary neşir etmegi oýlap tapan nemes neşir edijisi Maýns şäherinden bolan Logann Gutenbergdir. Maýnsly ilkinji kitap neşir edijiniň hakyky familiýasy Gensflaýaýş, ýöne ol ejesiniň familiýasyny

götermegi özüne hormat bilipdir. Ol ömrüniň köp bölegini Stasburgda geçiripdir, ol ýerde ýarym gymmat daşlary we aýnalary bezemek bilen meşgul bolupdyr. Ýöne kitap neşiriniň taryhyny öwrenijileriň pikirine görä, aýna bölekleriniň klisilografiki usul üçin ulanylan bolmagy hem mümkin diýilip çaklanylýar. Gutenberg Srasburgda ýaşaýan döwründe neşir etmekligiň täze usulyny ulanypdyr.

Gutenberg 1448-nji ýylda Maýnsa göçüp gelýär we 150 guly karz alyp, liter ýygymynyň guýma görnüşini, çap ediji stanogy taýýarlamaga girişýär. Guýma liter bilen çap etmeklige başlanan ýyl (1445-1447) jedelli bolup galýar. Iogann Gutenburg ilki bada listowkalary, kalendarlary, okuw kitaplaryny çap edip başlaýar. Ýöne bu çap edilen kitaplarda Gutenburgyň ady kitaplaryň haýsy ýylda we haýsy ýerde çap edilendigi ýazylmandyr.

Gutenburgyň neşirleriniň biri listiň iki ýüzüne çap edilen "Gorkunç sud hakynda fragment" bolup, onuň ýanynda Eliý Donatyň latyn grammatikasynda ýazylan "Swillin kitabyndan" bir parça bar ( bu ýeke-täk ekzemplýar Pariž kitaphanasynda saklanylýar). Umuman alanyňda, ilkinji neşirleriň hili pes bolup, Gutengurg şriftiň öz laýyk modelini gözläpdir we teksti ýygmakda birnäçe gezek synag geçiripdir.

Gutenburgyň iň belli neşirleriniň biri 42-setirli diýip atlandyrylan Bibliýady. Bu kitabyň şeýle atlandyrylmagy kitabyň sahypalary kyrk iki setieden ybarat bolupdyr. Bu kitabyň peýda bolmagy kitap işiniň taryhynda iň uly dawa bilen hem baglydyr. 1450-nji ýylda Iogann Gutenburg Iogann Fustdan örän köp möçberde pul karz alyp, özüniň belli neşiri bolan, ady agzalan Bibliýasyny çap etmäge girişýär. Çap ediji enjamlary gurnamak we şrifleri guýmak işi köp wagt talap edipdir. Şeýlelik-de, Gutenburg 1452-nji ýylda Fusry özüniň neşir işine şärikdeş etmek şerti bilen , ýene-de onuň ýanyna maliýe kömegini sorap barýar.

1452-nji ýylda kitap neşiriniň ajaýyp nusgasy bolan iki jiltden (tom) ybarat 42-setirli Bibliýa çap edilýär Bu kitap Gutenberge bergisini üzmek bilen bagly köp ejir , muşakgat getirýär. “ Fust Gutenbergiň garşysyna” diýen sudda Gutenbergiň şägirdi, öňki kitap kätibi bolan Petter Şeffer Fustyň tarapynda durup Gutenberge garşy çykypdyr. Netijede Gutenberg özüniň tipografiýasy bilen aýrylyşyp, Maýnsdan çykyp gitmäge mejbur bolupdyr.

Fustyň we Şefferiň bilelikdäki tipografiýa kärhanasy, kitaplaryny anonim çap eden Gutenbergden tapawutlylykda, ilkinji gezek 1457-nji ýylda “Maýçns Psaltyry” neşir belgisi bilen çap edip başlapdyr. Peter Şeffer ussat şriftrçi-hudožnikleriň biri bolmak bilen , Fustyň gyzyna öýlenip, tipografiýanyň ýeke-täk eýesi bolupdyr we neşir önümleriniň hiliniň gowulygy bilen şöhrat gazanypdyr.

1462-nji ýylda Adolf fon Nassau tarapyndan Maýns şäheriniň weýran edilmegi, ilatyň sürgün edilmegi kitap neşiriniň Ýewropada ýaýramagynyň özboluşly badalgasy bolupdyr. Gutenbergiň birnäçe şägirtleri we okuwçylary Ýewropanyň şäherlerine aýlanyp, şol ýerde tipografiýalary döredipdirler hwm-de kitap neşiriniň ussatlygyny öwrenip, ilkinji neşirçileri taýýarlapdyrlar..

Heniz Maýns zabt edilmänkä-de, Strasburgda kitap neşiri peýda bolupdyr. Bu ýerde 1460-1461-nji ýyllarda Iogann Mentelin iki jiltden ybarat, latyn dilindäki Bibliýany çap edipdir. 1466-njy ýylda bolsa, 49-setirli Bibliýany neşir edipdir. Bu kitap nemes dilindäki ilkinji Bibliýa bolmak bilen, terjimesiniň gowşakdygyna garamazdan, Iuter Bibliýasyna çenli elden düşürilmändir. Menteliniň giýewisi Adolf Ruş Germaniýada ilkinji bolup “Antiwka şriftini girizipdir, şeýle-de tipografiýa işi bilen meşgullanyp, nemes gumanizminiň edermenleriniň biri bolup ýetişipdir.

Italiýada ilkinji çap ediji stanok nemes neşir edijileri Konrada Swengeýmiň we Arnold Pannarsyň tagallasy bilen 1465-nji ýylda Rimiň etegindäki Subiokada mukaddes Sholastik benedektin ybadathanasynda gurnalypdyr. Hut şu neşir edijiler hem, Italiýa kitap neşiriniň şrift esasyny emele getiren ilkinji antiwkany döredipdirler. Material böleklerine garamazdan, Pannars we Swengeým 1472-nji ýyla çenli 36 sany kitaby çap etmegi başarypdyrlar. Tiz wagtdan Rimiň özünde-de, nemes tipografiýaçysy Ulrih Ganyň işlemeginde kitap neşir edilip başlanýar. Rimde çap edilen bu kitap Italiýada ilkinji Grawiýura Ilýustrassiýaly kitap hasaplanýar. Munuň yzysüre Wenesiýada, Milanda, Neapolda, Florensiýada hem neşirýatlar döredilýär.

Eger-de Guttenbergiň çap ediji stanogy peýda bolýança Ýewropada 30.000 sany kitap bolan bolsa, bu san 1500-nji ýylda 9-milliona golaýlaýar. Netijede buthana derejeli adamlardan beýleki adamlara-da sowatly bolmaklyk nesip edipdir. Neşiriň ýaýramagy köpçülikleýin habar bermegiň we jemgyýetiň esasy habar çeşmesi bolupdyr. Adamlaryň arasynda “ tipografiýa we senagat adamlary” diýen aýratynlyklar emele gelipdir. Marşal Maklyueniň pikiriçe , kitap neşiri magaryf zamanasynda we ylym rewolýusiýasynda jemgyýetiň habarlary kabul edişine , milli diliň we döwlet diliniň ösmegine we formirlenmegine, senagat rewolýusiýasyna hem-de senagatlaşdyrylmaga oňyn täsir edipdir. Şeýle bolsa-da döwürleýin neşirýat peýda bolýança bir ýarym asyra golaý wagt gerek boldy. Ýogsa habarlara bildirilýän isleg hem ýokarydy, ilkinji gazetler elde ýazylypdyr, bi ýagdaý XVI ýüzýyllygyň bütin dowamynda XVII asyrda hem köp ýerlerde dowam edipdir.

XVI asyryň ahyrlarynda XVII asyryň başlarynda Ýewropada ykdysady we syýasy ýagdaýyň çylşyrymlaşyp başlamagy bilen Ýewropa ýurtlarynyň arasyndaky söwda we medeni

gatnaşyklary gowulandyrmak üçin habar çalşygynyň täze ulgamyny döretmeginiň zerurlygy ýüze çykýar. Deňiz we guryýer kommunikasiýalarynyň düzgünleşdirilmegi, derýa ulgamlarynyň işjeň ulanylmagy, kanallaryň gurulmagy, bir ülkeden beýleki ülkä habarlary tiz ýetirmäge ýardam beripdir. XVI-XVII asyrlarda Ýewropanyň birnäçe ýurtlarynda habar çalşygyny tizleşdirýän döwlet poçta gulluklary peýda bolupdyr. Habarlary tiz ýaýratmagyň halk hojalygynda zerur bolşy ýaly, syýasy ulgamda hem zerurlyk bolansoň, XVI asyryň ahyrynda uly söwda we syýasy merkezlerde ýarmarkalaň geçirilýändigi hakynda bahalaň tertibi bilen tanyşdyryşlar, poçta harytlarynyň gelmegini habar berýän, ilatyň "habar teşneligini" gandyrýan listowkalar we elýazma gazetler ýaýradylyp başlanypdyr. Gazetleriň esasyny goýujy XVI asyryň ikinji ýarymynda Ýewropada iri ykdysady we maliýe merkezi bolan Wenesiýada dörän elýazma gazetleridir. "Gazet" sözi Ýewropa dilinde gadymy wenwsiýa pul birligi bolan "gazetta" sözünden geçipdir. Okyjylar habarlary okamak üçin satyn alýan kagyzlaryna gazetta töläpdirler. Wenesiýa gazetleri iki eolenen kagyz bolup, onuň dört tarapyna-da el bilen hat ýazylypdyr. Gazetde berilýän habarlaryň kim tarapyndan ýazylandygy ýazylmandyr we ol habarlar dürli ugurlar boýunça bolupdyr. Italiýanyň içinde bolýan wakalar we başga ýerlerden gelen habarlar hem ýerleşdirlipdir. Gysga habarlar ( bular esasan harby we syýasy habarlar bolupdyr) aýratyn salgylar bilen şäheriň atlaryny, wakanyň bolan wagtyny görkezip tapawutlandyrypdyrlar. Wenesiýanyň elýazma gazetleri şol döwürde halk arasynda "awizzi" diýip atlandyrylypdyr. Awizzi—italian sözi bolup, habar diýen manyny beripdir. Bu gazetleriň bize gelip ýeten iň ilkinji sany 1566-njy ýyla degişlidir. Elýazma gazetiň neşir edilişi hepdelik bolupdyr. Wenesiýanyň awwizilerini döreden ilkinji žurnalistler hakynda hiç hili maglumat saklanyp galmandyr. Wenesiýada täzelikleri

professional ýygnaýanlaryň ýörite sehiniň bolanlygy barada maglumat bar. Olary awwiziatorlar diýip atlandyrypdyrlar, bu bolsa italiança habarçy diýmegi aňladypdyr. Ýöne XVI asyry[ ahyrlarynda XVII asyryň başlarynda bu iş abraýly iş hasaplanypdyr. Wenesiýanyň elýazma gazetleri Italiýanyň içinde we Ýewropada gezmek bilen Germaniýada hem deň derejede şeýle neşirýatlaryň döremegine getiripdir. Italiýanyň bu tejribesi ilkinjileriň hatarynda Augsburgdaky bankirleriň öýi bolan Fuggerleriň öýünde ulanylypdyr. Fuggerleriň maliýe imperiýasyna  köp ýurtlarda gyzyklanma bildiripdirler we Ýewropanyň uly söwda çatrygynda ýerleşip, ýewropaly monarhlaryň köpüsine karz beripdirler, söwdegärler habarlary, täzelikleri ýygnamak bilen Fuggerler üçin syýasy we umumy häsiýetli täzeliklerigetiripdirler. Bu habarlar tertipli ýerleşdirilipdir “Fuggerzeitungen” öýünde, ýagny Fuggerleriň öýünde çap edilen gazetler 1568-nji we 1605-nji ýyllar aralygynda Ýewropada hereket edipdir. Fuggerleriň elýazma gazetleri erkin satuwda bolman, diňe Fuggerleriň maşgalasyna agza bolan belli-belli okyjylara hem-de bankirler öýüniň müşderilerine  paýlanypdyr. Gazetiň esasy sypatlarynyň biri erkin görnüşde bolmalydygy sebäpli, Fuggerleriň gazetlerine Ýewropadaky ilkinji gazet diýip hasap etmäge esas bermeýär, şeýle bolsa-da bu öňegidişligiň uzak wagtlap dowam etmeginiň özü-de üns bererlikdir.

XVI asyryň ahyrlarynda XVII başlarynda elýäzma gazetlerinde başga-daneşir pamfletleri, täzelikler kitaby”, “täzelik listowkalary””relýasiýa””taryh” täzelikler balladasy”-uly bolmadyk formaydaky, uly bolmadyk möçberdäki neşir broşýuralary ýurduň içindäki we daşyndaky wakalara operatiw seslenmek bilen köp babatda ilkinji gazeti ýadyňa salýar. “Taryh” satyjynyň keşbi Pýetro Aretinonyň 1534-nji ýylda ýazan “ La Gortina” (“ Köşkdäki däp-dessurlar” ýa-da “ köşkdäki durmuş”) pýesasynda gabat gelýär. Onaltynjy

ýüzýyllygyň otuzynjy ýyllarynda wakalaryň sanawy; Wengriýanyň ähli ýeri diýen ýaly türkler tarapynda basylyp alynmagy, 1527-nji ýylyň maýynda Rimiň ispanlar tarapyndan tozdurylmagy, geljekki bütindünýä (Wselenskiý sobor) ýygnak, Genrih XIII tarapyndan başlanan Angliýadaky ybadathana reformasy, 1529-njy ýylda şazada Oranskiý tarapyndan Florensiýanyň gabawa alynmagy. Görnüşi ýaly, sanawdaky habarlar operatiwligi bilen biri-biri bilen tapawutlanmaýar. Köp meňzeşligine garamazdan, bu broşýuralar ilkinji gazetden üç zatda tapawutlanýar. 1. Şeýle neşirler adatça diňe bir zada bagyşlanypdyr. 2. Bu neşirler döwürleýin bolmandyr. 3. Köplenç illýustrasiýa bilen çap edilipdir.Täzelikleri kitaby gazetleriň peýda bolmagy bilenýitip gitmän, XVII asyryň bütin dowamynda saklanypdyr.

Ýewropada döwürleýin neşirleriň döredilen ýyly 1609-njy ýyl hasaplanylýar (ýöne köp alymlar 1605-nji ýyl diýip hem hasaoplaýarlar) onuň dörän ýeri Germaniýa . “Relation ..Aller Furnemmen” sözler bilen başlaýan gazet 1609-njy ýylyň ýanwarynda Strasburgda çap edilipdir we bu gazetde Kelnden, Antwepenadan, Rimden, Wenesiýadan we Pragadan tipografçy, öň elýazma gazeti ýazmak bilen meşgullanan Iogann Korolýus bolupdyr. Şol ýyl 1609-njy ýylda Augsburgda „Awisa Relation oder Zeitung“ gazeti döredilipdir. Bu gazeti Luka Şulte çap edipdir. Nemes neşirine aralaşan „Awwiso“ sözi ilkinji nemes gazetiniň wenesiýa şekilleri bilen düýp baglanyşygynyň bardygyna şaýatlyk edýär. Nemes meşirleriniň formaty we täzelikleriň ýerleşdirilişi-de wenesiýa awwisilerine meňzeýär. Ilkinji çap edilen gazetleriň takyk ady bolmandyr. Neşir edilen ýeri we redaktor –çap edijiniň familiýasy görkezilmändir. Täzlikler ýerleşdirilende, wajyplyga görä däl-de, gelip gowşan wagtyna, senesine görä ýerleşdirilipdir. Täzelikleriň hiç biriniň düşündirişi, rubrika aslynda berilmändir. 1609-njy ýyldan başlap hepdelik döwürleýin

neşirler tutuş Ýewropada giňden ýaýrap ugraýar. 1610-njy ýylda Bazelde „Ordinari Wohenzeitung“ hepdelik neşiri, 1915-nji ýylda Maýn boýundaky Franfurt we Wena şäherlerinde hem döwürleýin neşirler ýola goýlupdyr. 1616-njy ýylda gazet Gamburgda peýda bolýar, 1917-nji ýylda Berlinde, 1618-nji ýylda Amsterdamda, 1620-nji ýylda Atwegrepde, Magdeburgda, Rostokda, Kelnde peýda bolýar. Keln barada aýdylanda, bu şäherde 1588-nji ýyldan başlap, Mihel Fon Aýtsing ýylda iki gezek, her ýarym ýylyň syýasy we harby wakalaryny „Relatio Historika“ (Taryhy habarçy) ady bilen neşir edipdir we güýzde, ýazda Frankfurtyň kitap ýarmarkasynda satypdyr. 1594-nji ýylda Kelnde ýene-de bir neşir peýda bolýar. Bu neşir geçen ýarym ýyldaky wakalary beripdir. „Merkurius Gallo Belgikus“ (Gallo-Belgiýa Merkurisi) neşiri latyn dilinde bolup. Germaniýadan alyslara-da ýetipdir. 1630-njy ýylda hepdelik gazetler Ýewropanyň 30 şäherinde peýda bolupdyr. Döwürleýin neşirleriň giň möçberde ýaýrap başlamagy netijesinde hünärmenleriň we taryhçylaryň anyklamagyna görä, 1609-1700-nji ýyllar aralygynda diňe Germaniýanyň özünde 200 gazetiň hereket edendigi mälim edildi. Çap önümleriniň gazet görnüşine bolan isleg artypdyr. Ilkinji çap edilen gazetler döwlet gözegçiliginde bolup, senzuranyň berk düzgün-kadasynda saklanypdyr. Çaphanalaryň açylmagynyň yzysüre, senzura institutlarynyň döredilmeginiň esasy sebäbi-de , häkimýet halkyň aňyny garjaşdyrjak ideýalaryň, habarlaryň we maglumatlaryň gazet üsti bilen köpçülige ýaýradylmagyndan ätiýaç edipdir. Ispaniýada eýýäm 1502-nji ýylda ähli neşir önümleriniň çap edilmezinden öň gözden geçiriş senzurasyndan geçirilmegi hakynda ýörite kanun kabul edilipdir. Neşirleriň senzurasyna gözegçilik etmek häkimýet we buthana düzümine degişli adamlara ynanylypdyr. 1559-njy ýylda katolik buthanasynyň täsiri Rimde-de ýüze çykypdyr. Watikan tarapyndan taýýarlanyp, ähli katolik

dünýäsine niýetlenen „Gadagan edilen kitaplaryň salgysyna“ atly kitapda diňe bir neşir edilmegi gadagan kitaplar dälde, eýsem okalmagy we saklanylmagy gadagan edilen kitaplar barada hem ýazylypdyr. Jon Milton özüniň meşhur „Ageopagitikasynda“ Rim papasynyň senzurany ýöne ýerden kyýamatyň „Syrly mahlugyna“ deňän däldir. Senzura çäklendirmeleriniň täsiri bilen Angliýada we Fransiýada gazet neşirleri has giç ýola goýlupdyr. Angliýada 1538-nji ýylda kabul edilen kanuna laýyklykda her bir tipografçy öz döredijilik işi üçi korollygyň patentini almaly edilipdir. Tipografçylaryň seh guramalarynyň neşirlerinden başga-da sehiň işgärleri-de gözegçilikde saklanypdyr. Senzuranyň alyp barýan işini 16-17-nji asyrlarda metbugat neşirleriniň komitetiniň işini alyp baran Angliýada korolyň Gizlin maslahaty tarapyndan Ýyldyzlar palatasynda kesgitlenipdir.

# Ýewropada çap edilen ilkinji žurnallar

Ýewropada ilkinji çap edilen žurnalyň ady „Журнал учёных’’(Alymlar žurnaly) diýip atlandyrylypdyr.1865-1828 ýyllar aralygynda neşir edilýär.Bu žurnaly Fransiýanyň maliýe ministiri Žan-Batust Kolberiň tagallasy bilen neşir edilipdir.Kolber şeýle neşiri göz öňünde tutupdyr, ýagny, ylmy şeýle hem edebiýat meselelerini gozgap biljek neşir bolmagyny isläpdir.„Журнал учёных’’ Pariž şäherinde 1665-nji ýylyň ýanwar aýynda ilkinji gezek neşir edilipdir.Žurnalyň redaktorlygyna mežlisiň geňeşçisi Den Sallo çagyrylýar.Bu neşir başda hepde-de bir gezek, soňra iki hepde-de bir gezek çap edilýär.Onuň möçberi 12 sahypadan ybarat bolupdyr.Bu neşir Den Sallonyň tagallasy bilen ylmy gatnaşyklar, habarlaryň alyş-çalşygy meselesinde möhüm orun eýeleýär.Žurnalda neşir edilýän, gozgalýan meseleler jedelli pikirleriň döremegine getiripdir.Bu žurnalyň neşir işlerinde Den Sallodan başga-da Fransuz medenýetiniň görnükli işgärleri Naran Zeroý Gomwerwil we Žan Wapler dagy kömek edipdirler.1 ýyldan soň neşir işi grek dilleri boýunça professor Žan Tallýusyň eline geçýär we 1676-bjy ýyla çenli žurnalyň redaktory Žan Tallýus bolýar.

1650-nji ýylda „Журнал учёных’’ žurnaly çap edilenden birnäçe wagt soň Angiliýada „Философские труда Королевского общества’’ (Korol jemgyýetiniň pelsepewi zähmeti) atly žurnal Tepri Oldenbergiň redaksiýasy bilen neşir edilýär.Bu žurnal Londonyň patyşa jemgyýetiniň resmi organy bolýar, aýda bir gezek çykýar.Bu žurnal barada bir zady bellemek gerek, ýagny, şu žurnalda on sany makala çap edilen bolsa şonuň üçüsi „Журнал учёных’’ žurnalyndan alnypdyr.

1668-nji ýylda Rimde ilkinji italiýan žurnaly peýda bolýar, neşiriň ady

„Журнал литератов’’ (Edebiýatçylar žurnaly).Bu žurnal onuň redaktory Françesko Nadzari tarapyndan döredilen, bu žurnal hem „Журнал учёных’’ neşiriniň mysalynda çap edilýär.Žurnalyň makalalary edebiýaty öwreniş, dil öwreniş pelsepewi häsiýetdäki materiallardan ybarat bolupdyr.Bu žurnal 1679-njy ýyla çenli çap edilýär.

1862-nji ýylda Leýpsik şäherinde professor Otto Lenke latin dilindäki„ Записки учёных’’ diýilen žurnaly çap edip başlaýar.Bu neşir özüniň gyzykly we täsirli materiallary bilen gaty basym belli bolýar, neşir 1731-nji ýyla çenli çap edilýär.1688-nji ýylda emigrant Žan Leklerk Amsterdamda „Всеобшая историческая библиотека’’ (ähli umumy taryhy kitaphana) atly neşiri çap edip başlaýar.Bu žurnalyň ilkinji nomerinde Žan Lokkuň „Опыт о человеческом разуме’’(adam aňy hakyndaky tejribe)’’ diýen makalasy bilen tiz şöhratlanýar.Bary-ýogy bäş ýyl neşir edilen, Fransiýada edebi tankydy mazmunly neşir bolan „Галантный меркурий’’ atly žurnal 1672-nji ýylda peýda bolýar.Patyşanyň dini garaýyşlaryny beýan edýän Žan Donno Bize şu žurnalyň üsti bilen tanalýar.Žurnal başda yzygiderli neşir edilmeýär.Žan Donnyň tagallasy bilen „Галантный меркурий’’ žurnaly 1677-nji ýyldan başlap aýda bir gezek çykyp başlaýar.1699-njy ýylda „Галантный меркурий’’ žurnalynda Şarl Perronyň „Спяшая красавица’’ (ukuda ýatan gözel) atly anonimnyý ertekisi peýda bolýar.Ýöne Perro öz adynyň pes ýazylan žanryň üsti bilen tanalmagyny islemändir.Soňra žurnal Şarl Dýufreniň eline geçýär.Dýufren-dramaturg, şahyr sazanda, suratkeş, žurnalist hem-de söwdegär bolupdyr.Dýufren „Серезные и комические развлечения Сиямса’’(Siýamyslynyň güllküli we gelşiksiz başdan geçirmeleri) atly eseri bilen şöhratlanýar.Dýufreniň gahrymany Ýewropanyň durmuşy bilen düýbünden nätanyş, mydama gküli we gelşiksiz ýagdaýa gabat gelýär şeýle hem

öz okyjysyny Ýewropanyň gündelik durmuşy bilen tanyşdyrýar.
XVIII-nji asyryň başlanmagy bilen Ýewropa döwletleri täze ykdysady ösüşlere, syýasy ideologiýa tarap aýgytly ädim ätleýär, jemgyýetçilik gatlaklar üýtgeýär, dini durmuş prinsipleri hukuk prinsipleri bilen çalşylýar.Adamyň tebigy hukuklary we demokratiýa düşünjeleri peýda bolýar. XVIII-nji asyr gan döküşikli rewolýusiýon uruşlaryň we garaşsyzlyk ugrundaky göreşleriň asyryna öwrülýär.Sosial-ykdysady we syýasy ösüşler gös-göni jemgyýetiň ruhy düşünjesiniň ösmegi bilen baglanyşykly, syýasatçylygyň halkara kitap söwdasynyň, şeýle hem terjimeçilik işiniň ösmegi täze ideýalaryň ýüze çykmagyna we tiz ýaýramagyna alyp barýardy.

XVIII-nji asyryň başlarynda „žurnal sözüne täze neşir edilen ýa-da gaýtadan neşir edilen kitaplar barada, ylymdaky täze açyşlar, umuman edebiýatçylar dünýäsinde her günde bolup durýan zatlar barada ýazýan döwürleýin düzme manysynda düşünilýärdi.Ylymyň ösüşi žurnalyň döreýiş döwri bilen gabat gelýär, bu gabat gelmäniň hem öz kanunalaýyklary bardy, sebäbi bu döwür filosoflaryň, ýazyjylaryň, metbugat sözüniň, jemgyýetçilik pikiriniň kemala geliş we ösüş döwri diýilip atlandyrylýar.Şahsy žurnalizmiň ösen döwri diýip hem hasap edilýär.Her bir döwürleýin neşir neşiriň redaktorynyň ýa-da onuň döreden neşiriniň ösüşiniň şahsy syýasy pikirini wagz edýärdi.

Ýazyjylar, filosoflar hem özleriniň şahsy pikirini žurnalyň üsti bilen wagz etmek, beýan maksady bilen žurnallarda yzygiderli çykyş edipdirler.Şeýlelikde, žurnallar täze ylmy garaýyşlary, ideýalary giň okyjylar köpçüligine ýetirmekde esasy aragatnaşyk ýollaryna öwrülipdir.

## ABŞ-nyň we Günbatar Ýewropanyň döwürleýin neşirleri

XIX asyryň ahyrynda  X X asyryň başynda sosialistik institut hökmündäki žurnalistikanyň 300 ýyllyk taryhynda döwürleýin neşirler sözüň doly manysynda köpçülikleýin auditorlary eýeledi. Şunlukda döwürleýin neşirler köpçülikleýin habar beriş serişdelerine öwrüldi. Beýle ýagdaý industrial rewolýusiýanyň we bazar gatnaşyklarynyň ösmegi bilen ýüze çykýan ýagdaýlaryň toplumynyň täsiri astynda mümkin boldy. Ykdysady we sosial faktorlar köpçülikleýin maşyn önümçilik we harytlaryň ýerleşişini we sarp edilişini giňeltmegiň netijesinde mümkin boldy. Maşynlaryň ulanylmagy diňe bir industrial önümçiligiň zähmet öndürijiligini birden artdyrmaga kömek etmän, eýsem, bazara gelip düşýän harytlaryň möçberini we dürlüligini köp esse artdyrmaga mümkinçilik berdi. X X asyrda industrializasiýany başdan geçirýän ýurtlarda ilatyň girdejisi artyp, töleg talaby ýokarlandy. „Aşaky synplaryň“ öz gazanýan serişdeleriniň bir bölegini güýmenjeli şüweleňlere we ruhy talaplaryna harçlamaga mümkinçilik peýda boldy. Iş gününiň gysgaldylmagy bolsa, munuň üçin boş wagtyň köpelmegine getirdi..      X X asyryň öň ýanyndaky 30 ýylyň dowamynda Günbatar Ýewropanyň we ABŞ-nyň ösen ýurtlarynda iş gününiň ýyl dowamlylygy ortaça 250-300 sagada kemelýär, ikinji Jahan urşunyň öň ýanynda bolsa ol 1870-nji ýyldakysy bilen deňeşdireniňde 600-1000 sagat azdy. Şeýlelik bilen şol döwürler ilatyň agramly bölegi bolup duran jemgyýetiň pes gatlaklarynyň hasabyna neşirleriň auditoriýasynyň düýpli ösmegi üçin esas döreýär.

ABŞ-nyň we Günbatar Ýewropa ýurtlarynyň industrial talaplaryna baglylykda köpçülileýin sowatsyzlygy ýeňip geçmäge maşynlary ulanmak bilen zähmet şertlerinde uýgunlaşan işçi güýjüni emele getirmäge ýardam berýän

hökmany başlangyç –bilim ornaşdyrylýar. Mysal üçin, 1870-nji ýylda Angliýada mekdep okuwy hakynda degişly kanun kabul edilýär. Köpçülikleýin sowatsyzlygyň ýeňip geçilmegi bilen öňler ilatyň neşirleriň täsirini görmedik gatlaklaryna gönükdirilen köp tiražly döwürleýin neşirleri çykarmak üçin şertleriň döremegine getirýär.

Işçileriň profsoýuzlara we beýleki jemgyýetçilik birleşiklerine gatbaşygynyň ösmegi sosialistik hereketiň ýüze çykmagy gündelik syýasy ýagdaýlara, döwürleýin neşirleriň mazmynyna bolan gyzyklanmany höweslendirýär.

Raýatlaryň demokratik hukuklary ugrundaky göreş şol döwrüň has ösen ýurtlaryndakyählumumy saýlaw hukugynyň jar edilmegine getirýär(köplenç ilatyň diňe erkekler toparyna dahylly bolan). Saýlawyň netijelerine gönüden-göni täsir edip biljek köpçülikleýin elektorat emele gelýär. Munuň özi syýasy we ykdysady elitanyň elektoratyň täze gatlaklarynyň özüni alyp barşyna neşirleriň üsti bilen täsir etmäge bolan gyzyklanmasyny ýokarlandyrdy.

**Täjirçilik reklamalaryň döwürleýin neşirlere täsiri.** Umumymilli bazarlaryň emele gelýän şertlerinde reklamanyň harytlary we hyzmatlary herekete getiriji serişde hökmündäki orny düýpli ösýär. Köpçülikleýin industrial ösüşiň birden öňe gitmegi, önümçilik we söwda firmalarynyň bazar bäsdeşligi XIX asyryň ikinji ýarymynda reklama biznesiniň güýçli ösmegine getirýär. Reklama berijiler reklama bildirişleriniň köpçülikleýin auditoriýayna haryt we haryt sarp edijiler hökmünde garaýardylar. Asyryň soňky çärýeginde neşirlere gelip düşýän reklama bildirişleriniň akymy göz-görtele artýar. Bary-ýogy bir on ýyllygyň dowamynda ABŞ-nyň žurnallarynda çap edilýän reklamalaryň möçberi 200-300 % artýar. Döwürleýin neşirleriň reklamadan alýan girdeýjisi hem ep-esli artýar. Eger-de, 1880-nji ýyllarda gazeti neşir edijileriň girdejisiniň ýarpysy titažy satmakdan gelip düşýän serişdeleriň

65%-ini düzýärdi. Şeýlelik bilen , täjirçilik reklamasy gireýjiniň esasy çeşmesine öwrülýär.

Reklamadan gelýän girdeýjiniň göz-görtele köpelmegi iri neşirleri(esasan hem uly şäherlerdäki gündelik gazetler) ýokary girdeýjili neşir ediji kärhanalara öwürdi. Olary neşir edijiler şol döwrüň uly emlägine eýe boldular: J.Pulitseriň 18mln-dan gowrak, E.Skripsiň bolsa 50 mln-dan gowrak baýlygy bardy. Öňler gazet işi girdejisi pes we bataýma howply iş hasap edilýän bolsa, indi ol işewür adamlar üçin dörän gyzykly iş boldy.

Işi has oňuna bolan gazetler çykdaýjysy mln-dan agýan we köp syýasy işgärleri , ýurduň içinde we ondan daşarda ençeme habarçy seti bolan äpet toplumlara öwrülýär. Olardan käbirleriniň çaphana tehnikasyny şriftleri we ş.m öndürýän hususy önümçilik kuwwatlyklary bardy. Köp ýyllaryň dowamynda Londonyň „The Times“ gazeti özüne zerur enjamlar, çaphana şriftleri we materiallar (gazet kagyzyndan başga) bilen öz-özüni üpjün edýärdi.

**Žurnalistikanyň ösüşine çaphana progresiniň täsiri.** Ýokary öndürijilikli çaphana enjamlarynyň , linotipleriň we beýleki çaphana täzelikleriniň ýaýramagy bilen gazet sahypalaryny taýýarlamagyň depgini ýokarlanýar. Reklama serişdeleriniň köpelmegi ulaldylan göwrümli gazetleri çykarmaga mümkinçilik berýär. 100 ýyl mundan ozal adatça dört zolakly bolandygyna garamazdan , XX asyryň başynda Amerikanyň gazetleriniň aýry-aýry sany ýüz sahypalyk göwrüme çenli ulalypdyr. Şol döwürde iri iňlis gazeti 24 zolakdan ybarat çykýardy.

Döwürleýin neşirleriň tiražlary düýpli köpelýär. Asyrlaryň sepgidinde uly gazetler 100 müň nusgalyk tiražlar bilen ýaýradylýar. Ösen çaphana mümkinçilikleri gazetdir-žurnallaryň öň görlüp-eşidilmedik mukdaryny çap etmäge hakaykatdan köpçülikleýin auditoriýanyň ünsüni çekmäge

mümkinçilik berýär. Mysal üçin, Fransiýada gündelik gazetleriň sany 28 bolanlygyndan XX asyryň başyna 471 bolýar, Angliýada 14-den(1846ý) 247-ä ýetýär. ABŞ-da täze asyryň başynda 2 müňden gowrak gündelik gazet çap edilýärdi. Şäherleriň köpüsinde bir we ondan köp gazet bardy. Şol bir wagtda Germaniýada döwürliligi dürli-dürli gazetleriň we žuranallaryň 7000-den gowragy neşir edilýärdi.

1910-njy ýylda ABŞ-da eýýäm 2600 gündelik gazet çykýardy. Soňraky 20 ýylyň içinde ýurduň ilaty 30 mln. adam sanyna köpelýär, iri we orta şäherleriň sany bolsa , iki esse artýar. Emma gündelik gazetleriň sany şu döwürde 1942-ä çenli kemelýär. Diňe Nýu Ýorkda 1912-1925-nji ýyllar aralygynda gündelik gazetleriň sany 14-den 9-a gelýär. Neşirleriň bir bölegi ýapylýar, köpüsi çap edilmeginiň döwürleýindigini üýtgedýär. Birden köp gazet neşir edýän şäherleriň paýy şäherleriň umumy sanyndan 57,15-den 20,6 %-e çenli kemelýär, neşirleriň bir bölegi ýapylýar. Köpüsiniň çykyş döwürleýinligi üýtgeýär. Munuň özi 1929-njy ýyldaky ykdysady çökgünliginiň netijesi bilen bagly bolman, eýsem neşirýat çykdajylary , reklama girdejileri bilen hem baglydy. Mysal üçin , Hýorstyň birleşiginiň işiniň netijesinde uruşdan soňky on ýylyň içinde 16 gazet çykmasyny bes edýär, Skripps-Howard iri birleşiginiň işiniň täsiriniň astynda 1923-nji 1934-nji ýyllar aralygynda ýene 15 gazet ýapylýar, emma bu ýagdaýlar gazet neşirleriniň auditoriýasynyň köpçülikleýin ölçeglerine düýpli täsirini ýetirip bilmeýär.

Neşirleriň köpçülikleýin auditoriýanyň emele gelmegine neşirleri illýustrirlemek tejribesiniň giňeldilmegi hemaýat berýär. 1850-nji ýylda Angliýada peýda bolan ýarym kölegeli fotografiki klişeleri öndürmegiň tehnologiýasy uzak wagtlar kämilleşdirilýär. Gazet işinde ol ilkinji gezek diňe 1897-nji ýyldan ulanylyp başlaýar, ýagny „Tribuns“ (Nýu Ýork)

gazetiniň önümçiliginde , soňra bolsa, beýleki neşirlerde ulanylyp başlaýar.

Tehnologiýalaryň kämilleşmegi gazet klişalarynyň tiz we hilli taýýarlanmagyna itergi berýär. Mundan başga-da , pluton klişeleriniň öndürilmegi şunuň ýaly ölçegdäki elde ýasalan grawýuranyň taýýarlanyşyndan 10-15 esse arzan düşýär we beýle ýagdaý illýustrasiýaly neşirleriň önümçiligini we satylýan gazetleriň bahasyny ep-esli arzanlatmaga mümkinçilik döredýär.

Suratly neşirleriň sany köpelýär. Diňe Fransiýada asyrlaryň sepgidinde 130-a golaý suratly gazetdir-žurnallar çap edilýärdi.

**XX asyryň ortalarynda ABŞ-da, Ýewropa ýurtlarynda žurnalistika täjirçilik çemeleşmeler we tankydy garaýyşlar.** Pulisteriň „New York world“ gazeti okyjylar köpçüliginiň bilim we medeniýet boýunça aşaky gatlagyna degişli bolup durýar.

Täzelikler çap edilende sensasiýa talaplaryna eýerilip, okyjylary geň galdyrmak we ünsüni sowmak maksady bilen dawaly habarlar saýlanyp alnypdyr. Sensasiýanyň täsirini has-da artdyrmak üçin faktlary doly peýdalanmazdan olary ýoýup ulanypdyrlar. Pulister öz gazetinde okyjylaryň ünsüni özüne çekmek üçin ýüzleý bezegleri ulanypdyr. Köplenç halatda neşirleriň birinji sahypalarynda iri bezegli göze ilginç sözbaşylar bolupdyr. Şol döwürden hem gazet neşirleriniň gazet şapkalaryny ulanmak döwri başlanýar. Ilýustrasiýalar, kitapçalar giňden peýdalanylyp başlanýar. „New York world“ gazetiniň sahypalarynda kitapçalaryň personažlary – „sary ýigitler“ çap edilipdir. Şunlukda, bu adalga sary metbugat (Žýoltaýa Pressa) adyny alypdyr.

Okyjylar köpçüliginiň ynamyny gazanmak ugrunda gazetler „täze žurnalizmiň“ ruhunda hereket edip, özlerinde ýönekeý adamlaryň abadançylygy hakynda alada edýän

neşirleriň keşbini döretmäge çalşypdyrlar. Şu maksat bilen redaksiýalar ýörite şäher kwartallarynyň arassaçylygyny gowulandyrmak üçin toparlary, birleşikleri gurapdyrlar. „Sary metbugatyň“ meşhurlygynyň artmagy bilen sahypalarynda çap edilýän mahabatlar arkaly neşirlerden girýän girdeýjiler artypdyr.

Daniýaly žurnalist N.Kawling 1880-1890-njy ýyllarda Amerikanyň „täze žurnalizminiň“ nusgasyny höwes bilen kabul edipdir we bu ýörelgäni Daniýada hem ýaýbaňlandyrypdyr. Ol gazetler gözelligi döredijiler däl-de, žurnalistler tarapyndan döredilýär. Olar aşaky gatlagyň wekilleri üçin ýazylýar , şeýdip hem, olara kömek berilýär. Reportýorlar we söhbetdeşlikler häzirki metbugatyň üns merkezindedir. Munuň özüni aňrybaş žurnalistika hasaplaýarlar. Ýöne, „Sary metbugatyň“ häsiýetiniň tutuş jemlerini göz öňünde tutanyňda beýle baha artykmaç bolýar. „Sary metbugatyň“esasy ähmiýeti köpsanly adamlaryň gazetleri yzygiderli okamak endigini kemala getirmekden, adamlaryň gazet makalalaryna imrinmeklerini gazanmakdan ybarat bolup durýar.

Köpsanly görnükli jemgyýetçilik wekilleri metbugatyň täjirçilik işini tankyt edip başlaýarlar. Olar metbugatyň uly biznese we mahabat eýelerine garaşly bolýandygyny, iri neşirýat birleşikleriň emele gelýän şertlerinde erkin bäsleşik kadalaryndan daşlaşýandygyny, ahlak prinsipleriniň we adamlaryň şahsy durmuşyna gatyşmazlyk esaslarynyň bozulýandygyny žurnalistler tarapyndan maglumat almakda dürs bolmadyk ýollary peýdalanýandygyny etiki kadalaryň bozulýandygyny günäkärleýärler. Metbugatda nädogry ýörelgeleriň artýandygyny tankytlanýanlaryň arasynda amerikan jemgyýetçiliginiň wekilleri Uill Urwing, Mark Twen, Epton Sinkler hem bardy. 1911-nji ýylda „Solliýers's“ žurnalynyň sahypasynda publisist Uill Urwing „Metbugatyň häkimýeti“ diýen umumy at bilen 15 sany paş ediji makalalar

tapgyryny çap etdi. Makalalaryň esasy temasy jemgyýetçilik erkinligini we demokratiýany saklamakda metbugatyň orny barada boldy we makalalar toplumy jemgyýetde uly seslenmä eýe boldy. Metbugatyň täjirçilik tejribesine eýermegini A.Wilmer hem tankytlady. Ol 1860- njy ýylda çap bolan „Biziň goýy şaýkamyz“ atly kitabynda Demirgazyk Amerikan žurnalistikasyna köptaraplaýyn häsiýet berýär.

Metbugatyň bazar gatnaşyklaryny tankyt edenleriň biri hem belli Latyn amerikan publisisti  Hose Martider boldy. Ol özüniň „Demirgazyk Amerikan sahnalary“ atly publisistik makalalar toplumynda metbugatyň ýalňyşlyklaryny ylmy-gumanistik nukdaýnazardan tankytlady.

# ÝEWROPA SEBIT ŽURNALISTIKASYNYŇ TARYHY

## Angliýanyň, Beýik Britaniýanyň habarlar gurluşy we köpçülikleýin habar beriş serişdeleri.

**Metbugat.** Beýik Britaniýa neşirýat işi boýunça dünýäde iň ösen senagata eýe. Bu ýerde 200-den gowrak gündelik we ýekşenbe gazetleri, 1300 sany hepdelik we 2000 sany ýerli gazetler çykarylýar. Ortaça her gün 15 ýaşdan ýokary bolan her üç britaniýalydan ikisi gündelik milli gazetini, raýatlaryň her dördüsinden üçüsi ýekşenbe gazetini okaýarlar. 1990 ýyllaryň başlarynda britan gazetleriniň 11-siniň tiražy hepdäniň adaty günlerinde 14,2 mln. ekzemplýar bolupdyr. Şolardan 9-synyň okyjylarynyň sany ýekşenbe günlerinde 16,2 mln. ýetipdir.

Pressa gazetleriň iki görnüşine bölünýär:

“Gardian” ýaly giňpolosaly gözegelüwli gazetler, bu şekildäki gazetlerde gündelik syýasy-jemgyýetçilik wakalary beýan edilýär. Pressanyň ikinji bir görnüşi bolsa “gödek” pressa ady bilen belli bolan, dawaly hekaýalar esasynda ýöreteleşdirilen gazetlerdir. Soňky ýyllarda iň çürt-kesik neşirler hasaplanýan “Taýms’ ýa-da “Independent” hil şu ölçegdäki gazetleriň görnüşine mejbury ýagdaýda geçmeli boldular, ýöne şeýle bolsa-da olar redaksion syýasatyny saklap galdylar. Londanda neşir edilýän “milli gazzetleriň” 14-si hem ýurduň ähli künjeginde okalýar. Birnäçe gazetler bolsa örän ýokary tiraža eýe. Tiražy boýunça iri neşirlerden “Nýus of ze uorld”, gazeti 1843 ýylda esaslandyrylan, tiražy 3,78 mln egzemplýar we gündelik “San” gazeti 1964 ýylda esaslandyrylan, tiražy 3,4 mln. egzemplýar. Ýurtda iň köne hil täsirli hasaplanylýan gündelik “Taýms” gazeti 1785 ýylda esaslandyrylypdyr we onuň tiražy 651 müň

egzemplýardyr. Bu neşirleriň ählisisi R.Merdoka "Nýus interneşnl" gazet trestine degişlidir.

Dogry we konserwatiw ugra gönükdirlen gündelik syýasy-jemgyýetçilik gazetlerinden esasylary "Deýli telegraf" – 1855 ýylda esaslandyrylan, tiražy 920 müň egzamplýar.; "Deýli meýl" - 1896 ýylda hasaplandyrylan, tiražy 2 million egzamplýardan gowrak, we "Deýli ekspress" – 1900 ýylda esaslandyrylan. Gündelik gazet "Faýnenşl taýms" – 1888 ýylda hasaplandyrylan, tiražy 90 müň egzamplýar. Bu gazet britan işewür adamlarynyň gyzyklanmalaryny araýar. Aralyk çepçileriň we liberalçylaryň garaýyşlaryny beýan ediji hasaplanýan "Gardian" gazeti 1821 ýylda esaslandyrylan, tiražy 400 müň egzamplýar; "Deýli mirror" 1903 ýylda esaslandyrylan; "Independent" 1986 ýylda esaslandyrylan, tiražy 250 müň egzamplýar; "Skotsmen" 1817 ýylda esaslandyrylan, tiražy 68 müň egzamplýar. Iň söýlüp okalýan ýekşenbe gazetlerine " Nýuz of te Uorld", "Sandi Pipl", "Sandi Mirror" we "Sandi Ekspress" gazetleri degişlidir.

Bulardan başga-da 6,5 müňden gowrak döwürleýin neşirler bolup, olara aýry-aýry kampaniýalar we guramalar üçin çap edilýän söwda-tehniki we "öýdelik" žurnallary hem girýär.

Aýallar üçin niýetlenen žurnallara ýazylýanlaryň sany juda kän. Bir wagtlar meşhur bolan ýumoristik žurnal "Panç" 1992 ýylda ýapyldy.

Hepdelik syýasy synlary çap edýän öňdebaryjy žurnallara "Ekonomist", "Nýu steýtsmen end sosaýeti", "Spekteýtor" we "Tribýun" degişlidir. Şeýle-de medeni durmuşyň we sungatyň synlary köp çap edilýär, olardan iň hormatlanýany "Taýms" gazetinde goşmaça edilip çykarylýan edebiýat sahypasydyr. Iň belli hepdeliklere "Lanset", "Neýçur", "Nýu Saýentist" we "Taým" gazetinde berilýän goşmaça syn sahypasy degişlidir.

Täzelikler gulluklarynyň esasylary diýlip “ Reýter” holdingi, “ Press Assoşieýşn limited” we “Assoşieýted pressiň” britan bölümi hasap edilýär. Bu guramalara gazet neşirýatçylarynyň assosasiýasy, žurnalistleriň instituty, gazetleriň we seh islegleri boýunça birleşigiň jemgyýeti girýär. Ýewropa žurnalistikasynyň baý tejribesi hem-de ýörelgeleri bar. Beýik Britaniýada XVI asyrda häzirki gazetleriň buşlukçysy bolup, «Nýus» («Täzelikler») ady bilen heşir hem-de söwda bilen meşgullanýan gämileriň kenara gelýän wagtyny habar berýän golýazma listler ýaýradylypdyr. Angliýada «Ingliş merkuri» («Iňlis habarlary») atly dowürleýin metbugatyň neşiri 1588-nji ýylyň 23-nji iýunyndan döredilýär. 1640-nji ýyldaky iňlisleriň buržuaz rewolýusiýasyndan soňra, ýurdy dolandyrmagyň guraly höküminde kopçülikleýin neşirler köpçülikleýin döredilip başalýar. Iňlis dilinde ilkinji gezek «gazeta» sozi 1642-nji ýylda ulanylyp başlanýar. Angliýada ilkinji gündelik gazýet 1702-nji ýylda «Deýli kurant» ady bilen neşir edilýär.

Mahabat (reklamany) gazet sahypasynda ilkinji bolup «Taýms» «The Timeg» gazetidir 1702-nji ýylda neşir edip başlaýarlar.

XIX-XX asyrlaryň serhedinde Angliýada metbugat ýokary hilli we kopçülikleýin diýen boleklere bolünýär. «Taýms» gazeti bolsa ýurduň ýokary hilli gazetleriniň iň oňdebaryjy neşiri hokmünde tanadýar we gazet ýurduň hemme ýerlerine diýen ýaly ýaýraýar. Ýokary hilli metbugat toparyna «Taýms» gazýetinden başga-da gündelik gazetleriň biri bolan 1855-nji ýylda esaslandyrylan «Deýli telegrafy» (“Gündelik telegraf”), 1821-nji ýylda esaslandyrylan «Gardian» («The Guardian» - «Gorag») 1888-nji ýylda esaslandyrylan «Faýnenşl taýms» (FinauiaL Timeg» “Maliýe wagty”), şeýle-de «Independent» («Garaşsyz») ýaly gündelik gazetler girýär. «Independent» 1986-njy ýylda neşir edilip başlandy. Emma gazeti

ýaýratmakda ýüze çykan agyr ýagdaý sebäpli, bu gazet 1997-nji ýylda agyr kynçylyklara gabat gelýär.

Şonda neşirçiler gazetiň Baş redaktory çalşyryldy hem-de birnäçe täze başlangyçlar ýola goýuldy. Ol täze başlangyçlaryň hatarynda: gazetiň sahypalarynyň bezegi, makalalaryň, habarlaryň, suratlaryň ýerleşdirilişi ütgedildi. Şonuň ýaly-da makalalary, materiallary mazmun taýdan bir: rubrikanyň aşagynda, bir sahypada, bir tema-da, bir şygar bilen ýerleşdirmek, sütünleriň arasynda dürli ýogynlykdaky çyzyklary (lineýkalary) goýman bilen gazet sahypalary bezelip baýlandy.

Neşirler giň kopçülik üçin niýetlenilen bolansoň, olarda seljeriş (analiz) edilýän makalalary orän az çap etmeli bolýar. Käbir neşirleriň tiražy 5 million ekzemplýara ýetýär. Mysal üçin, «San» («The Son» - «Gün», 1964-nji ýyl) Mirror («The mirror - «Aýna», 1903-nji ýyl), «Deýli ekspress» («Daily Ehpress» -“Gündelik ekspress”, 1900-nji ýyl), «Deýli meýl» (“Daily Mail”, “Gündelik poçta” 1896-nji ýyl) ýaly gazetleri görkezmek bolar. Onlarça ýyllaryň dowamynda işçi synpynyň gazeti hasaplanýan “Deýl Mirror” uly abraýdan peýdalandy. Onuň tiražy 5,5 million ekzemplýara ýetdi. Emma 1997-nji ýylda ol tiraž 2,2 million çenli kemeldi. Bu ýagdaýiki sany garşydaş gazetler bolan «Deýli meýl» we «San» ýaly gazetleriň pozisiýalarynyň esli derejede güýçlenendigini görkezdi. Şonuň üçin «Deýl Mirror» gazýeti degişli çäreleri gormeli boldy. llkinji nobatda ýaş okyjylary oz tarapyna çekmek niýeti bilen «deýli» sozüni aýryp, kone şygar bolan «Halk bilen oňe» şygary «Täze müňýyllyga tarap oňe!» diýen şygar bilen çalşyrdylar. Birinji sahypada bir uly olçegli foto surat hem-de içki sahypada ýerleşdirilýän birki sany esasy makalalaryň anonsy ýagny, olaryň şol gazetde neşir edilýändigi barada bildiriş ýerleşdirilip başlanýar.

Emma dürli täzelikleriň girizilmegine garamazdan, «Mirrpr»_ gazeti oz tiražyny dikeldip bilmedi.

1995-nji ýylyň noýabyrynda Britaýada-umumy milli kopçülikleýin gündelik gazet «Tudeý» («Today»—“Şu gün”) gazýeti 10 ýyl toweregi neşir edileninden soň öz çykmagyny pes etdi. Gymmat baha durýan tehnologiýalar: kompüýuter ýygymy reňkli neşir edijiler, ol gazetiň sebitlerde neşir edilýän ýerleri bilen merkezde neşir edilýän wagtynyň bir bolmagy üçin ýeriň hemralaryny (sputnikleri) ulanmak ýaly kop çykdajy talap edýän zatlary, ol neşiri esaslandyranlara gazeti “Lonro” konsernine satmaga mejbur etdi. Öz gezeginde «Lonro» hem gazetiň çykdaýjylarynyň kerebinden halas bolup bilmänsoň «Tudeý» gazýeti satuwa çykarylýar Gazetiň täze hojaýny “Nýus interneşnliň” ýolbaşçysy R.Merdok bolýar. (Ol Angliýanyň ägirt kompaniýasy bolan «Nüýus korporeýşniň» filialy ýagny şahamçasydy). Jenap R.Merdok(Bu şahsyýet barada Iiri KHBS-leriniň eýeleri baradaky gürrüňimizde giňişleýin maglumat alarys) ol gazet üçin 150 million funt sterlingi goýup, onuň tiražyny 300 müňden 600 müňe ýetirmegi başardy. Emma, tiz wagtda gazetiň okyjylarynyň sany peselmek bilen boldy. Şonuň üçin jenap Merdok ozüniň beýleki dort gazetiniň tiražynyň osmegini gazanmak üçin (aýratyn hem «San» we «Taýmsy») düpli çäreleri amala aşyrdy. (3) Angliýanyň ýekşenbe neşirleriniň arasynda «Sandi taýms» («The sunday Times»—“Ýekşenbe wagty”, 1822-nji ýyldan), «Sandi telegraf» («Sunday Telegrapf»-“Ekşenbe telegraphy”,

1961-nji ýyldan), «Obserwer» («The Observer»-“Gozegçi”, 1791-nji ýyldan) gazýetler ýokary hilliligi bilen meşhurdyrlar.

Kopçülikleýin gazetlerde «Nüýus of Uorld» («News of the World»—“Dünýä habarlary” 1843-njy ýyldan), «Meýl on sandi» («The mail on Sunday» —“Ekşenbe poçtasy”, 1982-nji ýyldan), «Sandi mirror» («Sunday Mirror»—Ekşenbe aýnasy»,

1915-nji ýyldan), «Pipl» («People»—“Adamlar”, 1881-nji ýyldan) ýaly gazetler girýärler.

Aglaba uly gazetler syýasy partiýalara ýakyn durýarlar. Mysal üçin, konserwatiw partiýany: «Taýms» we «Sandi taýms», «Deýli telegraf» hem-de «Sandi telegraf», «Nüýus of uorld», «San», «Deýli meýl», «Deýli ekspress» ýaly gazetler goldaýarlar. Emma leýboristleriň partiýasyny «Gardian», «Obserwer», «Mirror», «Sandi mirror», «Pipl» ýaly gazetler goldaýarlar.

2000-nji ýylda Britaniýadaky kopçülikleýin gazetleriň tiražlary_kopýyllyk tendensiýalara laýyklykda pese düşmeklerini dowam etdirdiler. Şol bir wagtda bolsa intelligensiýa we «orta synpa» degişlileriň bähbidini goraýan ýokary hilli neşirler, gaty bir uly bolmadyk ýagdaýda oz tiražlaryny ýitirdiler.

Emma Beýik Britaniýadaky iň ýokary hilli gazet, angliýaly işewürleriň arasynda, syýasatçylaryň hem-de sowatly adamlaryň içinde hem-de daşary ýurtlarda abraý gazanan «Faýninşl taýms» oz tiražyny 300 müňden 500 müňe çenli artdyrmagy başardy. Şonuň ýaly-da, ol gazet, 2000-nji ýylda Germaniýanyň bazaryna hem girmegi başardy. Netijede, ol gazet nemes dilinde hem: «Faýneşl taýms Doýçland» ady bilen neşir edilip başlandy. Bu gazetiň Germaniýadaky tiražy 60 müň ekzemplýar toweregidir.

Ýekşenbe gazetlerinden tiražlaryny diňe «Obserwer» 410 müňden 440 müňe, «Sandi taýms» 1 million 375 müňden 1 million 440 müňe çenli kopeltmegi başardylar. Beýleki hemme gazetler oz tiražlaryny ýitirdiler. Gündelik ýokary hilli gazetleriň içinde «Deýli telegraf» (tiražy 1 million kopräk) iň uly gazet bolmagynda galýar. «Sandi telegrafyň» tiražy—800 müň toweregi bolan bolsa, «Taýmsyň» tiražy (1999-nji ýylda 720 tiraž bilen neşir edilen) 712 müň sanydyr.

Köçe gazetlerinden 2000-nji ýylda diňe «Deýl star» oz tiražyny 830 müňe ýetirdi (1999-nji ýylda ol 810 müň ekzemplýar neşir edilýärdi). Iň kopçülikleýin ýekşenbe gazeti bolan «Nüýus of zejjorld» Ilkinji gezek oz tiražyny 4 milliondan pese gaçyrdy. Kopçülikleýin gündelik

Gazetleriň läheňi «San» gazýeti bolup, onuň tiražy 3,5 million toweregidir.

Britan adalarynda welaýat gazet-žurnallarynyň uly ulgamy bar. Olar esasan öz sebitlerinde bolup geçýän ýagdaýlar, wakalar barada öz sahypalaryndan beýan edýärler. Halkara meseleleri bilen juda az iş salyşýarlar. Şonuň üçin hem bu tema boýunça iş alyp barmagy informasion agentliklerine ynanylypdyr. Ylaýtada bu işede “Reýter” agentligi has işeňirlik görkezýär.

**Radio.** Britaniýada radiogepleşikler 1922 ýyldan bäri Britaniýanyň (Bi-bi-si) radiogepleşikler korparasiýasynyň dolandyrmagy astynda yzygiderli alnyp barylýar. Bu korporasiýa 1927 ýylda koralyň hartiýasyny (syýasy-jemgyýetçilik dokumendi) alýar. Radioenjamlar her bir öýde bar. Her üç britanlygyň ikisi her gün radio diňleýär.

Bi-bi-si-niň düzüminde häzirkizaman aýdym-sazlaryny eşitdirýän (“Radio 1”), ulular üçin saz eşitdirýän (“Radio 2”), medeniýat hem sungat hakdaky gepleşikleri berýän (“Radio 4”), şeýle-de täzelikleri we sport gepleşiklerini eşitdirýän (“Faýw laýw”) radiostansiýalary işleýär. Kompaniýa, öz gezeginde premiýer-ministre we parlamente tabyn bolýan poçta we telekommunikasiýa ministrine boýun egýändir. Kompaniýanyň gepleşikleriniň ýuridiki çäklendirmeleri, Bi-bi-si-niň umumysyýasy meselelere redaksion syn bermek hukugyndan mahrum edilmegi bilen düşündirilýär. Syýasy gepleşikler bolsa seriýaly häsiýete eýe bolmalydyr. Ähli iri syýasy partiýalara bir deň efir wagty berilmelidir. Geppleşige jogap berýän Ministr, gepleşik

sagatlaryny sazlamaga hukugy bardyr. Bi-bi-si telewizorlary hem-de programmaly we reklamaly žurnallary bolan maşgalalardan lesensiýaly ýygnalýan girdejisiniň hasabyna meýilleşdirilýär. Munda başga-da parlament her ýylda Bütindünýä Bi-bi-si gullugynyň tölegi üçin ýörüte serişde berýär. Bütindünýä Bi-bi-si gullugy gysga tolkuda eşitdirilýär, şeýle-de ultra gysga tolkunlarda 45 dilde alnyp eşitdirilmeýär. Bi-bi-si täzelikleri habar berýär, iňlis dili sapaklaryny geçirýär, Britaniýadaky durmuş hakda habar berýär we medeniýet pudagyndaky wakalary açyp görkezýär.

Mundan başga-da üç sany umumymilli kommersiýa radiostansiýalary işleýär. Olar pop we rok sazlaryny, sport gepleşiklerini hem-de klassiki sazlary eşitdirýärler. Şeýle-de 200 töweregi ýerli garaşsyz radiostansiýalar işleýär.

**Telewideniýe.** 1936 ýylda Bi-bi-si telegepleşiklere başlaýar. 1939 ýyla çenli 20 000 sany teleenjam hasaba alnypdyr. 1954 ýylda hökümet Bi-bi-si-e alternatiwaly kommersiýa telewideniýasyny döretmäge rugsat berýär. Şunlukda Garaşsyz telewizion gullugyny açmaga hukuk berilýär. 1955 ýylda garaşsyz kanal ITV hasaplanýar. 1972 ýylda Garaşsyz telewizion gullugy Garaşsyz radiogepleşikler guramasy diýlip üýtgedilýär.. 1991 ýylda bolsa ol Garaşsyz telewizion komissiýa diýlip üýtgedilýär.

Telegepleşikler Bi-bi-si hem-de hususy telekompaniýalar tarapyndan alnyp barylýar. Olar Beýik Britaniýanyň ilatynyň 99 % göterimini gurşap alýarlar. Şunlukda ortaça britaniýaly her günde telegepleşikleriň öňüld 3,5 sagatdan gowrak wagtyny geçirýär.

Bi-bi-si telewizion gullugy gepleşikleri 2 kanal boýunça (Bi-bi-si 1 we Bi-bi-si 2) alyp barýar, şeýle-de kommersiýa çeşmelerinden maliýeleşdiritýän “Bi-bi-si Uorld” täzelikler halkara telekanaly bar. 2000 ýylda Bi-bi-si “Bi-bi-si Parlament” atly täze telewizion kanalyny işe

göýberdi.Ol parlamentiň, ilkinji nobatda bolsa obşina palatalarynyň işini açyp görkezýär. Garaşsyz telewizion kamissiýasy garaşsyz telewizion kompaniýalara lisenziýa berýär we olaryň işini sazlaýar. Garaşsyz telewideniýetäniň esasy kanallary (ýaýlymlary) – ITV, 4-i we 5-I ýaýlymlar. Mundan başga-da soňky ýyllarda tele-görüjilere onlarça täze ýaýlymlary hödürleýän hemra aragatnaşygy arkaly we kabelli telewideniýeler giňden ýaýrady. Sanlaýyn hemra aragatnygy arkaly telewideniýäniň, şeýle-de gije-gündizleýin habarlar ýaýlamy bolan “Skaý nýusiň” eýesi “Britiş skaý brodkasting” hasaplanylýar.

Hemra aragatnaşykly bilen bir hatarda ýetüstündäki sanlaýyn radiogepleşiklerem ösýär.Häzirki döwürde Bi-bi-si-niň alty sany sanlaýyn ýaýlymy, şol sanda BBC News 24; kommersiýa stansiýalaryň hataram öz gepleşiklerini sanlaýyn ölçegde alyp barýarlar. Britaniýada telewideniýe döwletiň berk gözegçiligi astynda durýar. Gepleşikleriniň hiliniň kanuny goragy bar. 1954 ýylda kabul edilen temyýetiniň hakdaky kanun göwün-açykdy, habar we medeniýet gepleşikleriniň arasyndaky tapawudy saklamaklygy ündeýär. Efiriň dörtüsi bir bölek töweregi wagty resmi gepleşiklere, jedellere, leksiýalara, täzeliklere, synlara we konsertlere berilýär. Bi-bi-si-niň efirinde haýsydyr bir kommersiýa mahabatyna orun ýok.

Telewideniýede we radioda tölegli syýasy mahabatlary ýerleşdirmäge rugsat berilmeýär. Ýöne ähli umumy saýlawlar döwründe teleýaýlymlar partiýalar tarapyndan döredilen gepleşikleriň belli bir kesgitli sanyny görkezmäge borçlydyrlar. Kanuna laýyklykda döwlet we kommersiýa stansiýalary islendik syýasy wakalary gyşarnyksyz açyp görkezmäge borçlydyrlar.

**Angilýanyň habarlar agntlikleri** barada aýdylmaly bolsa, dünýädäki 5 sany informasion (habar beriş)

agentlikleriniň biri bolýan «Reýter» aksioner kompanýadan başlamak bolar. Onuň aksiýaläryny saklaýan esasy taraplar: gazetleri neşir edijileriň Assosiasiýasy, Press Assoşiýeýşn agentligi, Awstraliýanyň Ostrelian Assoşiýeýşn Press agentligi, Täze Zelandiýanyň Nýu ZileňgTress Assoşieýşn agentiigi hem-de Reýter agentliginiň oz işgärleridir. Daşary ýurt maglumatlaryny ýaýradýan Reýter agentliginden tapawutlylykda, Press Assoşiýeýşn (Press Association LTD-1868-nji ýylda esaslandyrylan) 120 sany welaýat derejesindäki gazetleriň neşirçileriniň koperatiw birleşigi hem-de ol içki habarlary ýygnamak we ýaýratmak bilen meşgullanýan agentlikdir.

Ykdysady, maliýe, statistiki (hasaplaýyş we çaklaýyş), sport babatdaky maglumatlary bolsa ýygnaýan hem-de ýaýradýan iňlis aksioner jemgyýetiniň habarlar agentligi bolan Eksçeýndj Telegral - Eksteldir. (The Exçhange Teledraph Co Ltd— Extel) agenstwa 1872-nji ýylda doredilip, onuň ştab-kwartirasy Londonda ýerleşýär.

**Elektron köpçülikleýin habar beriş serişdeleri** barada aýtsak, soňky ýyllarda Beýik Britaniýada sanly (sifrowoý) radiogepleşik işjeň osýär. Sanly radiogepleşik sesiň ýokary hilli bolmagyny üpjün edýär. Bi-Bi-Si eýýäm sanly gornüşde radiogepleşikleri tolkuna bermäge başlady. (5) Britan Radiogepleşikler kompaniýasy bolan Bi-Bi-Si 1922-nji ýylda doredilen, jemgyýetçilik guramasy hokmünde statusy (derejesi) bar. 1936-nji ýyldan telegepleşikleri hem tolkuna berip başlady hem-de 1954-nji ýyla çenli bu ugurdan ýeke-täk hojaýyn monopolist bolup galýar. Diňe şondan soň, Beýik Britaniýada kommerçeski telewideniýa açmaga ygtyýar berlipdir.

## Fransiýanyň köpçülikleýin habar beriş serişdeleri

**Žurnallar we gazetler.** Meşhur žurnallar-« Paris Match » (suratlar bilen bezelen hepdelik täzelikler žurnaly), « Femme actuelle », « Elle » we « Marie-France »(aýallar žurnaly), « L' Express », « Le Point » we « Le Nouvel Observateur » (täzelikler hepdeligi), « Tele 7 jours » (teleýaýlymlaryň programmalary we täzelikler).

Gündelik çykýan milli gazetleriň arasynda « Le Figaro », « Le Parisien », « Le Monde », « France-Soir » we « La Liberation » ýaly gazetleriň köp tiražlary bar. Ýörüteleşdirilen žurnallardan iň meşhurlary – « L' Equipe » (sport) we « Les Echos » (işewür täzelikler) žurnallarydyr.

2000 ýyllaryň başyndan başlap tölegsiz gündelik habarlar gullugy giňden ýaýrapdyr. Ol onda ýerleşdirilýän « 20 minutes » mahabatyň hasabyna malieleşdirilýär.

Şeýlelikde bu neşir öz okyjylarynyň sany boýunça fransuz pressasynyň lideri hasaplanylýar.

Şeýle-de köpsanly gündelik sebit gazetleri çykarylýar. Olardan iň bellisi « Quest-France » tiražy 797 mün egzamplýar bolup çykýar. Munuň özi islendik gündelik milli gazetiň tiražyndan iki esse köpdür.

Halkara habarlarynyň fransuz ýaýlymy (fr. Canal Francais d' information internationale - CFII)-munuň özi fransiýanyň premýer – ministre Dominik de Wilpeniň permanyna laýyklykda döredilen fransuz halkara teleýaýlymydyr.

Fransiýanyň Prezidenti Žak Şiragyň aýtmagyna görä, täze ýaýlymyň maksady – « dünýäde beýan wakalara fransuz garaýyşyny açyp görkezmek we fransuz gymmatlyklaryny hemmelere ýetirmek ».

Fransiýada ilkinji hepdelik gazet «Gazett» 1631-nji ýylda Teofrast Renodo tarapyndan esaslandyrylýar. Ol ozüniň ýokary

edebi derejesi, kop temalary gozgaýan habarlary, wagtly wagtyna çykmak hem-de gadymdan bäri neşir edilýän abraýly hepdelik gazýet hököminde okyjylary ozüňe çekýär.

Diňe 1777-nji ýylda ilkinji fransuz gündelik gazeti «Žurnalü de Pari» («Pariž gazeti») doredilýär. Beýik fransuz rewolýusiýasy (1789-1799-nji ýyllar) syýasy we rewolýusion demokratik žurnalistikanyň doremegine sebäp boldy. Eger rewolýusiýadan ozal ýurduň paýtagtynda 27 sany gazet neşir edilen bolsa, onda 1789-nji ýylyň ikinji ýarym ýylynda olaryň sany 250-ä, 1790-nji ýylda bolsa: 350-ä ýetipdir.

Metbugat 1830-nji ýylyň iýuldaky rewolýusiýa çenli şeýle hem 1848-nji ýylyň fewral we iýun rewolýusiýasyna taýýarlykda mohüm roly oýnapdyr.

1870-1914-nji ýyllaryň aralygynda kapitalistik metbugat işjeň osýär. Netijede gazetdir žunallar sowda-senagat kärhanalaryna donýär.

1903-nji ýylda «Peti parizüen» («Parižli oglanjyk») atly gazetiň tiražy 1,8 ml ekzemplýara ýetýär we sol döwürdw gazýet «Dünýä boýunça iň kop tiražly gazet» diýen uly ýazgylar bilen çykyp başlaýar. 1918-nji ýylda bu gazetiň, sany 3 mln ekzemplýara çenli ýetýär. 1904-nji ýylda Jan Žoresiň «Ýumanite» («Adamzat») atly gündelik gazetiniň doremegi bilen ol gazet 1921-nji ýylda Fransuz kompartiýasynyň merkezi organy bolýar. Netijede fransuz žurnalistleriniň arasynda Marksçy akymy doreýär hem-de ol akym 1934-1938-nji ýyllarda Halk frontunyň faşistlere garşy goreşmeginde, Fransiýada çepçiler akymyna degişli gazet we žurnallaryň doremeginde uly ähimýete eýe bolýar.

Fransuz metbugaty üçin 1931-nji ýylda Parižde «Pari - suar» («Agşamky Pariž») atly her agşam neşir edilýän gazetiň çykyp başlamagy uly täzelik bolup taryha girýär. Ol gazeti neşir edijiler tehnikanyň täze gazanan üstünliklerinden peýdalanyp, okyjylara ýarajak dürli mazmundaky makalalary,

ajap suratlary oz gazetlerinde ussatlyk bilen ýerleşdirmegi başarýarlar.

Fransuz metbugatynyň taryhynda şohratly we aýdyň waka hokmünde ikinji Jahan urşy dowründe Garşylyk gorkezijileriň metbugat döreýär. Azat ediş dowründe (awgust 1944 - noýabr 1946-njy ýyllar) syýasy žurnalistika üns berilýär we bu ugrda uly ösüşler gazanylýar.

Bu gün Fransiýada umumy tipdäki «Figaro» («Le Figaro», 1826-njy ýylda doredilen), «Mond» («Le Mond» - «Parahatçylyk», 1944-nji ýylda doredilen), «Liberason» («Azat ediş», 1973-nji ýylda doredilen) we beýleki gazetler ňeşir edilýär. Şonuň ýaly-da, ýoriteleşdirilen ýaşlar üçin, aýallar üçin, ylmy, tehniki, erotiki gazetler hem neşir edilýär.

Ykdysadyýet babatda neşir edilýän gazetleriň içinde “Eko” («Les Echos»

«Ýaň», 1908-nji ýylda doredilen), «Tribýun» («La Tnbune») «Nuwel ekonomist» («Le nouvel economiste» - «Täze ykdysadyýet», 1975-nji ýylda doredilen) ýaly gazetler neşir edilýär.

«Pari matç» («Paris - Mateh» - «Pariž oýny», 1949-njy ýylda doredilen), gazetleri şowhun doredýän ajaýyp suratlary ajaýypsuratlar bilen bezelen hepdelik gazetlerdir.

Garaşsyz metbugatyň arasynda merkeziň syýasatynyň tarapyny çalýan «Mond» hem-de aýlyk gazet (1954-nji ýylda doredilen), «Mond jdipiomatjk» («Diplomatik dünýä»1974-nji ýylda doredilen), «Kotidgo de Pari» («Le Quotidien de Pars» - «Parijiň gündelik gazeti») ýaly gazýetleri agzamak bolar.

Fransiýanyň metbugatyna abraýly ybadathana neşirleri hem bar, olaryň içinde katolikleriň 1880-nji ýyldan bäri neşir edilýän «Krua» («La croix» - «Hac») hem-de hepdelik gazet bolan 1945-nji ýylda doredilen «Wi» (“La Vie” - «Durmuş») gazetlerini agzamak bolar .

Fransuz kompartiýasynyň neşirleri bolan 1980-nji ýyldan bäri neşir edilýän hepdelik «Rewolýuson» («Reýwlution») gazetleriniň tiražlary beýlekiler bilen deňeşdireniňde gaty kop däl.

Ykdysady çokgünlik (krizis) hem-de täze tehnologiýa rewolýusiýasy dowründe gazet bazarynda ozlerini saklamaga yhlas edýän  neşirler, kopsanly gündelik gazetler özlerinde mohüm täzelikleri amala aşyrýarlar, gazetiň mazmunyny we formalaryny üýtgedýärler. Mysal üçin, 1995-nji ýylyň 9-njy ýanwarynda «Mond» gazetiniň täzelenen gornüşi ilkinji gezek neşiredildi. Ol wagtdan ýarym asyr ozal esaslandyrylan ol gazet, indi ilkinji gornüşinden kop zatlar babatda tapawutlanýar. Okyjylary indi mazmun taýdan baý, hemmetaraplaýyn takyklanan, analizlenen,(seljeriş geçirilen, ýedi sany dürli rubrikalaryň (sözbaşylaryň), has takygy: «Halkara», «Fransiýa», «Jemgyýet», «Kärhana», «Şu gün», «Gorizonty» («Gozýetimler»), «Medeniýet» ýaly dürli rubrikalaryň astlarynda ýerleşdirilen harplary goze gelimli, ýiti reňkli, okamaga ýeňil şriftde (harpda) ýazylan, maketi gownejaý bezelen makalalar, maglumatlar ozüne çekýär.

(bu san 1995-nji ýylyň 9-njy ýanwarynda neşir edilýär) redaksiýanyň işgärleriniň sany, şol sanda gazet bilen ýakyn hyzmatdaşlyk edýän 239 ýetýär we gazýetiň täze sanyna ählisiniň ady ýerleşdirilýär. Gazet Pariž kiosklarynda ozalkysyndan ir, ýagny  eýýäm 14.00 -da satuwa çykarylyp başlandy. (8). «Mond» gazetinde geçirilen bu ozgertmeler netijesinde, onuň hyrydary artyp, tiražy hem kopeldi.

Ikinji Jahan urşuna çenli Fransiýada maglumatlary jemlemek we ýaýratmak meselesi bilen meşgul bolýan "Gawas" agentligidi. 1944-nji ýylyň sentýabrynda onuň bazasynda"Frans Press Agentstwasy" -AFP («Agence France Press – AFP doredilýär. Bu günki gün bu täjirçilik kärhanasy şol bir wagtda Fransuz hökümeti tarapnydan abonement tolegi

gornüşinde maliýe komegi berilýän agentstwa bolup, dünýäniň iň iri informasion gulluklarynyň biri bolup galýar.

Entäk 1935-nji ýylda Eýfel diňinde oturdylan antenaly peredatçikler (şekil tolkunlaryny ýaýradyjylar) arkaly telegepleşikler wagtly-wagtynda teleprogrammalar arkaly gorkezilip başlanýar. 1964-nji ýylda bolsa 2-nji programma oz işine reňkli şekilleri tolkuna ýaýratmak bilen başlaýar. 1972-nji ýylda 3-nji, 1984-nji ýylda 4-nji dowlet teleprogrammalary hem-de ilkinji hususy teleprogramma oz işine başlaýar. Hususy teleprogrammanyň ýaýlyma berilmegi fransuz telewideniýesiniň üstünden dowlet monopoliýasyny aýyrýar. 1986-njy ýylda iki sany hususy milli teleprogrammalar hem oz işine birden başlaýarlar. 1987-nji ýylda TF-1 ady bilen meşhur 1-nji kanal dowlet eýeçiliginden aýrylýar. Onuň kommersializasiýasy täze tehnikalaryň ýagny: hemra arkaly aragatnaşygyň, kabel arkaly teleşekilleri bermegiň, wideoýazgylaryň we telemontažyň ol kanala ornaşdyrylmagy bilen başlanýar. Ol wagta çenli üçünji programma bolan FR-3 hem merkeziň golastyndan çykýar. Hut şonuň ýaly hem dowlet radioprogrammalaryndan (Frans-Enter, Frans-Kýultýut, Frans mýuzik, Radio-blýo we 50 sany ýerili radio stansiýalaryndan) başga, hususy, ýerli radiostansiýalar hem oz işlerine girişip, osüp başlaýarlar. Fransiýada 1984-nji ýyldan başlap, hususy radiostansiýalara hem reklamalary (mahabatlary) etmek ygtyýar berilýär. Şonuň üçin hem sebitleýin uly gazetleriň hemmesi diýen ýaly oz hususy radiostansiýalaryny doretdiler.

2000-nji ýylda eýýäm 14-nji gezek fransuzlaryň oz kopçülikleýin habar beriş serişdelerine bolan garaýyşlary, gatnaşyklary barada sosiologlaryň geçiren sowal - jogaplary çap edildi. Ol barlaglar netijesinde okyjylaryň metbugata ynamlarynyň 8 goterim azalandygy äşgär boldy. 1999-njy ýyl bilen deňeşdireniňde okyjylaryň telegepleşiklere hem ynamy 11 goterim peselipdir. Iň ýokary ynamy gazanan radio - 55

goterim. Emma radio hem 1999-njy ýyl bilen dňeşdireniňde 8 goterim ynamy ýitiripdir. Fransuzlaryň ynamy iň pes - 8 goterim, telewideniýe babatda peselipdir.

Fransiýada habarlar gurluşygyna şu aşakdakylar girýär:

Meşhur jurnallar – “Pari Matç” (suratlar bilen bezelen hepdelik täzelikler) “Famm aktýuel”, “Ell” we “Mari-Frans” (aýallar žurnaly), “Ekspress”, “Puen” we “Nuwel obserwatýor” (täzelikleriň hepdeligi), “Teleset žur” (Teleýaýlymlaryň programmalary we täzelikleri);

“Figaro”, “Parizen”, “Mond”, “Frans-Suar” we “Liberason” gazetleri milli ähmiýetli gazetleriň arasynda iň köp tiražlary bolan neşirlerdir;

Ýöriteleşdirilen žurnallardan iň meşgurlary “Ekip” (sport žurnaly) we “Lez-Eko” (işewür täzelikleri) žurnallarydyr;

Şeýle-de gündelik sebit gazetleriniň köp sanlysy çykyşlar. Olardan iň bellisi “Uýest-Frans” gazetdir. Tiražy 797 müň ekzaminler bolup çykýan bu neşiriň sany islendik milli gündelik gazeti sanyndan (tiražyda) iki esse ýokarydyr.

**Telewidene we radio eşitdirilişi.** Fransiýada telewideniýe 1931-nji ýylda peýda bolýar. Şeýlelikde Fransiýa öz ýurdynyň ähli künjeginde telewizor görkezip başlan ýurtlaryň ilkinjileriniň biri bolýar. Iň ilkinji ýaýlym RDF diýlip atlandyrylypdyr. (has soňra bolsa RTF we ORTF).

1995 – nji ýylda fransuz maşgalalarynyň 95%-niň öýlerinde telewizor bolupdyr.

Desimetr diapazonda birnäçe döwlet ýaýlymlary (France-2, France-3, France-5, Germaniýa bilen bileleşigindäki – Arte) we (TF1, Canal+(tölegli ýaýlym), M6) ýaly hususy telekompaniýalar işleýärler.

2005-nji ýylda sanlaýyn teleýaýlymyň peýda bolmagy bilen, tölegsiz elýeterli ýaýlymlaryň ýygyndysy giňedi. 2009 ýyldan başlap, meňzeş telewideniýeden kem-kemden el çekilip

başlanýar. 2013 ýylda bolsa ony Fransiýanyň tutuş çäginde düýbünden ýapmak meýilleşdirilýär. (France 4 teleseriallar – France 5 ; Direct 8 – medeniýet-sungat ; W9 teleşou ; TMC teleseriallary (Simpsony, Gores) : NT1 teleseriallary : NRJ12 :LCP :BFMTV :I-Tele :Virgin17 : )

FM – diapazonda Döwlet tematiki radiostansiýalaryň köplügi eşitdirilýär : France Inter, France Info (täzelikler), France Bleu (ýerli täzelikler), France Culture (medeniýet), France Musique (klassika sazy, jaz), FIP (saz), Le Mouv ‘ (ýaşlaryň rok-radiostansiýasy) we beýlekiler.

2011-nji ýylda meňzeş tehnologiýadan doly el çekmek maksady bilen radiostansiýalaryň sanlaýyn eşitdirilmesine geçmişiň şertleri kesgitlenilýär.

## Germaniýanyň, Ispaniýanyň we Italiýanyň KHBS-iniň kemala gelmegi.

**Germaniýa** dünýäniň metbugat serişdeleriniň ösüp we ýaýrap başlan ýeridir. Has takygy, 1450-nji ýylda Maýin diýen şäheriň ýaşaýjysy logann Gutenberg tipografiýa stanogyny oýlap tapýar hem-de onda latynça Injili (Bibliýany) çap edýär. Bu wakadan onlarça ýyllar geçensoň, 1609-njy ýylda Strasburg we Wolfenbýutel şäherlerinde ilkinji gezek nemes dilinde «Relýasion» («Habar») we «.Awizo» («Bildiriş») ady bilen hepdelik gazetler neşir edilip başlanýar. llkinji gündelik gazet bolan «Lýapsiger saýtung» («Leýpsik gazeti») 1661-nji ýylda esaslandyrylýar. «Täze Reýn gazetinde» bolsa 1840-njy ýyllarda jemgyýetçilik žurnalistler hokmünde K.Marks we F.Engels işe başlaýarlar we entek köp wagyt geçmänkä olaryň eserlerini «Folksştaat» («Halk dowleti») gazeti çap edip başlaýar. Ol gazet Germaniýanyň sosial-demokratlarynyň organy bolup 1869-njy ýyldan 1876-njy ýyla çenli neşir edilipdir. Ýone bu ýurduň başyna faşist akyma degişli radikal žurnalistikanyň ejirini çekmek hem düşüpdir. Ol faşistik akyma degişli habar beriş serişdeleriniň lideri hokümet «Felkişer beobahter» («Halk ozegçisi») gazetidi ýöne şol wagytlar milletçilige we faşizme garşy göreşler sebäpli gizlinlikde çap etmeli bolupdyrlar.

Nemes metbugatynyň şu günki aýratynlygy: ertir ir bilen çykýan gazetleriň hem-de welaýat gazetleriň agdyk bolmagydyr. Dowürleýin neşiriň 95 goterimi ýerli neşirler bolup, ol ýurduň ýüzýyllyklaryň içinde feodal bolünişikleriniň bolandygy bilen baglydyr. Ol bolünişikler diňe XIX asyryň ahyrynda birleşipdiler.

GFR-iň merkezi gündelik metbugatlarynda ünsi güýçlenýär. Mysal üçin, tiražy boýunça iň uly «Bild saýtung» gazetiniň 33 sany neşiri bolup, olar birek-birekden ýerli hronika

we ýerli reklama (mahabatlar), bildirişler bilen tapawutlanýarlar (10). Şonuň ýaly-da, şuňa meňzeş ýagdaý, şu günki gün Rossiýanyň merkezi neşirlerine hem mahsus. Ol neşirleriň welaýatlarda neşir edilýän nusgalaryna, şol welaýatlara mahsus goşmaça makalalar, bildirişler, reklamalar ýerleşdirilýär.

Berlin diwarynyň ýykylmagy hem-de iki german dowletleriniň birleşmekleri ol ýurtda gazet-žurnallaryň bazaryny düýpli ozgertdi. Mysal üçin, 1994-nji ýylda Germaniýada 1601 sany dürli neşir bolup, olaryň birbadadaky tiražynyň möçberi 25 mln. ekzemplýara ýetipdir.

Islendik ýurduň habar beriş serişdelerinde diňe bir ýurduň metbugaty hokmünde çykyş etmän, bütin milletiň gazeti hokmünde çykýanlary hem bar. Mysal üçin, «Taýms» Beýik Britaniýada, «Mond» Fransiýada, Germaniýada bosla şeýle neşirler, ilkinji nobatda «Frankfurter algemaýne saýtung», «Şpigel» ýaly neşirlerdir.

«Saýt» 1946-njy ýylyň fewralynda esaslandyrylan. Şol ýyl hem bu gazet 8 sahypalyk bolup çykyp başlaýar. Bu günki gün bu neşiriň moçberi 85-100 sahypa toweregi. Sowatly we jemgyýetçilik durmuşyna işjeň gatnaşýan okyjy üçin niýetlenendir. Bu ýokary hilli hepdelik gazýet okyjyny diňe bolup geçýän hadysalar, wakalar bilen tanyşdyrman, şonuň ýaly-da, derwaýys temalar boýunça çuňňur analiz-seljeriş geçirýär hem-de ol meseleler babatda garaşsyz pikirleri hem orta atýanlygy bilen okyjylar köpçiliginiň uly söýgisini gazanýar.

2000-nji ýylda Germaniýada 389 sany gündelik neşirler bolup, olaryň her gündäki tiražy 28,5 mln. ekzempilýara ýetýär. Şonuň ýaly-da, 25 sany hepdelik gazetler bolup, olaryň umumy tiražy 2 mln. 852 -den ybaratdy. Jemgyýetçilik žurnallaryň umumy tiražy 130,7 mln. bolan bolsa, 1090 sany

ýoriteleşdirilen neşirler bolup, olaryň jemi tiražy 17,7 mlndan ybaratdyr.

Gazet bazarynda ozalkysy ýaly A.Şpringeriň konserni liderlik edip, gündelik satylýan gazetleriň umumy tiražynyň dortden biri ol konserne degişlidir. Şonuň ýaly-da bu konsern «godek metbugat» («bulwarnaýa pressa») diýip atlandyrylýan koçe gazetlerini ýaýratmakda-da ady bellidir.

# Germaniýanyň köpçülikleýin habar beriş serişdeleri

**Gazetler we žurnallar.** Nemes gazet bazary umumymilli gazetleriň köp bolmadyk sany bilen we ýerli habarlar gullugynyň örän oňat ösenligi bilen häsiýetlendirilýär.Habarlar gullugynyň şertli ösüşiniň sebäbi bolsa, häzirhizaman nemes medialadiaftynyň öz köküni uruşdan soňky ýyllardan alyp gaýdýanlygyndadyr.Çünki hut şol döwürde günbatar soýuzlylar faşistik Germaniýada bar bolan ähli mdiany (köpçülikleýin habar serişdelerini) ýakyp öz basyp alan töwereginiň içinde tebigy ýagdaýda mediany ösdürmekligi ýykgyn edýän habar beriş serişdeleriniň ugamyny döredip başlaýarlar.Hut şonuň üçinem Germaniýada umumymilli gazetlar az we olaryň köpüsi 1949-njy ýyldan soňra, ýagny Demirgazyk Germaniýanyňýalan basyp alyjylyk statusynyň ýatyrylyp,Germaniýa Federatiw Respublikasynyň habarlar gullygyny şertleýin üç kategoriýa bölmek mümkin:

Umumymilli gazetler (GFR ähli künjine ýaýraýar);

Sebitüsti gazetler(überregionale Zeitungen)-ýurduň ähli ýerine däl-de, bir sebitden köpräk ýere ýaýraýan gazetdir;

Ýerli ran- bir sebitiň, bir etrabyň, şäheriň gazetleri.

Uly bolmadyk ýerli gazetleriň köpüsiniň “neşirýat zynjyryna” girýänligini aýratyn belläp geçmelidir.Sebäbi tiražy birnäçe ýüz ýa-da müň ekzemplýar bolan uly bolmadyk gazetler elbetde özbaşyna gowy suratlaram satyn alyp bilmez, habarçylaryny komandirowka-da ugradyp bilmez, şonuň üçinem beýle gazetler haýsy hem bolsa bir neşirýat konserni bilen assosirlenen aragatnaşyga girýär.Bu konsern onlarça ýerli gazetleri içeri hem daşary syýasat hakdaky makalalaryň, sport synlarynyň we beýlekileriniň

bir nusga getirilen teksti bilen üpjün edýär.Şeýlelikde, diňe ýerli täzelikler redaksiýanyň öz garaşmagynda galýar. Netijede ýerli gazetiň ykdysady ýagdaýy gowulanýar we okyjylar öz öwrenişen gazetini satyn almagy dowm etdirip bilýärler.Bu babatda aýdylanda garaşsyz neşir hakda söz bolup bilmez, elbetde we köpçülikleýin habar beriş serişdeleriniň nemes barlag geçirijileri “redaksion neşirler” (nem.redationelle Ausgabe) we publistiktik birlikler (nem. Publizistische Einheit) hakda sözlemegi makul bilýärler. Publisistik birlik-bu garaşsyz baş redaksiýa bolup, ýurtdaky gazet sanlarynyň hasabaty bilen meşgullanansoň, diňe şol medianalama bilen meşgullanyp bilýär. Redaksion neşiri munuň özi garaşsyz gazet bolup, ol indi özüni köne at bilen goýberilýän makalalary diňe ýaňadan çap edýär.

**Umumymilli gündelik gazetler:**-“Frankfurter Allgemeine Zeitung”,(Frankfurtyň umumy gazeti)-GFR-iň dünýäde iň köp okalýan we liberal-konserwatiw gazeti, Frankfurte-na-Maýdene neşir edilýär.Garaşsyz gazet Germaniýanyň her bir syýasy partiýasyny goldamaýar.Tiražy:387 064 ekzemplýar.

-“Süddeutshe Zeitung”, (Günortanyň gazeti) –Mýuhende neşir edilýän liberal ugruň çürt-kesik gazeti. Öz adyna garamazdan umumymilli gazet hasaplanylýar.Tiražy:444 000 ekzemplýar.

-“Frankfurter Rundsc hau” (Frankfurtyň syny) –bu gazet sosial-demokratlara has ýakyn.Tiražy: 150 000 ekzemplýar.

-“Die Welt” (Dünýä) –Iň iri Springer- Veulag nemes neşirýat konsernine degişli bolan konserwatiw gazet. Döwürleýin çykyşa ýöriteleşdirilen. Tiražy:264 273 ekzemplýar.

-“Bild” (Kartinka)- gödek gazet, neşirýatçysy Spinger-Veulag, Germaniýanyň iň köp tiražly gazeti.Bildiň

tiražynyň köp bölegi galan umumymilli gazetlerden tapawutlylykda ýazylmak boýuça däl-de, ýeke-ýekeden ýaýradylýar. Tiražy: 3 445 000 ekýemplýar.

-"Handelsblatt" (Söwda gazeti)- Germaniýanyň belli maliýe gazeti. 1946-njy ýyldan bäri neşir edilýär.Tiražy: 148 000 ekzemplýar.

-"Financial Times Deutscland" (Financial Times Germaniýa)- 2000-nji ýyldan bäri neşir edilýän maliýe we syýasy gazeti. Tiražy:100 000 ekzemplýar.

-"Die Tageszeitung" (Gündelik gazet) -1978-nji ýylda çep radikal hereketiniň pikirini ýaýradyjy hökmünde esaslandyryldy. Bu günki gün ol has köp çepliberal ugra gönükdirilen. Berlin neşirinden başga birnäçe sebit neşirlerem bar. Bu gazet özüniň küşgürdiji, urşa garşy we milletparazlyga garşy makalalary bilen bellidir.Tiražy: 600 000 ekzemplýar.

-"Junge Welt" (Ýaş dünýä)- az tiražly çep radikal gazet. Germaniýa Demokratik Respublikasynyň Azat Nemes Ýaşlarynyň Birleşigi atly ýaşlar guramasynyň pikirini ýaýradyjy hökmünde döredilipdir.Tiražy:20 000-denem pes ekzemplýar.

**Sebitüsti gündelik gazetler:** -"Westdeutsche Allgemeine Zeitung" WAZ (Günbatar Germaniýa umumy gazeti)-Demirgazyk Reýn-Westfaliýa we Reýnland-Pfals topraklarynda giňden ýaýran konserwatiw neşir.WAZ-Gruppe neşirýat toparynyň baş gazeti .

-"Neues Deutschland" (Täze germaniýa) –GDR partiýasyny dolandyryjy SEPG öňki pikirini ýaýradyjy. Bu günki gün bolsa ol onuň mirasdüşeri Çep partiýa has ýakyn durýar.Bu neşir gündogar topraklarda çakdana meşhur.Tiražy: 45 000 ekzemplýar.

**GFR-iň beýleki gündelik gazetleri:** -"Sächsische Zeitung" (Saksoniýa gazeti)-Gündogar Germaniýanyň iň iri

bu gazetiniň redaksiýasy Drezdende.Sächsische Zeitung gazet toparynyňam baş neşiri.

-“Berliner Zeitung”(Berlin gazeti)

_”Tagesspiegel” (Günüň aýnasy)

-“Stuttgarter Zeitung” (Ştutgart gazeti) we beýlekiler.

Hepdelik syýasy-jemgyýetçilik žurnallary:

-“Der Spiegel” (Aýna)

-“Focus” (Fokus)

-“Stern” (Ýyldyz)

**Hepdelik gazetler:** -“Die Zeit” (Wagt) –liberal halkynyň hepdelik täaşsirli gazeti. Tiražy: 48. 000 ekzemplýar.

-“Fritag” (Anna)- az tiražly gazet öz okyjylaryny çepçi intellektuallaryň arasynda tapýar.Tiražy: 13.000 ekzemplýar.

-“Junge Freiheit” (Ýaş azatlyk)- milli konserwatiw akymynyň az tiražly gazeti . Tiražy: 16.000 ekzemplýar (öz görkezmesi boýunça).

Soňky ýyllarda umumymilli gazetleriň goşmaça sanlary bolan galyň

ýekşenbe gazetleri däp bolan hepdelikler bilen bäsleşýärler.

**Teleprogrammalary bolan hepdelik žurnallar:**-“HörZu” (Diňle)

-“TV-Woche” (Telehepde) we beýlekiler.

**Aýallar žurnallary:**

-“Brigitte”

-“Freundin” (Jora) we beýlekiler.

**Rus dilindäki gazetler we žurnallar:**

-“Germaniýanyň rus dilindäki habarlar gullugy-Kitaphana online.

-GFR “Rus” habarlar gullugynyň syny (Makala).

Şeýle-de germaniýada “Cosmopolitan”, “Glamour”, “Maxim”, “Newsweek”, “Businessweek” ýaly halkara žurnallaryňam ýerli görnüşi neşir edilýär.

**Telewideniýe we radio.** Şu günki günde köpçülikleýin habar beriş serişdeleriniň nemes audiowizual ulgamy “dualnyý” (ikilik) ulgamy adyny göterýär. Munuň özi Germaniýada telemediada eýeçiligiň bary-ýogy iki göteriminiň bardygyny aňladýar:

-a) eýeçiligiň jemgyýetçilik –kanuny görnüşi;

-b)eýeçiligiň hususy görnüşi.

Eýeçiligiň jemgyýetçilik-kanuny görnüşi uruşdan soňky ýyllarda

Döreýär.Şol döwürde faşizmiň galyndylaryny köki-daşary bilen ýok etmeksyýasatynyň çäklerinde günbatar soýuzçylar tarapyndan faşistik Germaniýada bar bolan köpçülikleýin habar beriş serişdeleriniň ählisi ýapylypdy.Habarlar gepleşigi bilen üpjün etmmek üçin bolsa harby häkimiýet tarapyndan basylyp alnan doly gözegçilik astyndaky habarlar gullugy we radio döredilipdir. 1945-nji ýyldan 1949-njy ýyla çenli döwürde soýuzçylar tarapyndan döredilen radiostansiýalar ýuwaş-ýuwaşdan nemes işgärleriniň dolanşygyna geçirilipdir.Ýöne basybalyjy häkimiýetleriň öňünde bu kompaniýalary nähili dolandyrmaly diýen sorag ýüze çykypdyr.Köpçülikleýin habar beriş serişdelerini nemes döwletiniň eline geçirmek hakdaky pikiri soýuzçylar şol bada red edipdirler. (GFR hökümetine şeýle hem federal topraklaryň ýerli häkimiýetlerine häzirki güne çenli köpçülikleýin habar beriş serişdeleriniň islendik görnüşini edinmek gadagan). Ýöne soýuzçylar tarapyndan döredilen gazetleriň hususy redaktorlara geçirilmegine garamazdan, radiostansiýalary hususy ellere geçirmek pikiri hem red edillipdir. Esasy

eýeçilik hökmünde soýuzçylar eýeçiligiň jemgyýetçilik-kanuny görnüşini saýlapdyrlar.

Eýeçiligiň bu görnüşi britan WWS-si üçin häsiýetlidir we ol kompaniýanyň hususy adamlara ýa-da döwlete degişlidigini däl-de, eýsem "jemgyýetiň eýeçiliginde" durýanlygyny aňladýar. Kompaniýany strategiki dolandyrmak işi ýörite gözegçi geňeş tarapyndan amala aşyrylýar. Ol iri partiýalaryň, jemgyýetçilik guramalaryň, ybadathanalaryň, kärdeşler arkalaşyklarynyň we beýlekileriň wekillerinden düzülýär. Çünki ol aňrybaş ölçerilen meýilnamaly syýasaty üpjün etmeli. Gözegçi geňeş kompaniýanyň ýolbaşçylygyny amala aşyrýan kompaniýanyň general direktoryny- intendantyny belleýän we kompaniýanyň işiniň taktiki meýilnamalaşdyrylyşy bilen meşgullanýan dolandyryjy geňeşi belleýär. WWS-den alnan dolandyrmanyň bu çylşyrymly ulgamy, şeýle hem nemes köpçülikleýin habar beriş serişdeleriniň demokratik ösüşini üpjün etmek üçinem ýola goýulan. Demirgazyk Germaniýada ilkinji jemgyýetçilik -kanuny kompaniýa britaniýanyň basyp alnan zonasynyň çäginde WWS-niň işgäri , soňra bolsa WWS-niň general direktory wezipesini alan iňlis Hýu Karlton Grin tarapyndan döredilen gepleşigi alyp baran NWDR (Nordwestdeutscher Rundfunk) kompaniýasy bolupdyr. Şeýle-de eýeçiligiň jemgyýetçilik – kanuny görnüşi amerikanlar we fransuzlar tarapyndan hem özleriniň basyp alnan zonalary üçin saýlanyp alnypdyr.

## Germaniýada teleradio gepleşikleriň taryhy

Germaniýada teleradio gepleşikleriň taryhy öz gozbaşyny beýleki ýurtlara garanyňda, biraz aňyrdan alyp gaýdýar. Has takygy, Berliniň ýaşaýjylary radiony ilkinji gezek 1923-nji ýylda diňläp başlapdylar. 1926-njy ýylda ol ýurtda eýýäm milliondan kopräk radio diňleýji bardy. 1935-nji ýylyň martynda Berlin şäherinde telegepleşikleri gormek üçin ýorite jemgyýetçilik nokady açylypdy. ol telegepleşikler 1936-njy ýylyň ýanwar aýyndan başlap bolsa, her gün agşam sagat 20.00-dan tä 22.00 çenli dowam edýärdi.

1944-nji ýylda Germaniýada telegepleşikler oz işini bes etdi. Häzirki wagtda Germaniýada özleriniň işlemekleri üçin gazanç çeşmelerini reklamalardan (mahabatlardan) gazanýan hususy radio we telekanallar, jemgyýetçilik - hukuk kanallary ARD we SDF diýip atlandyrylýar. Germaniýada umumymilli, iki kanal bolup, olaryň hasabyna welaýat telemerkezleri hem girýär. Bu kanallar telegorüjileriň hem-de radiodiňleýjileriň her aýda toleýän abonement tolegleriniň hasabyna maliýeleşdirilýärler. Gyzykly tarapy bolsa

1998-nji ýylda GFR-däki aglaba hususy telekompaniýalar ýokary hilli gorkezijilik ukyply sanly telewideniýe programmalaryny tolkuna bermäge başladylar. (14).

Germaniýada 500-den kopräk informasion agentstwalar bar. Ýone olaryň iň ägirtleri - DPA (Doýçe press - agentur - Nemes täzelik agentligi) bolup, ol 1949-njy ýylda döredilýär. Ikinji bir iri agentstwa, 1971-nji ýylda doredilen DDP (Doýçer depeşendinst -Nemes poçta gullugy). Hususy kanallaryň arasynda bolsa, Katolikleriň täzelikler agentligini hem-de Ýewangelçileriň metbugat gullugyny bellemek bolar.

**GFR-de tele-radiogepleşikleriň häzirki zaman ýagdaýy.** Jemgyýetçilik-kanuny gepleşik tä 1980-nji ýyllara çenli , haçanda kanunçylyga hususyteleradiokompaniýalary

döretmäge rugsat berýän üýtgetmeler girizilýänçä , GFR ýeke-täk gepleşik bolup galypdyr. Hususy kompaniýalar üçünji bir kompaniýa satyp biljek (reklamasyny) mahabatyny ýerleşdirmegiň we öz filmlerini hem-de gepleşiklerini öndürmegiň hasabyna hereket edýärler. Jemgyýetçilik-kanuny kompaniýalar öz gepleşiklerinde mahabatlaryň diňe çäklendirilen göwrümini ýerleşdirip bilýärler (onda-da jemgyýetçilik-kanuny ýaýlymlarda mahabat ýekşenbe we baýramçylyk günleri düýbünden gadagan, adaty günlerde bolsa- sagat 20:00 soň gadagan).Ýöne olar öýünde telewizor we radioenjam bolan Germaniýanyň ähli raýatlaryndan "abonent tölegini" (Gebühren) alýarlar. Abonent tölegi telenokat üçin aýda 17 ýewro töweregi, radioenjam üçin bolsa aýda 9 ýewro töweregi bolýar.Abonent tölegini öýünde telewizory ýa-da radiosy bolan ähli nemesler, jemgyýetçilik-kanuny ýaýlymlary görüp-görmeýänligine garamazdan tölemäge borçlydyrlar. Bu bolsa nemes jemgyýetinde hyrsyz jedelleri döredýär.GFR iň iri jemgyýetçilik-kanuny kompaniýasy we Ýewropanyň iň iri teleradiokompaniýasy diýmek ARD jemgyýetçilik-kanuny teleradiokompaniýasy hasap edilýär (Arbeitsgemeinschaft der öffentlich-rechtlichen Rundfunkanstalten der Bundesrepublik Deutschland- Germaniýa Federatiw Respublikasynyň jemgyýetçilik-kanuny teleradiokompaniýalarynyň işçi dostlugy).

ARD çäklerinde nemes telewideniýesiniň birinji ýaýlymynyň gepleşikleri: ARD Das Erste, dostlugyň agzalary tarapyndan ýerine ýetirilýän onlarça töweregi ýerli telewizion ýaýlymlar, ýerli jemgyýetçilik-kanuny teleradiokompaniýalar tarapyndan, şeýle-de elliden gowrak ýerli radiogepleşikler amala aşyrylýar.

ARD agzalary şu aşakdakylar hasaplanylýar:

-Bayerischer Rundfunk (BR) http://www.br-online.de

-Hessischer Rundfunk (HR) http://www.hr-online.de
-Mitteldeutscher Rundfunk (MDR) http://www.mdr.de
-Norddeutscher Rundfunk (NDR) http://www.ndr.de
-Radio Berlin-Brandenburg (RBB) http://www.rbb.de
-Radio Bremen (RB) http://www.radio-bremen.de
-Südwestfunk (SWR) http://www.swr.de
-Saarländischer Rundfunk (SR) http://www.sr-online.de
-Westdeutscher Rundfunk (WDR) http://www.wdr.de

Şeýle-de ARD çäklerinde “Nemes tolkuny” tele we radiosynyň gepleşikleri amala aşyrylýar. “Nemes tolkuny” (Deutsche Welle) daşary ýurt gepleşiginiň funksiýasyny ýerine ýetirýär. Şonuň üçin ony döretmeklige ARD federal häkimiýet tarapyndan berilýän pul kömegini alýar. “Nemes tolkuny” (DW-TV) telewizion we (DW-Radio) efirlerinde, şeýle-de DW-WORLD internetinde ýer alýar. Gepleşikler 30 dilde alnyp barylýar. Radioprogrammalar we saýt rus dilinde çykýar.

GFR ikinji bir jemgyýetçilik-kanuny telekanalam ZDF- Zweites Deutsches Fernsehen (Ikinji Nemes Telewideniýesi) hasaplanylýar.Ştab –öýi Maýnsda ýerleşýär. ZDF döreýiş taryhy 1950-nji ýyllara federal kansler Kongrad Adenaueriň mediony döwletiň gözi astynda goýmaga synanyşan döwrüne baryp direýär. Köpçülikleýin habar beriş serişdelerine federal häkimiýetiň geçmeginiň esasy ugurlarynyň birem ikinji bir döwlet ýaýlymyny döretmäge synanyşmagy boldy.Döwlet basdaşlaryna, şonuň ýaly-da federal topraklaryň häkimiýetlerine takady bolmadyk, federal merkeziň güýçlendirilmegini islemedik ARD funksionerleriniň çürt-kesik garşylygy bilen çaknyşan Adenauer tä 1960-njy ýyllara çenli öz taslamasyny durmuşa geçirmäge synanyşýar, hçan-da 1962-nji ýylda federal konstitusion kazyýetiň hökümi döwlet telewidenýesini döretmegiň özüni bikanun diýip karar edýär

we federal merkeze muňa meňzeş köpçülikleýin habar beriş serişdelerini döretmegiň islendik synanyşyklaryny gadagan edýär. Mümkinçilikleriň biri hökmünde ,ARD tapawutlanýan ZDF- jemgyýetçilik-kanuny ikinji ýaýlym döredilýär.ARD ýerli köpçülik kompaniýalaryň dostlugy tarapyndan birleşdirilen merkezleşme gurluşy bilen tapawutlanýar, ZDF bolsa turuwbaşdan dikligine guralan, merkezleşdirmek taslama şekilinde döredilýär.

Şeýle-de GFR çäginde şu aşakdaky hususy ýaýlymlar öz gepleşiklerini alyp barýarlar: RTL, RTL2, Super RTL, Sat1, Pro7, Kabel1, VOX, Eurosport, DSF, MTV, VIVA, VIVA PLUS

täzelikler ýaýlymlary: n-tv N24 , EuroNews

GFR beýleki ýaýlymlary:

-KinderKanal (KiKa)- ARD we ZDF bilelikdäki taslamasy

-Phoenix (syýasy- habarlar ýaýlymy, bu ýaýlymdaky gepleşikler tutuşlygyna syýasy wakalaryň bolup duran ýerinden göni alnyp görkezilýär, syýasatçylaryň uzak çykyşlary we şuňa meňzeşler)

-ARTE (fransuz-nemes medeniýet habarlary ýaýlymy, nemes tarapyndan ARD we ZDF gatnaşmagynda döredilýär)

-3Sat- Germaniýanyň, Awstriýanyň we Şweýsariýanyň çäklerinde görkezilýän nemes dilindäki bilelikdäki ýaýlym.

**Italiýada** bir milli dowlet hokmünde 1870-nji ýylda emele geldi. Ondan ozal ol 9 sany aýratyn dowletlere bolünendi. Italiýa dowleti esaslandyrylanyndan tä 1946-njy ýyla çenli monarh dowleti bolmagynda galdy. Häzirki zaman italýan gazetleri iňlis we fransuz gazetleriniň täsirinde dorän gazetlerdir (15). Häzirki wagtda Italiýada informasion gazetleriň arasynda ägirdi 1876-njy ýylda esaslandyrylan: «Korrýere della sera» («Corriere della sera» -»Agşamky

habarlar») gazeti diýmek bolýar. Ol 680 müň ekzemplýarda neşir edilýär. Ikinji bir lider gazet «Repubblika» («La repubblika»). Ol gazet 1976-njy ýylda esaslandyrylan, tiražy 380 müň. Žurnallaryň arasynda ozüni diýseň ynamly duýýan «Oji» («Oggi» - «Şu gün») žurnaly. Ol 1945-nji ýylda esaslandyrylan, tiražy 900 müň (16). Umuman bolsa, Italiýanyň gündelik gazetleriniň tiražy o diýen ýokary däl! Ýone žurnallaryň birbadalyk tiražlary gazetleriň tiražyndan aýdyň ýokary. Aglaba habar beriş serişdeleri syýasy partiýalaryň, kärdeşler arkalaşygynyň hususy eýeçiliklerinde.

**Radiotolkun** boýunça gepleşikler Italiýada 1924-nji ýylda döredilýär, telekanallar 1954-nji ýylda esaslandyrylýar. 1977-nji ýylda telewideniýe dowlet monopoliýasyndan (eýeçiliginden) aýrylansoň, Silwio Berluskoni ýerli kabel telestansiýasy «Tele milano» stansiýasy üçin 1 mlrd lir çykdajy etdi hem-de ony mahabat täjirçiliginiň serişdesi hokmünde paýdalanyp başlady. Soňra bolsa ýuwaş-ýuwaşdan ýene-de üç sany teleulgamlary: «Kanal-5», «Italiýa-1», «Rege-4» («Set-4») teleulgamlary oz eline geçirdi. Bu 3 teleulgam Italiýadaky iň uly täjirçillik telekanallarydy. Netijede, Silwio Berluskoni, Italiýanyň dowlet gullugy bolan Italýan teleradiogepleşikler dowlet birleşigi bolan RAI-TW-niň esasy garşydaşy bolup orta çykdy.

Italiýada 2 sany ägirt uly informasion agentstwolar bolup, olar 1945-nji ýylda italýan gazetleriniň ýanynda koperatiw başlangyçlarda esaslandyrylan metbugaty birleşdirýän Milli agentstwadyr, ýagny olar ANSA hem-de 1950-nji ýyldan bäri hereket edýän ADŽI Italiýanyň Žurnalist agentligidir.

XIX asyryň 80-90-njy ýyllaryň syýasy ýagdaýlary netijesinde Italiýanyň kopçülikleýin habar beriş serişdelerinde hil taýdan düýpli ozgertmeler bolup geçdi. Has takygy, geçen asyryň 80-nji ýyllarynda syýasy kommunikasiýa koomerçeski TW-ler hem goşulyşdylar. 90-njy ýyllarda partiýalaryň

ideologiýalarynyň ulgamy ýykyldy. XX asyryň ahyrky dowründe žurnalistler bilen syýasatçylar şol bir wgatda kommunikasion äleme - Internete çykdylar. Kommunikasion biznesde belli şahsyýetler peýda bolup başlady. Olaryň arasynda aýratyn hem Silwio Berluskoni has tapawutlanýardy. Oňa degişli 3 sany kommerçeskiý telekanal «Medmaset», başga 3 sany dowlet kanallary bilen häzirki wagtda Italiýanyň 90 goterim toweregi teleauditoriýasyna hyzmat edýär.

**Ispaniýada** soňky dowürler metbugatyň nyrhy durnuklaşýar şol bir sanda-da reklama isleg artýar. Emma dowürleýin neşirleri ýaýratmakda kynçylyk çekilýär.

1998-nji ýylda gazetleriň Halkara assosiasiýasynyň 51-nji Kongresi geçirilip, ol Kongresiň maglumatyna gorä, Ispaniýada dowürleýin metbugatyň gündelik umumy tiražy 4,26 mln. ekzemplýar bolup, ol dünýä boýunça 13-nji orunda durýar. Metbugaty neşir edijileriň tagallalaryna garamazdan, Ispaniýada gazete bolan isleg Ýewropa bileleşiginde iň pes ýagdaý bolup galýar. Has takygy, 1000 adamdan 115-120 adam gazet okarýa. Emma şol bir wagtda-da Ýewropa bileleşiginiň beýleki ýurtlarynda gazeti 1000 adamdan 600 toweregi adam okaýar. Bu diýseň uly tapawudy ýurtda entek Sowatsyzlyk doly ýok edilmäkä, telewideniýäniň ýüze çykmagy bilen düşündirilýär.(18) Ýurtda neşir edilýän gazetileri 1000 adamdan 104.8 adam alyp okaýar. Şonuň üçin Ispaniýa okyjylaryň aktiwligi babatda Italiýa, Gresiýa we Portugaliýa ýurtlardan oňde hem bolsa,ösen Ýewropa ýurtlaryndan ep-esli yza galýar.

1998-nji ýylyň iýul aýynda **«Aktualidal ekonomika»** žurnaly Ispaniýaly 900 sany ýolbaşçylaryň arasynda sowal-jogap geçirýär. Şol sowal-jogaplaryň netijesine gorä, Ispaniýada esasy abraýly habar beriş çeşmesi radio bolup, metbugata ikinji ýere belllenýär. Telewideniýe bolsa

informasiýany az berýän habar beriş serişdesi hokmünde garalýar (19).

Ispaniýanyň sosiologik barlag Merkezi bolsa başgaça maglumaty berýär. Bu Merkeziň maglumaty boýunça 2500 sany 15 ýaşdan 20 ýaşa çenli ýaşlylardan sowal-jogap alyşylanda özlerine gymmatly zatlaryň içinde 3-nji orunda (kwartiradan we awtomobilden soňra) telewizory goýupdyrlar. Sowal-jogap edilen ýaşlaryň her 10-dan 6-synda gazet-žurnallary bir

sydyrgyn, hemişe satyn almak endigi hem ýok ekeni (20).

Ispaniýada **ilkinji çaphana** XV asyryň 60-njy ýyllarynda doredilipdi. llkinji gazet bolan **«Gaseta Nuewa de Madrid»** gazeti 1660-nji ýylyň ýanwarynda çap edilipdir. Bu gazet iki ýylyň dowamynda 8 sahypalyk sanlaryň 20-si neşir edipdir.

1758-nji ýyldan gündelik **«Diario de Madrid» («Madrid gazeti»)** neşir edilip başlanýar. Redaksiýada materillaryň ýetmezçiligi sebäpli, gazetde okyjylaryň şygyrlaryny, işi kabul edilýändigi barada bildirişleri, mal we zat satylýandygy baradaky bildirişleri ýerleşdiripdirler. XVIII asyryň 90-njy ýyllary gündelik gazetleriň birnäçesi neşir edilip başlandy.

Häzirki zaman ispan gazetlerini 3 topara bolmek mümkin. 1) Garaşsyz gazetler; 2) Hususy; 3) Partiýa we dowlet gazetleri.

Iň iri neşir hokmünde 1881-nji ýylda doredilen **«Wanguardiany»** («La Vanguardia» - «Öňbaşçy»), 1792-nji ýylda doredilen «Diario de Barselona» («Diario de Barcelona»-«Barselon gazeti») gazetini, 1976-njy ýylda doredilen «Interwýu» gazetini gorkezmek bolar.

**Informasion agentligi** EFE («Agencia EFE») Ispaniýada 1939-njy ýylda, telewideniýe bolsa 1956-nji ýylda esaslandyryldy.

## Şweýsariýa, Portugaliýa we beýleki Ýewropa döwletleriniň KHBS-leriniň taryhy.

**Şweýsariýada** gazet we çap etmek işiniň öz gadymy taryhy bar. Bu ýerde ilkinji gazet 1610-njy ýylda ýaýradylan. 1780-nji ýyldan gündelik **«Noýe sýurher saýtung»** («Neue zurcher zeitung» -«Sýurihiň täze gazeti») çykyp başlaýar. Bu gazet şu güne çenli 230 ýyl bäri, adat bolşy ýaly çykmagyny dowam etdirýär hem-de kopçülikleýin habar beriş serişdeleriniň arasynda uly neşirleriň biri bolmagynda galýar. Bu düzüminde 950 sany ýokary taýýarlykly işgäri bolan, güýçli analiz (seljeriş) merkezi bolup, onuň umumy düzüminde bar bolan 950 ýokary taýýarlykly işgärleriň 140-sy redasiýanyň ozünde, 450-si bolsa neşirýatynda hem-de çaphanasynda işleýär.

1915-nji ýylyň 11-nji sentýabrynda Şweýsariýada kabul edilen «Redaksiýanyň guramaçylyk statusy (derejesi)» diýen resminama laýyklykda hem-de 1974-nji ýylda kabul edilen: «Redaksiýanyň statusy» diýen resminama laýyklykda - redaksiýa daşky täsirlerden we basyşlardan ilkinji nobatda informasion syýasat babatda, umumy pozisiýada we gazetiň düzümini düzmekde azatdyr (21).

Şweýsariýanyň **teleradio kompaniýasy** oz gepleşiklerini dort dilde: nemes, fransuz, italýan we retroroman dillerinde tolkuna goýberýär. Takmynan 200-e golaý şweýsar gazetleri, tele we radio redaksiýalary Şweýsariýanyň Telegraf agentliginiň (ATS) maglumatlaryndan peýdalanýarlar.

**Portugaliýada** 70 toweregi gündelik gazetler neşir edilýär. Olaryň içinde iň abraýlysy 1864-nji ýylda esaslandyrylan **«Diariu di Notisiaş»** («Diario de noticias» - «Täzelikler gazeti») atly gazetdir. Resmi bellige alynan hemme neşirleriň 60 goterimi Lissabon şäherinde jemlenendir, ýene-de 10 goterimi Portu şäherinde.

**Awstriýa** metbugatynda Germaniýanyň metbugatynyň täsiri uly. Hemme oňdebaryjy gazetler, şol sanda hem **«Wena gazeti»** 1703-nji ýylda doredilip, Rimde neşir edilýär.

Awstriýa, Ýewropa ýurtlarynyň arasynda ilkinji bolup, 1980-nji ýyldan başlap **«teleteksti»** tolkuna wagtly wagtynda berip başlan ýurt. Ol «teletekstiň» komegi bilen teletomaşaçylar täzelikler bilen, aksiýalaryň bahalary, radionyň we telewideniýäniň programmalarynyň tertibi bilen tanyşyp başladylar.

Demirgazyk Ýewropa dowletleri bolan **Finlýandiýa, Şwesiýa, Norwegiýa, Daniýa we Islandiýa** döwletlerinde halkyň durmuş derejesi orän ýokarydyr şol sanda sowatlylyk derejesi hem beýleki döwletlere garaňda tapawutlanýar. Bu bolsa oz gezeginde kopçülikleýin habar beriş serişdeleriniň hem ösen derejesiniň bardygyny kesgitleýär. Ýokarda ady agzalan 5 dowletleriň ilkinji 2-sinde gazetler ilkinji gezek XVII - XVIII asyrlarda ýagny Şwesiýada -1632-nji, Daniýada - 1749-njy ýylda esaslandyrylypdyr.

## Belgiýa, Niderlandiýa we Lýuksemburg

Belgiýada ilkinji gazet 1605-nji ýylyň 17-nji maýynda, Niderlandiýada 1656-njy ýylda, Lýuksemburgda bolsa ilkinji neşirler ep-esli giç çykyp başlaýar. Ýokarda atlary getirilen 3 ýurtda-da telewideniýe dowlet gurluşygy bilen baglydyr. Fransiýada, Beýik Britaniýada şahamçalary bolan «Radio Lýuksemburg» radiosynyň programmalary giňden tanalýar. Maglumatlary jemleýän we ýaýradýan Belga agentligi hem-de Umumy Niderland metbugat býurosydyr (22).

Gündogar Ýewropa ýurtlarynda **Bolgariýa, Wengriýa, Çehiýa, Slowakiýa, Rumyniýa, Polşa, öňki Ýugoslawiýadan emele gelen ýurtlar we Albaniýada** soňky ýyllarda žurnalistika, žemgyýetçilik gurluşynyň üýtgemegi, sosialistik ideallaryň weýran bolmagy bilen baglylykda çynlakaý synaglara sezewar boldular. Mysal üçin, Polşada 1990-njy ýyllaryň başynda, bary-ýogy 2-3 ýylda dowürleýin neşirleriň uly bolegi doredi. 90-njy ýyllaryň ortalarynda, ownuk neşirleriň bir bolegi, durmuşyň gymmatlamagy, kagyzyň bahasynyň ýokary galmagy bilen, hemaýat ýa-da karz pul serişde alar ýaly ýer tapmansoňlar, bäsdeşlige doz gelip bilmediler. Meşhur hem-de abraýly gazetleriň tiraž sanlary kemeldi, sebäbi okyjylarda «çynlakaý» metbugata üns peseldi. Ýone muňa garamazdan, «bulwar gazetleri» (godek metbugat) gülläp, olaryň aýaklary ýer tutup başlaýar.

Polşanyň metbugatynyň gadymy däpleri bolan. Polşada ilkinji dowürleýin neşir 1661-nji ýylda **«Merkurium Polski»** ady bilen Krakowda we Warşawada çap edilýär. 1761-1795-nji ýyllarda dowürleýin neşirleriň sany birden osýär. Netijede dürli tipdäki neşirler peýda bolýar. Ýone 1795-nji ýylda ýurduň öz garaşsyzlygyny ýitirmegi bilen, ol ýerde umumymilli metbugat organyny doretmäge mümkinçilik bolmaýar.

XIX asyryň 50-nji ýyllarynda Polşanyň Rus imperiýasyna degişli boleginde metbugat reformasy bolup geçýär. Netijede, neşirýat işi kapitalistleriň kärhanalary bilen bagly bolýarlar. 1916-njy ýylda Polşa oz Garaşsyzlygyny dikeldenden soň, ýurtda buržuaz dowletine mahsus metbugat serişdeleri osüp başlaýar.

Häzirki wagtda polýak we sebitlere mahsus neşirleriň 188-si bolup, olaryň umumy tiražy 11 mln. ekzemplýara ýetýär. Emma gündelik metbugat 83 sany neşire degişli we olaryň umumy tiražy 4 mln. (25).

Polşanyň jemgyýetçilik telewideniýesinde 2 sany umumypolýak kanaly ýene-de sebitler üçin niýetlenilen 10 sany stansiýalary bar.

Bulardan başga hem, oblastlarda 14 sany kommerçeskiý telestansiýalar hem hereket edýär. Žemgyýetçilik radiodan başga-da 3 sany kommerçeskiý: **RFM, FM we Radio Zet** diýen radiostansiýalar işleýär Katolikleriň **«Radio Mariýa»** radiostansiýasy bolsa, bütin ýurt çäginde

gije-gündiziň dowamynda işleýär.

Häzirki wagtda Polşada 140 sany garaşsyz we hususy radiostansiýalar işleýärler. Polşanyň 1945-nji ýylda doredilen **«Polska agenža prasowa»,** 1951-nji ýylda doredilen Merkezi fotoinformasiýa agentligi, 1967-nji ýylda doredilen Interpress agentligi, 1981-nji ýylda doredilen Umumypolýak işçi agentstwasy dagy işleýärler.

**Bolgariýada** radiogepleşik 1929-njy ýylda doredilen, ýone Bolgar telegraf agentligi 1896-njy ýylda esaslandyrylan. Ondan hem oň, 1880-nji ýylda wenger telegraf agentligi doredilen bolsa, **Çehoslowakiýada** telegraf agentligi 1918-nji ýylda doredilýär.

Ýöne, Rumyniýada, Ýugoslawiýada we Albaniýada žurnalistikasynyň informasion infrastrukturasy ikinji Jahan urşunyň soňky ýyllary (1943-1945) hereket edip başlady.

**Iri köpçülikleýin habar beriş serişdeleriniň eýeleri** .'Uii'
''' I'jfjr,-Taryhda ilkinji gezek gazet tresti, (ýagny kapitalistik ,
*fa* monopoliýalarynyň formalaryň biri) bolan Skripis tresti
ABŞ-da doräpdir. Onuň yzysüre Herstiň, Mak Komigiň,
Pattersonyň ... trestlerinde hususy gazetler peýda bolup
başlapdyr. .

ABŞ-da 1700 sany gündelik gazetler bar. Olaryň bir gezekdäki çykýa umumy tiražy 60 million ekzemplýardan hemi geçýär. olaryň ýüzden ýetmiş goterimi 149 sany gazet trestleriniň, sindikatlaryň, kompaniýalaryň paýlaryna düşýär. Olaryň arasynda: «Gannet kompani, inkoporeýted», «Naýt-Ridder nýuspeýpere», inkorporeýted», «Hefst korporeýşn», «Rtibýun kompani», «Nýu-Ýorktaýms kompani», «Nýu Amerika pablişing», Rupert Merdokyň topar6 «Taýms mirror kompani», gazet tresti Nýu-hauza dagy oňdäki orunlary eýeleýärler.

Neşirýat işindäki konsentrasiýa (toplanma) we monoplizasiýa metbugaty amerikan ykdysadyýetiniň mohüm pudaklaryriyň birine owürdi. On sany gazet kompaniýalary, amerikanyň 500 sany iri korporasiýalarynyň sanawyna girýär. «Gannet kompani>> 1995-nji ýylyň iýuiynda 1,7 milliard dollara, 11 sany gündelik, 49 sany herh başga neşirleri çykarýan, şonuň ýaly-da, kabel telewideniýe ulgamy hem-de gepleşik berýän stansiýasy bolan «Malitmedia» kompaniýasyny satyn aldy. Şeýlelikde «Gannet kompani» oňküsine garanyňda has hem güýçlendi. Onuň garamagynda indi (has takygy 1996-njy ýylda) umumy tiražy 6,4 million ekzemplýar bolan 93 sany gazet, 15 telestansiýa, 13 radiostanşiýa, kabel tlewideniýesini gormäge isleg bildirip toleg edýänleriň 450 müňüsi bar. Tuson (Arizona) we Sent-Luis şäherlerinde bary-ýogy 3

gazetiň eýesi bolan «Pulitser pablişing kompani» kompaniýasy 1996-njy ýylda 214 million dollara welaýat metbugatynyň «Skripps lig nýuspeýmers» atly kompaniýasyny bütinleýin satyn aldy. Öl satyn alnan kompaniýanň 16 sariy gündelik gazetleri, (tiražlary 32 müňe çenli) hem soňrä «Pülitser pablişing kompaniniň» haýryna geçipdir. Geçen asyryň 90-njy ýyllarynda gazetleri satmak-almagyň strategiýasy biraz üýtgäpdir. Eger ozal gazetleri çem gelen ýerden, düzgün-tertipsiz satyn alan bolsalar, 1995-nji ýyldan soň ol gazetleri geografiýanyň prinsipi boýunça «bir sebitiň», «bir şäheriň» bir kompaniýanyň gazetlerini toplumy bilen satyn alyp başiadylar. Mysal üçin, 1995-nji ýylda «Naýt Ridder» korporasiýasy «Leşer kommýunekeýşne» kompaniýasyny satyn alýar. Bu kompaniýanyň Kaliforniýada 5 sany gazeti bolup, hut şol ýerde-de ozaldan «Naýt Ridder» korporasisyna degişli «San Hose merkýuri nýus» gazeti barekeni...

Beýik Britaniýada hem edil beýleki ýurtlardaky ýaly, soňky on ýyllaklarda kop bolmadyk gazet konsernlerniň, transmilli irleşikleriň ellerinde hemme gazetler diýen ýaly konsentrasiýa edildi, ýagny jemlenildi. Merdokomyň başlyklygynda gazet bazary ägirt gazet - neşirýat monopoliýasyny ýasaýar.

Mysal üçin, lord Rotermiriň gazet işini, restoran işi we nebit biznesi bilen bir wagtda alyp barýan «Assoşieýted nýus peýpera» toparynda «Deýli meýl» we «Meýl on sandi» gazetleri hem-de dort sany kommerçeski radiostansiýalary bardy. Bu konserne ýene-de birnäçe welaýat gazet-neşirýatlary degişlidi. Bulardan başga-da bu konserne gazet kompaniýalary bolan «Nort klif nýuspeýperz grup», Londandaky agşamk gazet bolan «Standard» («The standard» - «Baýdak») gazetiniň eýesi «Iwnig standart» ozaldan he degişlidi. Bu konserniň toparynyň Deirgazyk deňizde nebit gazyp alyp hem uly gidejini alýangyny hem aýtmak gerek.

«Miror grup konsorsium». Ýeropadaky iň güýçli gazet konsernleriniň biri. Ol «Britiş printing end komýunikeýşn koporeýşnl» neşirýat birleşigine we neşirýat kompaniýasy «Pergmon press» kompaniýasyna degişli...

Konsern iki sany gündelik umumymilli gazetler bolan: «Mirror» we «Sporting laýor» («Sport durmuşy») gazetleriniň hem-de ýekşenbe gününde neşir edilýän «Sandi pipl» gazetine eýeçilik edýär. Emma «Sandi mirror», «Tomson riženl nýu peýperz» ýaly gazetler Kanada ýurdundan bolan gazet magnaty Tomsonyň toparyna degişlidir.

Tomsonyň topary 14 sany gündelik, esasan hem «welaýat» (ikinji derejeli) gazetleriniň, şol sanda şotland neşiri bolan «Deýli rekord» («Daily rekord» -»Gündelik wakalar»), «Sandi meýl», «Skotsmen» («The scotsman» - «Şotlandly»), diňe ýekşenle güni çykýan gaýetiň hem-de 4 hepdelik neşirleiň eýesidir.

«Nýu inteneşnl» gazet tresti awtstraliýaly gazet magnaty Rupert Merdoka degili. Ol 1985-nji ýylda ABŞ-nyň raýatlygyny alan. Onuň eýeçiligindäki bu gazet tresti 2 kompaniýany ozünde jemleýär: birinžisi -«Taýms nýus peýperz» (bu kompaniýa umumymilli «Taýms» we «Sandi taýms» gazetlerini neşir edýär), ikinjisi blsa - «Nýus grup nýuspeýperz (bu kompaniýa umumymilli «San», hepdäniň ýekşebe güni neşir edilýän «Nýus of uorld» gaztlerine eýeçilik edýär. «Nýus of uorld» we «San» gazetleri ABŞ-da iň ýokary tiražly gazetler. Olaryň her biriniň tiražy 4 million ekzemplýardan agýar.

Ýunaýted nýuspeýperz» - bu gazet-neşirýat konserni maliýe bilen iş salyşýan Dewid Stiwene degişli. Onuň elide: «Deýli star», «Deýli ekspress», «Sandi ekspress» ýaly umumymilli gazetler, ýüzlerçe «welaýat» (ikinji derejli) gazetler bar. «Welaýat» neşirleriniň arasynda iň irileri: «Ýorkşir post» gazeti we «Panç», «Kantrimen» žurnallarydyr.

Germaniýa. 1947-nji ýylda Gamburgda Aksel Sezar Şpringer diýen şahsyýet gazet we neşirýat bile ş salyşýan konerni esaslandyrýar. 1970-nji ýylda ol konserniň ýerine aksioner jemgyýet bolan «Aksel - Şpringer ferlag» doredilýär. Bu aksioner jemgetiniň aksiýasynyň kontrol paketiniň ýüzden 51 goteriminden: Şpringeriň neşirýatlaryna 26,1 goterimi, doganlar Frider we Hubert Burda ikisine 24,9 goterimi degişli bolup, olar aksioner jemgyýete hemmetaraplaýyn täsir edip bilýärler. Ol aksionerjemgetde bar bolan (galan) 49 goterim aksiýa eýeçilik edýänler: «Nemes banky», «Şering» himiýa konserni «Şering», sowda firmasy «Otto-ferzand» hem-de «Mersedes - automobil-holding» konsernidir. Aksel Sezar Şpringer 1985-nji ýylda aradan çykýar. Netijede, oňa degişli aksiýanň kop bolegi onuň dl galan aýaly - Fride Şpringre geçýär.

Şpringeriň konserni Germaniýada neşir edilýän hemme gündelik we ýekşenbe güni çykýan gazetleriň 80 goteriminiň eýesidir. Oňa şeýle hem 5 sany iri gündelik gazetler bolan: «Welt» («Die welt» - «Dünýä»), «Bild» («Bild» - «lllýustrasiýaly (suratlar bile bezelen) gazet», «Gambrger abenblat» («Hamburger abendblatt» -»Gamburgyň agşamky sahypasy»), «Bild Berlin» gazetleri hem-de surat bilen bezegli hepdelik (teleradio mesellerine degişli) «Hersu2 we «Funk ur» žurnallary degilidir.

Germaniýanyň metbugat, neşir dünýäsinde «Bertelsman» konserni hem işjeň rol onaýar. Onuň maliýe bähbidi hemme kopçülikleýin habar beriş serişdelerinde, kitap çap edýän neşirýatlarda, kinematografiýada bar. «Bertelsman» ululygy boýunça Şpringerden soňra ikinji eýeçilik blup, gazetdir žurnallary neşir edýän «Gruner und ýar» («Gruner und yahr AG») neşirýatynyň eýesidir. Şeýle hem «Bertelsmana» abraýly, tiražy 2 milliondan agýan «Ştern» žurnaly, hepdelik gazet

«Saýt», «Kapital» žurnaly hem-de ýaşlar we zenanlar üçin niýelenen bezegli neşir bolan «Geo» degili.

Gamburgda «Augşteýn» bileşigi tarapyndan neşir edilýän hepdelik «Şpigel» («Der Spiegel» - «Aýna») bolup, onuň tiražy 1 milliondan ýokary, ozi hem syýasy taýdan iň abraýly neşirdir.

Mýunhen şäherindäki gazet - neşirýat birleşigi «Zýuddoýçer -ferlag» («Suddeutscher-verlag») jenap Genrih Bauere degişli.

Bu irleşik «Gruner und ýar» bilen bir hatarda, bezegli (suratly) žurnallary neşir etmekde esasy rollaryň birini oýnaýar. Bezegli (surat) žurnallardan: «Kwik» («Quick») - «Çalt»), «Noýe rewýu («Neverevue») - «Täze (gysga) habarlar» «Praline» ýaly žurnallar hem-de hepdelik gazetler bolan «Noýe blat» (Das neve blatt) - «Täze ýaprak») gazetleriniň we hepdelik žurnl «Brawo» žurnalynyň eýesidir.

Fransiýa. Bu ýurtda «Aşett» («Le groupe Hachette») topary 1826-njy ýylda doredilen. Bu topar «Grasse Faskel», «Faýýar», «Stok», «Le Şen», «Mazorin» we beýleki neşirýatlara ýolbaşçylyk edýär hem-de dürli dersler boýuna okuw kitaplarynyň üçden birini neşr edýär. Toparyň ktaplary satmak-elemek boýuça monoglpiýasy bolup, «Nuwel messažri de la press Parizen» firmasynň üsti bilen gazetdir žurnallaryň satylyşyna hem ep-esli derejeýe kontrollyk edýär. Çünki, «Nuwel messažri de la press Parizen» firmasyna ol toparyň ýüzedn 49 goterim aksiýasy bar. «Aşşet» topary şeýle hem tapgyrlaýyn neşirler bolan: «Beýik hudožnikler», «Medisinadaky meşhrlyk», «Muzeýler» kitap tapgyrlaryny hem neşir edýär. Her ýyl 70 million ekzemplýardan kopräk dürli kitaplary, gazetdir žurnallary neşir edýär. Ol žurnallaryň içinde: «Žurnal dýu dimanş» («Le journal du dimanche» -«Ekşenbe gazeti»), «El» («Elle» - «Ol (gyz»), «Tele-setžur» («Tele 7 jours» -«Telehepdelik» we beýleki žurnallar bar. Bu bolsa bütin Fransiýada nşir edilýän žurnallaýň ýüzden 15 bolegini aňladýar. «Aşşet» toparynyň düzüminde 20.000 adam işleýär.

«Ersan» topary. «Ersana» («Le groupe de press «Hersant») topary 1950-nji ýylda Rober Ersan tarapyndan (ol 1996-njy ýylda aradan çykýar) esaslandyrylan. Rober Ersanyň ilkinji neşiri awtoulag soýüjiler üçin niýetlenen «Oto-žurnal» din žurnal bolupdyr. Häzirki wagtda «Ersan» topar, Fransiýada neşir edilýän hemme gazet-žurnal onümleriniň ýüzden 20 bolegin eýeçilik edýär. Şonuň ýaly-da Belgiýadaky birnäçe neşirleri maliýe taýdan üpjün edýär. Rober Ersanyň mirasdüşerleri 6 sany neşir bilen .... kompaniýalara eýeçilik edýärler. Olaryň içide iň irisi «Sokpress» kompaniýasydyr. Ol kompaniýalar Parižde we ýurduň welaýatlarynda: 18 sany gündelik, 9 sany umumysyýasy hepdelik gazetleri; 10 sany ýoriteleşdirilen žurnalllary neşir edýärler.

Olaryň arasynda gündelik gazetlerden: «Figaro», «Frans-suar» («France-soir» - «Fransiýanyň agşamy»), «Parizen libere» («Le Parizien libere» - «Azat bolan parižli») ýaly Parižde neşir edilýän gazetler; «Dofine libere» («Le Dauphine Libere» -»Azat edilen Dofine») gazeti - Grenoblde neşir edilýän gazet; «Pari-Normandi» ýaly Ruanda; «Sýud-uest» («Sud-ouest» -»Günorta-Günbatar») ýaly Bordoda neşir edilýän gazetler iň abraýly gazetlerdir.

Ersanyň kärhanalaryda 10.000-den kopräk adam işleýär. Ýone, «Ersan» toparynyň geçen asyryň 90-njy ýyllaryndan tä XXI asyryň başyna çenli (sebäbi ol toparyň 2000-nji ýyldan soňky ykbaly baada bizde maglumat ýok ykdysady kynçylyklary başdan geçirýär. Eýýäm 1994-nji ýylda ol toparyň bergisi 4 milliard franka baran bolsa, 1990-1993-nji ýyllar reklamadan gelýän girdejisi 4 milliarddan 2,6 milliarda çenli azalypdyr (65). Şonuň üçin «Ersan» topary Gündogar «Ewropada ozüne degişli kop neşirýatlaryny satmaga mejbur bolýar. Şonuň ýaly-da Merkezi Ýewropada çykarýan käbir gazetlerini ýapýar. Fransiýada bolsa, 3 gazeti birikdirip 1 gazet edýärler.

Maliýe kynçylygy diňe bir «Ersan» topary üçin däl, şeýle hem beýleki konsernlerde hem ýüze çykypdyr. Soňky ýyllarda «Liberason» gazeti hem maliýe çokgündiigine garşy aýgtlaýjy goreş alyp bardy. Muňa garamazdan, 1994-nji ýylda «Liberason» gazetiniň aksiýalarynyň kontrol paketi «Şaržer» toparyna geçdi.

Fransiýanyň gazet-žurnal bazarynda geçen asyryň 70-nji ýyllaryda nemes Bertelsmanyň toparynyň, 90-njy ýyllaryň başynda bolsa iňlisleriň ÝeMAP atl konserniniň peýda bolmagy uly owrülişik doretdi. Şol wagta çenli Fransuz gazet-žurnal bazarynda «Aşett» topary agalyk edýärdi. Onuň üstesine-de, 1995-nji ýylda telekommunikasiýa boýunça dünýäde iň iri topar bolan «Alkatel-alstom», fransuz topary bolan «Gawasyň» aksiýasynyň ýüzden 21 bolegini satyn alýar. Onuň owezine «Gawas» fransuz konserni «Alkatel ženeral oksidantal» kompaniýasynyň filialyny ele geçirýär. «Alkatel ženeral oksidantal» oz towereginde dowürleýin žurnal neşiri bolan «Ekspress», «Puen» we beýleki neşirlerini, kitaplary neşir etmek meselesini jemleýär. Şonuň ýaly-da, ol filialyň «Nostalži» radiostansiýasy, şeýle hem «Ewronýus» telestansiýalary üçin maliýe goýumlary bar.

Şeýlelikde, «Gawas» diýen fransuz toparynyň dowürleýin metbugatda ýeterlik täsiriniň bolandygy hemmelere gornüp duran zat. Emma «Aşett» topary bolsa oz täsirini Fransiýanyň daşynda berkitmäge mejbury bolýar. «Aşettiň» 1995-nji ýyldaky ABŞ-da alyp baran işi oňa - 3 milliard franky, Ispaniýadaky işi - 630 million franky, Aziýada we Okeaniýada alyp baran işi 200 million girdeji getirýär (66). Hut şol ýyl hem «Aşett» topary Merdokdan «Mirobella» žurnalyny satyn alýar hem-de Russiýanyň «Komsomolskaýa prawda» neşirýaty bilen Moskwada we Sankt-Peterburgda zenanlaryň žurnaly «El» žurnalynyň rusça nusgasyny çap etmäge ylalaşyga gelýär. Russiýa bilen Fransiýanyň «El» žurnalynyň bu ylalaşygy, ol

žurnalyň eýesiniň bu žurnaly daşary ýurtlarda neşir edilýän nobat býunça 27-nji nusgasydygyna şaýatlyk edýär.

Kanada. Tomsonyň topary (The Thomson group) ady bilen

meşhur konsern Kanada iň iri transmilli gazet we žurnal konsernidir. Ştab-kwartirasy Toronto şäherinde ýerleşýän bu konsern XX asyryň 20-nji ýyllarynda kanadaly magnat, millioner lord Roý Tomson (1976-njy ýylda aradan çykan) tarapnydan esaslandyrylýar. Tomsonyň işi onuň ogly - lord Kennet Roý Tomson dowam etdirýär. Tomsonyň topary Kanadada, ABŞ-da, Beýik Britaniýada, Aziýanyň we Afrikanyň birnäçe dowletlerinde bar bolan neşirýat, teleradiokompaniýalary ozünde jemleýär. Şeýle hem Tomsonyň topary birnäçe nebit we gaz bilen işleşýän kärhanalara, ulag, sowda, ätiýaçlyk (strahowoý), maliýe bilen iş salşýan, syýahatçylyk kompaniýalara, kärhanalara edaralara eýeçilik edýär. Ýone iň kop girdejini Tomsonyň konserni kopçülikleýin habar beriş serişdelerinden gazanýar. Bu konsern Kanadada şeýle hem ABŞ we Beýik Britaniýa ýaly ýurlarda 200 toweregi gazeti, 100-den kopräk žurnaly neşir edýär.

Toronto şäherinde şeýle hem «Sautem inkorporeýted» (Southam Incorporated) atly gazet-neşirýat bilen iş salyşýan trest bar. Bu trest 1927-nji ýylda doredilýär. Ol ozüne XIX asyrda doredilen hem-de Sautel maşgalasy tarapyndan doredilen neşirýat kompaniýalaryny birikdirýär. Trest 11 sany gündelik gazeti, şol sanda «Gazett», «Kalgari gerald» («Kalgariniň habary»), «Prowins», («Welaýat»), «Sitizen» («Raýat») ýaly gündelik gazetleri, «Faýnenşl taýms of Kanada» («Kanadanyň maliýe wagty») atly hepdeligi neşir edýär. Şeýle-de trestde 39 sany kommerçeski neşiri, 24 sany sprawoçniki bar. Umuman aýdanyňda trest Kanadanyň gündelik gazetleriniň ýüzden 27,6 bolegine eýeçilik edýär, 10 sany çaphanasy (tipografiýasy), 53 sany sergisi hem bar. Trest Kanadada we beýleki ýurtlarda kopsanly radiotelewizion stansiýalary kabelli

telewideniýe ulgamy bolan aragatnaşyk kärhanasy üçin kop maýa goýumlaryny goýan. Trestiň birnäçe filiallary we şahamça kompaniýalary hem bar. Hususan he «Pasifik press» kompaniýasydyr. Şeýle-de trestiň Sautem nýus atly metbugat gullugy hem bar.

«Hollinger inkorporeýted» diýip atlandyrylýan kanad kompaniýasyna ABŞ-daky «Çikago santaýms», Londondaky «Deýli telegraf» gazeti degişli. Bu kompaniýa ozgelerden gazeti satyn almak, ozünde bar bolan gazetleri satmak netijesinde 1996-njy ýylda dünýä metbugatynda liderlik derejesini eýeledi. Häzirki wagtda bu kompaniýa dünýäniň dürli ýurtlarynda neşir edilýän 137 gündelik we 397 hedelik gazetler degişli. Bu san R.Merdokyň eýeçiligindäki neşirlere garaňda has agdykdyr.

Türkiýe Respublikasy. Türki dilde gürleýän halky bolan dowletleriň arasynda kopçülikleýin habar beriş serişdeleri beýleki türki dowletlere gorä has kämil Türkiýe Respublikasydyr.

Ilkinji nobatda, ol ýurtdaky informasion (habar) agentsalar barada durup geçeliň.

«Anadoly». Bu informasion agentligi mohüm agentlikleriň biri bolup, ol 1920-nji ýylda Ata Türküň gorkezmesi boýunça esaslandyrylýar. Bu agentstwa degişli 2000 aksiýa bolup, onuň 952-si dowlete degişlidir. Şonuň üçin hem bu agentswa ýarym resmi-dowletidir. Agentstwanyň Merkezi Ankarada, onuň käbir daşary ýurlarda hem habarçy nokatlary bar.

«Akjans», «ANKA», «Ekonmik basin ajens», «Habar», «IKA»,

«Tuba», «Ulusal basin» ýaly infomasion (habar) agentswalary hem mohüm agentstwalar hasaplanylýar.

**Radio.** Türkiýe Respublikasynda radio gepleşik 1925-nji

ýylda başlanýar. Telegepleşikler Türkiýede 1964-nji ýylda açylýar. Bu ýurduň dowlet radiosy ülkäniň hemme ýerine ýaýraýar we onuň 1995-nji ýyla çenli: 4 sany programmasy daşary ýurtlar üçin gepleşikleri taýýarlapdyr, ýurt boýunça jemi 50 radiostansiýa hereket edipdir. Bu ýurtda hususy ýeleradio kompaniýalary hem orän kop.

Türkiýäniň daşary ýurtlaryň ilaty üçin radiogepleşikleri hem berýändigini aýtmak gerek. Tä 1995-nji ýyla çenli Türkiýäniň Dowlet radiosy her gün sagat 16-dan gysga tolkunlarda daşary ýurt dilleri bolan: alban, arap, azebaýjan, bolgar, hytaý, iňlis, fransuz, nemes, grek, pars, rumyn, rus, serb, urdu dillerinde gepleşik berýärdi. Soňky ýyllar Türkiýe Dowlet radiosy Merkezi Aziýada we Wolga boýunça ýaşaýan (türkmen, ozbek, gazak, gyrgyz, tatar, başgyrt) halklaryň dillerinde hem gepleşikleri berýär.

**Telewideniýe.** 1965-nji ýylda açylýar. llki dowürler TRT

(Türkradiotelewideniýe) oz gepleşiklerini diňe Ankarada gorkezip bilipdir. Soňra ýuwaşlyk bilen ýurduň beýleki şäherlerine hem gorkezip başlaýar. 1979-njy ýylda hususy teleradio kanallary açmaga hem ygtyýar berilýär. Tä 1995-nji ýyla çenli Türkiýäniň Dowlet telewizion kanallarynyň sany 6 sany hem-de 10-dan kopräk hususy telewizion kanallary bolan.

Häzirki wagtda hususy teleradio kanallaryň sany orän

köp...

## Fransiýada bezeg neşirleri

Bezegli neşirleriň sany artyp ugrady. Diňe bir Fransiýanyň özünde asyryň dowamynda 130-a golaý bezegli gazet-żurnallar çap edildi. 1905-1906-njy ýyllarda gazetler syýasy we jemgyýetçilik çärelerini—sport ýaryşlaryny, heläkçilikleri, jenaýatçylykly wakalary beýan edenlerinde wakalaýyn suratlary giňden ulanyp başladylar. Ozallar iri wakalaryň bolýan ýerine reportaż häsiýetli suratlary taýýarlamak üçin hudożnikler ugradylýan bolsa, olaryň ornuny fotoreportýorlar eýeläp başlady. Reportaż suratlary ABŞ-niň häzirki metbugatynda hem saklanyp galdy. Kazyýet prosesleri illýustratiw ýagdaýda beýan edilende surata düşürmek gadagan bolan halatynda, suduň mejlisinde hudożnikleriň işi ulanylýar. 1910-njy ýyldan soňra żurnallar neşir edilende köp öwüşginli tehnologiýa giňden ulanylyp başlaýar. Munuň özi illýustrasiýany ulanmagyň hilini görnetin gowulandyrýar.

**«Köpçülikleýin» neşirler.** Industrial rewolýusiýanyň sosial-ykdysady zyýanlarynyň we neşirýat işleriniň täjirçilik usulyna geçmeginiň ösmegi netijesinde «köpçülikleýin» metbugat adyny alan ýörelge kemala geldi. Oňa sensasiýa, wakalaryň ýüzleý esasda seçilip beýan edilmegi, faktlaryň ýoýulmagy, adamlaryň şahsy durmuşyna gödek aralaşylmagy, okyjylar köpçüliginiň bilime meşgul bolmagynyň tersine güýmenjelere ähmiýet berilmegi ýaly häsiýetler mahsus boldy. Ol özüne metbugatyň «penni» görnüşine mahsus bolan birnäçe ýörelgeleri miras aldy. «Köpçülikleýin» neşirleriň çapçylary we redaktorlary żurnalistika ýöregeleriniň aýratyn toplumyny işläp taýýarladylar. Bu bolsa täjirçilik üstünligini üpjün etdi. Şol ýörelgeler hem ABŞ-daky «täze żurnalizm» diýip atlandyrylýan ýörelgäniň esasyny düzdi.

Köpçülikleýin neşirleriň klassyky nusgalary hökmünde J.Pulitseriň «New Ýork World» we U.R.Herstiň «New Ýork

Journal» gazetlerini görkezse bolar. Olaryň neşirleri öz metbugatyna ünsi çekmek maksady bilen, okyjylar köpçüliginiň täze gatlagyna mahsus bolan häsiýetnamany ulanyp başladylar. Ol gazetler bilim we medeniýet boýunça aşaky gatlaga degişli okyjylara niýetlenendir. Olar köpçüligiň intellektual we medeni taýdan ösüşini şertlendirmän, iň bir yzagalak okyjylar köpçüliginiň derejesine çenli düşürýärler. Olara yzagalak pikirler mahsus bolupdyr. «Köpçülikleýin» metbugat köplenç halatda okyjylaryň aňyna däl-de, esasan emosional deliller bilen olaryň duýgularyna täsir edipdir.

Täzelikler çap edilen mahalynda sensasiýa talaplaryna eýerilende, okyjylary geň galdyrmak we ünsüni sowmak maksady bilen gazet üçin esasan emosional taýdan «zäherlenen faktlar», dawaly habarlar saýlanyp alnypdyr. Sensasiýanyň täsirini artdyrmak üçin habarlaryň erkin interpretasiýa ýoly bilen çaklamalar ulanmak, faktlary doly peýdalanmazlyk, faktlaryň öz jähetinden daşgary berilmegi ýaly ýollar bilen faktlar ýoýlupdyr. «Köpçülikleýin» metbugata sadalyk, ýönekeýlik ýörelgesi mahsus bolupdyr. Neşirler köplenç halatda wakalaryň berilmegi we adamlaryň hereketi beýan edilende hakykatdan gaça durlupdyr. Olar okyjylary dünýä bolan bir ugurly çäklendirilen garaýşa gönükdiripdirler. Daşarky dünýä barada beýan etmeler stilinde hem ýöntemlik agdyklyk edipdir.

Pulitser we Herst okyjylaryň ünsüni çekmek üçin öz gazetlerinde ýüzleý bezegleri ulanypdyrlar. Köplenç halatda neşirleriň birinji sahypalarynda iri bezegli, göze ilginç sözbaşylar bolupdyr. Hut şol döwürden «köpçülikleýin» neşirleriň gazet şapkalaryny ulanmak döwri başlapdyr.

Illýustrasiýalar, kitapçalar giňden peýdalanylyp başlapdyr. «New Ýork World», «New Ýork Journal» gazetleriniň sahypalarynda kitapçalaryň personažlary—»sary ýigitler» çap

edilipdir, soňlugy bilen bu adalga «sary» metbugat (żýoltaýa pressa) adyny alypdyr.

Auditoriýalar ugrundaky göreşde okyjylar köpçüliginiň ynamyny gazanmak ugrunda gazetler «täze żurnalizmiň» ruhunda hereket edip, özlerinde ýönekeý adamlaryň abadançylygy hakynda alada edýän neşirleriň keşbini döretmäge çalşypdyrlar. Şu maksat bilen redaksiýalar sarp edijileriň hukugyny goramak maksady bilen («haçly ýörişleri») ýörite şäher kwartallaryň we beýlekileriniň arassaçylygyny gowulandyrmak üçin kampaniýalary gurapdyrlar. Şunlukda ol kampaniýalar öz-özüni mahabatlandyrypdyrlar. «Sary» metbugatyň meşhurlygynyň artmagy bilen sahypalarynda çap edilýän mahabatlar arkaly neşirlerden girýän girdeji we harytlara köpçülikleýin islegler artypdyr. Ägirt uly täjirçilik mahabatlaryny çap etmek bilen «sary» metbugat isleg bildirýän sarp edijileriň jemgyýetiniň döremegine oňyn täsirini ýetiripdir.

Daniýaly żurnalist H. Kawling 1880-1890-nji ýyllarda Amerikanyň «täze żurnalizminiň» nusgasyny uly höwes bilen kabul edipdir we bu ýörelgäni Daniýada ýaýbaňlandyrypdyr. Ol, «gazetler gözelligi döredijiler we syýasatçylar däl-de, żurnalistler tarapyndan döredilýär, olar aşaky gatlagyň wekilleri üçin ýazylýar. Şeýlelikde, olara kömek berilýär, olaryň öz bähbitleri üçin korrupsiýa garşy göreşler barada habardar edilýär. Reportýorlar we söhbetdeşlikler häzirki metbugatyň üns merkezindedir... Munuň özi aňrybaş żurnalistikadyr» diýip ýazýar. Ýöne «sary» metbugatyň häsiýetiniň tutuş jemlerini nazara alanyňda, şunuň ýaly baha örän ugursyz görünýär. Ilkinji metbugat neşirleriniň hakykatdan-da taryhy taýdan esasy ähmiýeti, olaryň köp sanly adamlaryň gazetleri yzygiderli okamak endigini kemala getirmekden, öň çap edilen sözlerden daşda durýan adamlaryň gazete imrikmegini emele getirmekden ybarat bolup durýar. «Köpçülikleýin» metbugatyň

esasy artykmaçlyklarynyň biri hökmünde öňdebaryjy poligrafiýa we kommunikasiýa tehnologiýalaryny çalt durmuşa ornaşdyrmak we peýdalanmak diýip, barlagçylar belleýärler.

**«Ýokary hilli» metbugat.** Haçanda metbugat köpçülikleýin habar beriş serişdesine öwrülende, metbugatyň bu elitar däpleriniň gönüden-göni dowam etdirijileri hökmünde «ýokary hilli» neşirler diýlip atlandyrylýanlary öňe çykýar. Londonyň «The Times» gazeti köp wagtlap «ýokary hilli» metbugatyň nusgasy hökmünde görlüpdir. Bu gazet döwlet we syýasy elitanyň toplumyna, biznes wekillerine, intelligensiýanyň öňdebaryjylaryna gönükdirilipdir. Ýöne bazar gatnaşyklarynyň ösmegi, hojalyk mehanizminiň, we ykdysady dolandyrmalar ulgamynyň çylşyrymlaşmagynyň ýokarlanmagy aýratyn alnan elita okyjylary üçin niýetlenen gazetleriň döremek zerurlygyny emele getirýär. Olaryň hataryna bolsa maliýe toparlarynyň wekilleri, birżaçylar, senagatçylar, bank sferasynyň we ätiýaçlandyryş biznesiniň müdirleri giripdir. Hut şeýle topardaky okyjylar üçin Londonda 1888-nji ýylda «Finansial Times» atly gazet döredildi. Ol maliýe-ykdysady meseleleri beýan etmäge we Londondaky işewür toparlar bilen ysnyşykly gatnaşyklary ýola goýmaga ýöriteleşdirilýär. Soňky ýylda bolsa Nýu-Ýorkda Ç. Dounyň we E. Żonsonyň ýolbaşçylygynda «Wall Streýet -ournal» bilen ugurdaş gazet döredilýär. Ol amerikaly dolandyryjylar we maliýeçiler üçin ygtybarly habarlar çeşmesi bolup hyzmat edýär.

ABŞ-niň syýasy we işewür toparlary Angliýanyň «The Times» gazetine çalymdaş, metbugat habarlary bilen tanyşdyrýan neşire mätäçlik edýärler. Olaryň islegiçe täze neşir diňe bir ykdysady we maliýe meselelerini beýan etmän, eýsem ýokary derejeli okyjylary içeri we daşary syýasat boýunça, jemgytçilik we medeni durmuş babatda doly we köptaraplaýyn habarlar bilen ýeterlik derejede üpjün edip bilýän neşir gerek. Şeýle hem şol neşiriň üsti bilen hemişe üýtgäp durýan

ýagdaýda dogry ugur saýlap almaga we dolandyrmagyň esaslandyrylan kararlaryny kabul etmäge mümkinçilik döremeli. Prowinsial neşirçi A.Oks 1896-njy ýylda «New York Times» gazetini satyn alyp, bu neşiri hökümete garaşsyz çeşmä öwürmek we ýurtdaky, halara arenasyndaky wakalaryň ýagdaýlary hakynda yzygiderli habar berýän neşire öwürmek zerurlygyny ýüze çykarýar.

«New York Times» gazetindäki maksatnamalaýyn beýannamasynda OKS gazetiň ähli mynasyp täzelikleri islendik partiýa, sekta ýa-da haýsydyr bir toparyň bähbitlerine seretmezden, gönümel ýagdaýda çap eder diýip belleýär. Neşiriň fundamental prinsipleriniň biri hem täzelikleriň anyk bölünmelerini we olara syn berilmegini aýan etmek bolupdyr.

Gazet täzelikleriň özboluşly ensiklopediýasyna öwrülmelidir. Ol ähli ähmiýeti bolan (redaksiýanyň nukdaý nazaryndan) wakalary habar bermelilir, çünki ol sowatly okyjylary anyk faktlar we resminamalar bilen üpjün edýär. OKS redaksiýanyň işgärlerini beýleki neşirler tarapyndan ret edilen, ýöne işewür toparlarynyň, döwlet administrasiýasynyň, intelligensiýanyň öňdebaryjylarynyň wekilleriniň ünsüni gazete çekip biljek habarlary toplamaga gönükdirýär. «Täzelikler ensiklopediýasyny» neşir etmäge çalyşmak gazetiň iri möçberli, örän manyly çykmagyny şertlendiripdir. Şunlukda ol neşir örän köp sanlary, resminamalary, statistik maglumatlary özünden daşlaşdyrmaga çekinmändir. «New York Times» gazetinde ýerleşdirilýän örän köp mukdardaky maglumatlar diňe sowatly, gowy taýýarlykly okyjylar üçin niýetlenipdir.

Gazet örän hilegärlik bilen jemlenen syýasy we ykdysady meselelere bagyşlanan ýokary derejeli maglumatlary, habarlar organynyň köptaraplylygy bilen abraý gazanypdyr. «New York Times» neşirinde öňe sürülýän redaksion makalalaryň we beýleki publikasýailaryň pikirine hem-de bahalaryna görä, Amerikanyň we daşary ýurtlaryň syýasatçylary, işewür

toparlarynyň wekilleri bu neşiriň pikirine gulak asmaga mejbur bolupdyrlar. Amerikanyň barlagçysy we metbugat tankytçysy N.Homski gazetiň jemgyýetçilik-syýasy ornuna baha bermek bilen ony Nýu-Ýorkuň «Prawdasy» diýip atlandyrypdyr.

Täze «ýokary hilli» gazet täzelikçiler üçin ýat bolmandyr. Çap edilýän habarlaryň hakykatdan-da dürsligini üpjün etmäge çalyşmak redaksiýany ösen, resminamalary sistematik taýdan guramak gullugyny döretmäge mejbur edipdir. Munuň özi häzirki bank maglumatlarynyň özboluşly keşbi bolupdyr. Şol ýerden żurnalistler dessine özüne zerur bolan sorag-jogap materillaryny we resminamalary (Meselem, syýasatçylar we biznesmenler hakynda biografik maglumatlary, ykdysady we syýasy statistikany, gazet gyrkyndylarynyň we fotoillýutrasiýalarynyň ýygyndysyny) alyp bilipdirler. Soňlugy bilen bu gullugyň hereket etmegi netijesinde redaksiýalar operatiwlikde we habarlaryň doly bolmagynda birnäçe gezek bäsdeşlerinden üstün çykypdyrlar. Haýsydyr bir adamyň ölümi mynasybetli nekrology çapa taýýarlamak üçin sanalgyja minutlar gerek bolupdyr.

«New York Times» gazetiň örän gowy gurnalan mahabat gullugy bolupdyr (bu häzirem şeýle). Bu bolsa neşiri örän ýokary girdejili kärhana öwrüpdir. Soňky onýyllykda «New York Times» Nýu-Ýork megapolisindäki gündelik gazetleriň arasynda esasy orunda bolupdyr. Onuň mazmuny we habarlary beýan etmegiň ugurlary üýtgeşmeleri başdan geçirmeli bolupdyr. Ol häzirki döwürde gazet reklamalarynyň örän baý we köp öwüşginli Nýu-Ýork bazarynda özüniň agalygyny saklamak üçin «ýokary hilli» we «köpçülikleýin» alamatlaryny sazlaşykly ýöretmeli bolupdyr.

**Reportaży ýaýratmak.** XIX asyryň ikinji ýarymynda—XX asyryň başlarynda amerikan gazetleriniň esasy habarlar massiwini reportýorlardan alynýan gyssagly habarlar düzüpdir. Şu döwürde ABŞ-niň metbugatynda (soňra Ýewropa

ýurtlarynyň) reportaž žanryny giňden ulanmak ýoň bolupdyr. Görnükli şotlandiýaly neşirçi 1887-nji ýylda ABŞ-a baryp göreninde, «Angliýada metbugat öňdebaryjy publisistlere degişli bolsa, Amerikanyň metbugaty reportýorlara degişli» diýip ýazýar.

XIX asyryň ikinji ýarymynda XX asyryň başlarynda pozitiwizm ideýasynyň giňden ýaýradylmagy, ylmy bilimiň kulty takyk ylymlar arkaly gazanylan üstünlik žurnalistikanyň obýektiwligi baradaky düşünýäniň kemala gelmegini şertlendirdi. Obýektiwizirlenen, özbaşdaklygy bolmadyk, faktlary göni beýan edýän we belletristik (gysgaça ýazylan proza eseri) öwüşgini bolmadyk reportažlar amerikan «telegraf» ýörelgesi birnäçe ýewropaly edebi işgärler üçin «pikirler metbugaty» täzelik, žurnalistika döredijiligi baradaky däp bolan düşünjäniň esaslaryny ýok edýän görnüşde görünýärdi. Häzirki fransuz žurnalisti ABŞ-da bolan mahalynda, «ol ýerde reportýorçylyk ýuwaş-ýuwaşdan žurnalistikany ýok edýär» diýip ýazýar. Şunlukda ol bu süýşüp gelýän reportýorçylygyň fransuz gazetleriýe-de aralaşýandygyny belleýär.

Asyrlaryň dowamynda reportaž žanry diňe bir Ýewropada däl, eýsem Latinoamerikan ýurtlarynda hem ornaşdyrylýar. Birleşen Ştatlar bilen Latyn Amerikasy döwletleriniň giňeýän ykdysady alyş-çalyşlarynyň täsiri netijesinde şu döwürde daşary söwdada we medeni aragatnaşyklarda öz ugruny üýtgedýän proses kemala gelýär. Ispaniýa, Fransiýa, Portugaliýa ýurtlaryna öňki däp bolan romançylyk «dartyş merkezine» derek kuwwatly demirgazyk goňşy gelýär. Latinoamerikanlylar gönüden-göni demirgazyk amerikan medeniýeti we žurnalistikasy bilen tanyş bolýarlar, bu bolsa olary milli metbugatynyň ösmegine özüniň täsirini ýetirýär.

Bu täsir esasanam Kuba žurnalistikasyna has aýdyň bildirdi. Bu ýurt 1898-nji ýylda Ispaniýanyň kolonial agalygyndan azat

bolanyndan soň, Birleşen Ştatlara garaşly bolan döwründe hasam belli boldy. Kuba metbugaty kolonial döwürde köplenç halatda bellikler, kommentariý, makala we redaksion makala, dünýewi hem-de jenaýatçylykly habarlar žanryny has köp ulandy. Kubanyň žurnalistikasyna reportaž 1901-nji ýyldan ir gelmedi. 1901-1902-nji ýyllarda, AŞB-a garaşly Kuba Respublikasynyň ýerleşýän adasyna ozal Birleşen Ştatlarda ýaşan we işlän kubalylar gleip başlady. Olaryň hatarynda žurnalistler we neşirçiler bardylar. Olaryň demirgazyk amerikan žurnalistikasy boýunça toplan tejribeleri bar. Olaryň biri H.M.Gowin 1901-nji ýylda Gawanada döredilen «El Mundo» («Parahatçylyk») gazetiniň hususyýetçisi we redaktory bar. Bu gazetiň sahypalarynda şol döwür kuba žurnalistikasy üçin täzelik bolan reportaž we interwýu žanrlary berlip başlandy. Gazetiň tipografiýasy Kubada iň ilkinjileriň biri bolan fotograwirowal abzallary bilen enjamlaşdyryldy. Ol enjamlar gyssagly we giňden ulanylýan illýustratiw materiallary goýmaga mümkinçilik döretdi.

«El Mundo» gazetiň sahypalarynda Kubanyň belli žurnalisti M.Markes Sterlingiň toplumlaýyn reportažlary çap edildi (soňlugy bilen Kubanyň birinji žurnalistika mekdebine onuň ady dakyldy). Gazetiň ýörite habarçysy hökmünde Waşingtona ugradylan Markes Stirlingiň reportažlary Kubanyň Milli assambleýasynyň deputat toparynyň ABŞ-a saparyny şöhlelendirýär. Olar sapar mahalynda prezident Mak-Kinli bilen duşuşdylar we oňa, şeýle hem Waşingtonyň ýokary wezipeli çinowniklerine amerikan kongresi tarapyndan kabul edilen ýaş respublikanyň özygtyýarlylygyny çynlakaý çäklendirýän, «Platta düzedişi» kubalylarda uly seslenme döredendigi barada habar berdiler. M.Markes Sterlingiň makalalary özüniň žanr alamatlary (düzümi, beýan ediş stili, mazmun aýratynlygy) boýunça demirgazyk amerikan reportažlaryna mahsus äheňde beýan edilýärdi. Olar beýan

edilýän wakalaryň ýerinden düşürilen suratlar bilen çap edilýär. Bu bolsa reportażlara goşmaça anyklyk we aýdyňlyk berýär. Gazetiň bu göreldesine Kubanyň beýleki neşirleri hem täze żanry ulanyp başladylar.

Żurnalistika tejribesiniň ösmegi bilen reportażyň dürli stilleriniň kemala gelmegini şertlendirdi. 1920-nji ýyllarda Amerikanyň «Time» żurnalynyň redaksion konsepsiýasynyň täsirinde reportaż żanrynda üýtgeşme bolup geçýär: ol has-da subýektiw we stil hem-de kompozisiýa boýunça has erkin ýagdaýda bolýar. Otuzynjy-kyrkynja ýyllarda düşündirişli reportażlar giňden ýaýbaňlandyrylýar. Anglo-amerikan żurnalistikasy dar, faktlaryň aýratynlykda tertipleşdirilen düzümine esaslanýan köne stildäki reportażyň gysylan çäklerini ýeňip geçýär. Reportażyň hakykatçyllygy diňe bir faktlaryň dogry berilmegini däl, eýsem olaryň dürs jähetde beýan edilmegi baradaky aňlatma barha köp tarapdarlary özüne çekýär.

Ýewropada reportażyň däp bolan formasynda amerikan obýektiwizm ruhy şeýle bir giň ýaýbaňlandyrylmagyna eýe bolmady. Jahan uruşlarynyň aralygyndaky döwürde özüniň çeper we publisistik elementler bilen tapawutlanýan «uly reportażyň» gülläp ösmegi göze ilip başlady.

**Ýewropada interwýu żanrynyň ýaýrap başlamagy.** Interwýunyň durmuşa ornaşdyrylmagy XIX asyryň ortalarynda interwýu żanry giň ýaýramandy. Żurnalistler, syýasatçylar, diplomatlar bilen gürrüňdeş bolanlarynda söhbetdeşligiň mazmunyny bermek arkaly onuň çeşmesine salgylanmak arkaly habar alýardylar. Ýöne żurnalistik materiallar çap edilende interwýu görnüşinde düzülmeýärdi, Prezidentiň aýdanlaryna salgylanmak çap edilmeýärdi.

1870-nji ýllaryň ortalaryna çenli żurnalistik makalalarda interwýu alynýan şahsyň aýdanlary diňe göni salgylanmak arkaly çap edilýärdi. Ż.Suinsonyň (1880) K.Marksdan alan

interwýusy «Kapitalyň awtorynyň aýdan birnäçe sözlerinden göni salgylanmalar bilen çäklenýärdi. Ýöne asyryň soňky onýyllygynda interwýu žanry ABŞ-niň žurnalistikasynda barha uly meşhurlyga eýe bolýar. 1890-njy ýyllarda Nýu-Ýorkuň gazetlerinde interwýu iň bir ýaýbaňlandyrylan žanr bolmagynda galdy. Żurnalistler syýasatçylardan, Rim papasyndan, britan we german Ministrler Kabinetiniň agzalaryndan, daşary ýurtly syýahatçylardan ýygy-ýygydan interwýu alýardylar.

Asyryň ahyrlarynda interwýu žanry Ýewropada hem ýaýbaňlandyrylyp başlandy. Britan žurnalistleriniň biriniň bellemegine görä 1900-nji ýyldan soň iňlisler interwýuny kabul edip başladylar. Britaniýanyň belli žurnalisti U.Stid 1902-nji ýylda interwýuny Amerikanyň oýlap tapyşy diýip atlandyrydy. Ol Angliýa interwýunyň ilkinji nusgalaryny amerikan metbugatynyň tejribesini öwrenmek arkaly iberip başlady. Nemes žurnalistikasynyň teoretigi E.Dowifat 1927-nji ýylda amerikan žurnalistikasy hakynda ýazan kitabynda interwýunyň hakyky amerikan täzeligidigini belledi.

Sorag-jogap görnüşinde düzülýän interwýu žanrynyň köpçülikleýin ulanylmagy metbugatyň statusynyň we okyjylaryň žurnalisti we gazeti kabul etmeginiň statusyny üýtgetdi. Şunlukda okyjylaryň ünsi diňe bir jogap berýäniň şahsyýetine däl, eýsem sorag berýäniň sowadyna hem gönükdirilýärdi. Ozal giňden mälim bolmadyk žurnalist özüniň gazeti bilen barha ýokary derejede özüniň ýüzüne eýe boldy, ol jemgyýetçilik şahsyýetine öwrüldi. Onuň paýhasy, ýaňsylamalary, interwýunyň dramaturgiýasyny düzüp bilmäge ukyby, söhbetdeşinden barha köp maglumat alyp bilmegi okyjyda awtora bolan hormaty oýardy. Dünýäniň güýçli şahsyýetlerinden interwýu alýan žurnalist okyjylar köpçüliginiň güýçli şahsyýetler bilen ýakynlygyny emele getirmek arkaly özüniň sosial statusyny beýgeldýär.

Birinji jahan urşy mahalynda propagandanyň zerurlygynyň artmagy bilen Ýewropada interwýu žanrynyň ösmegine güýçli itergi berdi. Uruşdan soňky ýyllarda bu žanr Ýewropa metbugatynda iň bir giň ýaýrany boldy. XX asyryň otuzynjy ýyllaryna çenli interwýu žanry gazet žurnalistikasynyň iň bir ösen pudagyna öwrüldi, şol döwürde interwýunyň dürli görnüşleri peýdalanylýar.

Häzirki zaman žurnalistikasynda barlaglaryň we üstüni açmalaryň kemala gelmegi. Asyryň dowamynda iri korporasiýalaryň peýda olmagy bilen baglanyşykly ykdysadyýetde we jemgyýetçilik durmuşynda özgertmeleriň döremegi amerikalylaryň we ýewropalylaryň köp sanlysynyň nägileligine getirdi. Milli ykdysadyýetiň tutuş ulgamlaryna gözegçilik edýän kuwwatly birleşmeleriň we toparlaryň kemala gelmegi bilen erkin bäsleşik mümkinçilikleriniň çäklendirmelerine alyp geldi. Iri trestleriň we korporasiýalaryň işleri köplenç halatda kanun bozmalar, sarp edijileri aldamak, döwlet çinowniklerini satyn almak ýaly ýaramaz hadysalar bilen utgaşykly boldy.

Şu döwürde ABŞ-niň žurnalistikasynda kanun bozmalary yzarlamak we olary jenaýatlaryny paş etmek arkaly jemgyýetçilik düzgün bozmalaryň garşysyna göreşmegimaksat edinýän ugurlaryň wekilleri emele gelýär. Olaryň pikiriçe jenaýatçylykly hereketleriň paş edilmegi adamlarda ol nogsanlyklaryň düýp mazmunyna we onuň çeşmesine düşünmäge kömek eder hem-de olarda özgertmelere bolan çalyşmalary oýarar, jemgyýetde özgertmeleriň kemala gelmegi üçin predposylkalary döreder, bu bolsa korrupsiýanyň hem-de ýalançylygyň, eden-etdiligiň soňuna çykar. Olar adalatyň ideallaryny sosial-mobilizleýji güýç hökmünde görýärdiler. Dini moralçy B.Flauer özüniň 1887-nji ýylda esaslandyrylan «Arena» žurnalynda jemgyýetçilik-ykdysady düzümde emele gelen ýagdaýy ýiti tankyda sezewar etdi. 1901-nji ýylda

«Arena» żurnalynda çap edilen maksatnamalaýyn makalada Flauer, ýurt hakyky erkinligiň ideallaryndan barha daşlaşýar, baýlyk bilen garyplygyň arasyndaky boşlugyň çuňlaşmagy, korrupsiýanyň we wezipe borçlaryny hyýanatçylykly peýdalanmagyň, häkimligiň plutokratlara garaşly bolmagy munuň subutnamasydyr. Ol ykdysadyýetde monopoliýany çäklendirmek maksady bilen çaga zähmetini ulanmagy açyp görkezýän jemgyýetçilik özgertmelerini talap edýän makalany çap etdi we Linsanyň segregasiýasynyň hem-de sudunyň garşysyna çykyş etdi. Ol bu zatlary işçileriň durmuş we zähmet şertlerini gowulandyrmak üçin etdi.

**Daşary ýurtlarda öňdebaryjy żurnallar.**XIX asyryň ahyrlarynda XX asyryň başlarynda «Arena» żurnalynyň yzysüresinde beýleki amerikan neşirleri, köpçülikleýin żurnallar bolan «MsSlure-s», «Soller-s», «Everybody-s», «Sosmopolitan» żurnalarynda köp sanly paş ediji makalalar çap edilýär. Olar iri kompaniýalaryň nädogry we jenaýatçylykly hereketlerine, häkimiýetiň ýerine ýetiriji we kanun çykaryjy derejelerindäki dürli korrupsiýalary bagyşlanýar. 1906-njy ýylda ABŞ-niň Prezidenti Teodor Ruzwelt żurnalistleri makreýkerler diýip atlandyrdy. Bu bolsa «hapany dörüjiler», «dersi gazyp agtarjylar», «hapa gybatlary söýüjiler» diýmegi aňladýar. Çünki żurnalist-paş edijileriň döwlet apparatyna gönükdirilen tankydy onuň gaharyny getirýärdi. Ýöne özüniň missiýasy jemgyýeti dürli görnüşdäki masgaralamalardan arassalamakdan ybarat bolan paş edijiler bu häsiýetnamany öz işleriniň goldaw tapmagy diýip kabul etdiler. Şol döwürde żurnalistik barlaglary we paş etmeleri alyp barýanlaryň hereketi makreýkerleriň hereketi diýlip atlandyrylyp ugrady. Haýsydyr bir maksatnamalaýyn ideýa bilen bagly bolmadyk makalalary ýazýan ýöne korrupsiýa, döwlet býurokratiýasynyň we işewür toparlaryň moral taýdan çagşamagyna, ykdysady hyýanatçylyga we sarp edijileriň aldanmagyna garşy umumy

göreşe birigen publisistler we ýazyjylar «hapany» dörüjiler» diýlip atlandyryldy.

Makreýkerleriň eserlerini çap edýän iň bir öňdebaryjy neşirleriň bir hem «MsSlure-s» żurnaly boldy. Onuň neşirçisi okyjylaryň ünsüni çekmek maksady bilen uly biznesdäki paş etmeler makalalary sylaglandyrýardy. 1902-nji ýylda «MsSlure-s» żurnalynyň işine Linkoln Steffens hem goşulýar. Ol makreýkerler hereketiniň iň bir esasy figuralarynyň biri bolup durýar. Onuň döwletiň dolandyryş edaralaryny tämizlemegiň we demokratizasiýalaşdyragyň zerurlygyny beýan edýän Sent-Luis we ABŞ-niň beýleik iri şäherleriniň häkimlikleriniň korrupsiýasy we hyýanatçylyklary baradaky örän gowy resminamalaşdyrylan, ynamly makalalary giň jemgyýetçilik seslenmesini döredýär. Ol makalalar «Şäherleriň masgaraçylygy» (1904), «Öz-özüňi dolandyrmak üçin göreş» (1906) ýaly paş ediji yzygiderli makalalary çap edildi. 1903-nji ýyldan başlap «MsSlure-s» żurnaly beýleki «hapany dörüjiler» ýörelgesiniň awtorlarynyň makalalaryny yzygiderli çap edýär. Ida Tarbel «Standart Oýl Kompani» nebit monopoliýasynyň kanuny däl işini barlaýar, Reýa Stennard Beýke demir ýol kompaniýalarynyň eden-etdiliginiň üstüni açýar. Makreýkerleriň paş ediji makalalarynyň yzygiderli çap edilmegi żurnalyň tirażynyň artmagyna getirýär. Ol ýarym million nusgalyga çenli artýar.

1905-nji ýyldan soň żurnalistikanyň paş edijilik pudagyndaky öňdebaryjylyk «Soller-s» żurnalyna geçýär. 1906-njy ýylda öň «McClure-s» żurnalynyň redaksiýasy bilen işleşen żurnalistleriň köpüsi (L.Stefens, I.Tarbell, R.S.Beýke we beýlekiler) bu żurnalyň tarapyna geçýärler. Bu topar «American Magazine» makreýker żurnalyny esaslandyrýar. Ýöne onuň köpçülikleýin ýaýradylmagy başa barmaýar.

Makreýkerler köpçülikleýin żurnalyň sahypalarynda ABŞ-daky köp sanly iri kompaniýalaryň jenaýatçylykly usullarynyň

kemala gelmegini paş edýärler. Ol usullar aldaw ýoly bilen, bäsdeşini öldürmek ýa-da gorkuzmak arkaly, häkimlikleri satyn almak, işçileri aldamak we talamak ýaly usullar bolup durýardy. Şeýle makalalaryň çap edilmegi bilen zähmet kanunçylygyny kämilleşdirmek üçin jemgyýetçilik hereketiniň işjeňleşmegine getirdi.

Birnäçe makreýkerler özleriniň esasy ünsüni kliýentleri we sarp edijileri aldaýan iri demirýol kompaniýalaryny, et trestlerini, ätiýaçlandyrma kärhanalaryny, lukmançylyk serişdeleriniň «ygtyýarlandyrylan» görnüşlerini paş etmäge gönükdirdiler. Şeýlelikde, Epton Sinkler et önümlerini taýýarlaýan we gaplaýan kompaniýanyň jenaýatçylykly hereketlerini yzarlady.

Makreýkerleriň iri möçberli paş etmeleri demirýol hereketlerini sazlaşdyrmak hakynda «Önümleriň we içgileriň arassalygy hakynda teswirnama» kanunynyň kabul edilmegine sebep boldy.

«Sosmopolitan» żurnalynyň we beýleki neşirleriň makalalarynda çaga zähmeti temasy gozgalýar. Çagalaryň mejbur ýagdaýda işlemeli bolýan ýowuz şertleriniň häsiýetnamasy raýat toparlarynyň döredilmegine itergi berdi. Ol toparlar çaga zähmetini gadadan edýän kanuny işläp taýýarlamak ugrunda çykyş etdiler. Olaryň tagallasy netijesinde ýurduň kongresine degişli kanuny taslama ugradyldy.

«Hapany dörüjileriň» iň gowy eserlerine paş etmeleriň hakyky binýadynyň üstünde jikme-jik işlenmegi häsiýetli boldy. Anyk gözlegler, synag we barlag, faktlaryň resminamalaşdyrylmagy hökmany ýagdaý boldy we ol kazyýetde diňe bir öz hakykatyny ykrar etmek mümkinçiligine taýýarlyk bilen bagly bolman, eýsem gep-gybatlaryň günäkärlemelerine jogap bolup durýar. Makreýkerler özüniň döredijiligi bilen żurnalistikadaky etiki kadalary tassyk etmäge

çalşypdyrlar. Olar «Sary żurnalizmiň» esassyz tejribesinden daşda durmagy belläpdirler.

Köpçülikleýin żurnallaryň redaksiýalary bilen hyzmatdaşlyk etmek geçmişdäki edebi żurnallaryň däp bolan köp sanly häsiýetlerini özünde jemläpdir. Bu bolsa makreýkerlerden ýokary ussatlygy talap edipdir. Köp sanly publisistleriň işlerine edebi taýdan esaslandyrylan täzeden işlemek mahsus bolupdyr. Olaryň jemgyýetçilik ähmiýeti bilen gürrüňsiz sazlaşygy makreýkerleriň iň gowy eserleriniň barlaglar we paş etmeler boýunça häzirki zaman nusgawy żurnalistikasyna öwrülmegini şertlendiripdir. Makreýkerçilik hereketiniň öňdebaryjy şahsyýeti Linkong Steffens XX asyryň iň iri amerikan żurnalisti diýlip ykrar edildi.

Makreýkerçilik hereketi 1911-nji ýyldaky köpçülikleýin żurnallara täsirini ýetiren maliýe krizisinden soň pese düşüp başlady. Neşirçi Mak Klýur material kynçylyklary zerarly öz żurnalyny ýitirdi. «Amerisan Magazine» we «Ewerybody-s» żurnallary bolsa satyldy, olaryň profili üýtgedildi. Herste degişli bolan «Sosmopolitan» żurnaly aýallar neşirine öwrüldi. Birinji jahan urşundan soň paş ediji żurnalistika wagtlaýynça uly bolmadyk çepçi we radikal żurnallaryň sahypalarynda saklanyp galdy. ABŞ-daky makreýkerleriň hereketi häzirki zaman żurnalistikasynda barlag geçiriji we paş ediji ugruň döremegini şertlendirdi (birnäçe daşary ýurtly barlagçylar bu ugry żurnalistikanyň esasy żanry hasaplaýarlar). Makreýkerleriň dowamy hökmünde barlaglara we paş etmelere gadyr goýýan żurnalistleri görkezmek bolar. Meselem, wýetnam urşy döwründe Maýlaý obasynyň parahat ilatynyň köpçülikleýin gyrylmagyny gören S.Herşa, DDT himikatynyň daşky gurşawa heläkleýji täsiriniň barlagyny geçiren R.Karson ABŞ-da ekologiýa hereketiniň kemala gelmegine itergi berdi, şeýle hem «Waäington Post» gazetiniň işgärleri B.Wudword we K.Bernstaýn dagy prezident R.Niksonyň

administrasiýasynyň prezident saýlawlarynyň öňüsyrasyndaky kanuna laýyk gelmeýän hereketleriniň üstüni açdylar. Bu bolsa meşhur Uotergeýt dawasyna we Niaksonyň häkimiýetden aýrylmagyna getirdi.

Ýewropanyň häzirki zaman barlag geçiriji we paş ediji żurnalistikasynyň görnükli wekili hökmünde nemes publisisti Ponter Walraff hasaplanýar. Ol german jemgyýetiniň sosial nogsanlyklaryny we GFR-iň raýatlarynyň demokratiýa hukuklarynyň kemsidilmegini aýdyň görkezýän birnäçe işleriň awtorydyr.

80-90-njy ýyllarda barlag geçiriji we paş ediji żurnalistika Latyn amerikasy ýurtlarynda uly ösüşe eýe bolýar. Bu ýerde harby we raýat huntasynyň ornuna saýlawlarda ýeňiş gazanan syýasatçylar häkimlige geçýärler. Ýurtda demokratiýa geçilmegi bilen döwlet çinownikleriniň arasynda giň möçberli korrupsiýa ýüze çykýar, milli serişdeler dargadylyp başlanýar. 1991-nji ýylda brazil gazeti «Jornal de Brasil» döwletiň ýokary wezipeli adamlarynyň hyýanatçylyklarynyň üstüni açmak boýunça kampaniýa başlaýar. Gazetiň habarçysy M.Roşa kompýuteriň üsti bilen Braziliýanyň maliýe ministrliginiň maglumatlar binýadyna girmek arkaly, ynsanperwer kömege mätäçler üçin goýberilen serişdeleriň agramly bölegininiň prezident F.Kolloryň aýalynyň köp sanly garyndaşlaryna tölenendigininiň we dargadylandygynyň üstüni açýar. Şeýle hem gazet prezidentiň özüniň hem iri maliýe hyýanatçylyklarynyň üstüni açýar. «Ve¦a» («Seret») atly hepdelik żurnal prezidentiň töwereginde bolup geçýän korrupsiýany paş etmegi arkaly F.Kolloryň häkimiýetden gitmegine alyp barýar.

Panamanyň «La Prensa» atly gazetiniň redaktory G.Gorriti barlag geçiren wagtynda ýurduň prezidenti E.Peres Walladaresiň kolumbiýaly neşe söwdagärleriniň arasyndaky aragatnaşygyň üstüni açýar we ony çap edýär. Olaryň söwdasynyň netijesinde prezidentiň saýlaw kampaniýasy

maliýe taýdan uly goldaw alýar. Onuň deregine bolsa prezident neşe söwdagärlerine erkinlik berýär. Argentinanyň «Pagina-12» («Sahypa-12») gazetiniň synçysy H.Werbiskiý ýurduň prezidenti K.Menemiň maliýe hyýanatçylygyny paş edýär. Bu bolsa ýurduň dolandyryjylar toparynyň arasynda uly dawanyň döremegine getirýär.

Häzirki zaman «Makreýkerleri» maglumatlary ýygnamak we analiz bermek boýunça kompýuter tehnologiýalaryny barha işjeň özleşdirýärler. Bu bolsa olara çinownikleriň hem-de täjirçilik düzümleriň hyýanatçylyklaryny we jenaýatçylykly işlerini paş etmekde ýokary netijelilik gazanmaga mümkinçilik berýär.

Żurnalistikanyň gutarnykly resmileşdirilmegi hünär işiniň aýratyn sferasy hökmünde gazetleriň işgärleriniň ştatlarynyň giňeldilmegi bilen olar iri neşirýat kärhanalaryna öwrülýärler. Şunlukda işgärleriň köpüsi hemişelik işe kabul edilýärler. (Ýogsam şol döwürde, XIX asyryň birinji ýarymynda żurnalistlere durnukly aýlyk haky tölenmän, çap edilen makalalaryň setir sanyna görä töleg geçirilipdir). Täze tipografiýa we kommunikasiýa tehnolgiýalarynyň ornaşdyrylmagy, redaksiýanyň içindäki zähmet bölünişiginiň ösdürilmegi we çuňlaşdyrylmagy, żurnalistika żanrynyň mundan beýläk hem differensiasiýa edilmegi bilen baglylykda redaksion neşirýat işi kynlaşypdyr, bu bolsa, redaksiýanyň toparlaýyn guramalarynyň täze görnüşlerini talap edipdir, gazetçileriň ýöriteleşmek zerurlygyny artdyrypdyr.

XIX asyryň ahyrynda XX asyryň başlarynda iri gazetleriň redaksiýalary birnäçe bölümlerden we gulluklardan ybarat bolupdyr. Baş redaktordan we goýberiji redaktorlardan başga-da ştatda adaty redaktorlar—dürli bölümleriň ýolbaşçylary bolupdyr. Şäher täzelikleri bölüminiň redaktory öz ygtyýarynda bolup geçýän wakaky ýerinde beýan etmek üçin islendik wagt ugramaga taýýar bolup duran habarçylar topary bolupdyr.

Tejribeli edebi işgärler—stilistler habarçylardan gelip gowuşýan materiallary redaktirlemek we çapa taýýarlamak işi bilen meşgullanypdyrlar. Telegraf habarlar bölüminde täzelikler agentlikleriniň iberen materiallaryny seljermek we täzeden işlemek alnyp barlypdyr. Żurnalistleriň ýörite toparlary we bezegçiler dynç güni çykýan bezegli gazetleri taýýarlamak bilen meşgullanypdyrlar. Meselem, «New York Times» gazeti XX asyryň başlarynda özüniň sistemalaýyn arhiwlerini we resminamalar bölümlerini döredip başladylar. Ol bolsa maglumatlary ýygnamak we barlamak işlerini kämilleşdirmegi şertlendirdi. Redaksiýalarda maşinopis býurolar, telefon gulluklary döräp başlady.

XX asyryň başlarynda Fordyň we Teýloryň ylmy esaslarda işläp taýýarlamalarynyň täsiri astynda işi guramakda redaksiýada has meýilnamalaýyn häsiýete geçilýär. Dürli maglumatlar kampaniýasyny, olaryň maliýe we tehniki üpjünçiligini guramak hem-de geçirmek meýilleşdirilip başlandy. Żurnalistleriň arasynda işiň aýratyn görnüşini ýerine ýetirmäge ýa-da kesgitli tematikany beýan etmäge ýöriteleşen hünär taýdan kämil toparlar döräp başlady. Has ukyply we tejribeli gazetçiler hemişe redaksion makalalary we synlary ýazmak bilen meşgullandylar. Köp sanly iri täzelikçi neşirleriň bar ünsi jenaýatçylyk, dawaly maglumatlar we professional sport ýaly temalara gönükdirildi. Redaksiýalarda kriminal we kazyýet habarçylary, sport żurnalistleri döräp başladylar. «Sary» metbugaty esaslandyryjy Ż.Pultser özüniň «Vorld» gazetinde özbaşdak sport bölümini döretdi. Beýleki neşirler hem onuň göreldesine eýerdiler. Wakalaýyn suratyň ösmegi kämil fotohabarçylarynyň döremegini şertlendirdi.

Ozalky ýaly redaksiýalara köp sanly az tölegli habarçylar çekilýärdi. Olar täzelik ugrunda özaralarynda bäsleşýärdiler. Ýöne täjirçilik mahabaty çap etmekden girýän girdejiniň artmagy we bäsdeşligiň täsiri netijesinde gazetiň öňdebaryjy

işgärleri, żurnalistler, grafikaçylar köp girdeji gazanyp başladylar. Redaktorlar we tejribeli gazetçiler şol döwür üçin ýokary aýlyk haklaryny alýardylar.

Kem-kemden żurnalistleriň professional hökmünde dabaralanmagy ýüze çykyp başlady. Meşhur we populýar żurnalistleriň hem-de redaktorlaryň sosial statusy beýgelip başlaýar. Żurnalistik elita döreýär, olar hünär işine garaşsyz bolýarlar. Ýiti bäsdeşligiň şertlerinde neşirçiler has ukyply gazetçileri we begezçileri özüne çekmäge çalyşýarlar. Olaryň aýlyk haklaryny galdyrýarlar.

Żurnalistik işiniň kynlaşmagy bilen ýörite hünärli metbugat işgärlerini taýýarlamak zerurlygyny ýüze çykarýar. Tä XIX asyryň ahyrlaryna çenli Żurnalistler tejribede kämilleşýärler, ýaş habarçylar göni redaksiýalarda iş öwrenýärler. Täze kadrlary żurnalistikanyň kämil hünärine taýrlaýan okuw jaýlary ýokdy. Şeýle-de bolsa köp sanly neşirçiler (Meselem, E.U.Skipps) habarçylary arzan işçi güýji hökmünde garapdyr. Gazetçileriň kolleżiň ýa-da uniwersitetiň derejesinde okadylmagynyň zerurlygyny inkär edipdirler.

Şeýle-de bolsa 1890-njy ýyllarda ABŞ-niň uniwersitetlerinde żurnalistleri taýýarlaýan gysga möhletli kurslar guralypdyr. Onda żurnalistleriň habarçylyk tehnikasyny ele almagyny ündäpdirler. Żurnalistika boýunça ilkinji sprawoçnikler, gollanmalar neşir edilipdir. Żurnalistleri taýýarlamak boýunça maksatnamalaýyn esasda okuw geçmek ilkinji gezek 1893-1901-nji ýyllar aralygynda Pensilwan uniwersitetinde amala aşyrylypdyr. 1904-nji ýylda Ellinoý uniwersitetinde ýokary żurnalistik bilimi boýunça dörtýyllyk maksatnama girizilipdir. 1908-nji ýylda bolsa Missuriý ştatynyň uniwersitetinde ilkinji żurnalistika fakulteti (mekdebi) döredilipdir. Şu döwürde metbugatyň işgärleriniň hünär bilimi Ýewropa ýurtlarynda hem giňden ýaýrap başlapdyr. Bu ýerde żurnalistler taýrlamak işleri habarçylar mekdeplerinde we

uniwersitetlerde amala aşyrylypdyr. Fransiýada Ýokary žurnalistika mekdebi ilkinji gezek Parižde 1899-njy ýylda Sosial barlaglar institutynda açylypdyr. Okuwlar köpçülikleýin kommunikasiýalar sosiaologiýasyny we teoriýasyny öwrenmäge esaslanypdyr. 1924-nji ýylda Lella uniwertitetinde Ýokary žurnalistika mekdebi hereket edip başlaýar. Onda ýurtda ilkinji gezek žurnalistleriň doly göwrümli hünär taýýarlygy amala aşyrylýar. Ýigriminji ýyllardan başlar ABŞ-da we Günbatar Ýewropada metbugaty öwrenmek boýunça ylmy-barlag işleri ýaýbaňlandyrylyp başlanýar.

Žurnalistikanyň hünär işi ulgamynda gutarnykly resmileşdirilmeginiň netijesinde bu hünäriň kadalaýyn esaslaryny kodeks görnüşinde pugtalandyrmak üçin predposylkalar jemlenipdir. Metbugatyň ilkinji hünär kodeksleri ABŞ-da we Ýewropa ýurtlarynda XIX asyryň ahyrlarynda XX asyryň başlarynda, ýagny ilkinji döwürleýin neşirleriň kemala gelmeginden we žurnalistikanyň jemgyýetçilik instituty hökmünde kemala gelmeginden 300 ýyl geçen soň peýda bolup başlady. Daşary ýurtly taryhçylaryň žurnalistiki barlaglary ilkinji žurnalistik hünär kodekslerini işläp taýýarlamaga we kabul etmäge şert döredýän häsiýeti ýokdy. Şeýle-de bolsa olar XIX asyryň ortalaryndan başlap, ýagny ABŞ-da we Ýewropa ýurtlarynda žurnalistika täjirçilik çemeleşmeleriň giňden ýaýrap başlan döwründe metbugata bolan tankydyň ösmegini hasaba alypdyrlar.

Köp sanly görnükli jemgyýetçilik wekilleri metbugatyň täjirçilik işini tankyt edip başlaýarlar. Olar metbugatyň uly biznese we mahabat eýelerine garaşly bolýandygyny, iri neşirýat birleşikleriniň kemala gelýän şertlerinde erkin bäsleşik kadalaryndan daşlaşýandygyny, ahlak prinsipleriniň we adamlaryň şahsy durmuşyna gatyşmazlyk esaslarynyň bozulýandygyny, žurnalistler tarapyndan maglumat almakda dürs bolmadyk ýollary peýdalanýandygyny, okyjylary habardar

etmek usullarynda nädogrulygyň bardygyny we olar tarapyndan etiki kadalaryň bozulýandygyny günäkärleýärler.

Metbugatda nädogry ýörelgeleriň artýandygyny tankytlanlaryň arasynda amerikan jemgyýetçiliginiň wekilleri (Mark Twen, Epton Sinkler, Uill Irwing we beýlekiler) we beýleki ýurtlaryň wekilleri bar. Olar öz tejribelerinde şol nogsanlyklaryň praktikasyny we ahlak talaplaryny öwrenipdiler. Metbugatyň täjirçilik ýörelgesine eýermegini ilkinjileriň bir bolup L.Wilmer tankytlady. Ol 1860-njy ýylda çap bolan «biziň gazet şaýkamyz» atly kitabynda şol döwürdäki demirgazyk amerikan żurnalistikasyna köptaraplaýyn häsiýet berýär. Köpçülikleýin metbugatyň, hususan-da, «Sary żurnalistikanyň» ösmegi, ilkinji iri neşirleriň peýda bolmagy jemgyýetçilik tankydynda täze tolkunyň emele gelmegine getirdi. 1911-nji ýylda «Solliýer-s» żurnalynyň sahypalarynda publisist Uill Irwing «Metbugatyň häkimiýeti» diýen umumy at bilen 15 sany paş ediji makalalar tapgyryny çap etdi. Amerikan barlagçylary M.Marsolf we H.Diken-Garsia dagy 1880-1950-nji ýyllar aralygynda metbugat tankynçylarynyň ünsüni esasy iri problema: jemgyýetçilik erkinligini we demokratiýany saaklamakda metbugatyň orny, şeýle hem onuň jemgetçilik medeni orny bolandygyny tassykladylar.

Döwürdeşlerimiziň birnäçesi żurnalistikanyň kemçilikleri we ýalňyşlyklary olaryň özüniň täjirçilik häsiýeti bilen kesgitlendi diýip belleýärler. Metbugatyň bazar gatnaşyklaryny ilkinji bolup tankyt edenleriň biri hem belli Latino amerikan publisisti Hose Martider Ol özüniň Nýu-Ýorkda işlän döwründe (1880-1890-njy ýyllar aralygy) ABŞ-daky täjirçilik döwrüniň nädogry täsirlerini gönüden-göni synlady. Ol özüniň «Demirgazykamerikan sahnalary» atly publisistik toplumynda ABŞ-niň metbugatynyň ýalňyşlyklaryny ylmy-gumanistik pozisiýadan tankytlady we ýazgardy.

1920-nji ýylda belli ýazyjy we żurnalist-makreýker Epton Sinkler «The Brass Shesk» (sözme-söz masgaraçylygyň çeki diýlip terjime edilýär, jelephanalara girmäge idin berýän hat. Sinkleriň kitabynda metbugatyň jelepliginiň simwoly) atly kitabyny çykardy. Ol metbugatyň merkezleşmeginiň meselesini galdyrdy we bu prosesiň żurnalistikanyň ýagdaýyna edýän ýaramaz täsiriniň üstüni açdy hem-de mahabatyň we täjirçilikli neşirlerindäki mahabat eýeleriniň işlerini tankytlady. 1921-nji ýylda çap bolan başga bir çekişmeli kitapçasynda «masgaraçylygyň çeki» kitapçasynyň yzysüre E.Sinkler oňşuksyz gazet bolan «New York Timesi» we onuň aklawçysy Nýu-Ýork uniwersitetiniň Żurnalistika mekdebiniň dekany Ż.M.Lini professional etikanyň (Sinslair. U.The Srimers of the «Times».A. Test of Newspaper Desnsy. Pasadena, Salif, 1921) binýatlaýyn prinsipleriniň gödek bozulmagynda aýyplady. 1920-nji ýyllarda ilkinji gezek belli publisist Żorż Seldesiň tankydy işleri peýda bolup başlaýar. Ol tä aradan çykýança metbugatdaky korrupsiýa we düzgün bozmalara garşy çykyş edýär (şu döwürde «sary» neşiriň eýesi U.R.Hest «żurnalistikanyň etikasy beýleki ähli hünärler bilen deňeşdirilende iň ýokary derejede durýar» diýip tassyklady). 1920-nji ýyllarda metbugatyň täjirçilik ugruny jemgyýetçilik goldawynyň işinden çetleşdiren Uolter Lippmannyň tankydy işleri has-da göze ilip başlady.

Metbugatyň ýagdaýy bilen bagly jemgyýetçilik nägilelikleri, żurnalistik bileleşigiň bölekleriniň «sary żurnalizmiň» ahlaklaryna we tejribesine tankydy gatnaşyklary durmuşda dürli hereketleriň döremegine getirdi. Ol hereketler döwürleýin metbugatyň professional işindäki etiki esaslaryň berk berjaý edilmegini esasy edip goýdy.

Şeýlelikde, żurnalistleriň ilkinji professional kodeksleri metbugatyň täjirçilik gatnaşyklaryna we żurnalistler üçin mahsus bolan professional işiň ruhuna hem-de metodlaryna

bolan jemgyýetçilik tankydy ýagdaýynda emele geldi. Olar diňe bir žurnalistik bileleşigiň etiki taýdan öz-özüni kesgitlemek ugry bilen bagly bolman, eýsem bu bileleşigiň tankydyna jemgyýetçilik tarapyndan özboluşly jogap bolýar.

Etiki öz-özüňi kesgitlemegiň we metbugat işgärleriniň professional taýdan özüni alyp barmagynyň kadalaryny formal taýdan pugtalandyrmagyň işjeň prosesi ABŞ-da we Günbatar Ýewropada 10-20-nji ýyllarda bolup geçdi. Şol döwürde žurnalistik etikanyň binýatlaýyn prinsiplerini köp ýyllar üçin kesgitleýän sazlaýjy resminamalar kabul edildi. Olaryň döremegine profsoýuzlar ýaly beýleki žurnalistik assosiasiýalar, redaktorlary we neşirçileri özünde birleşdirýän guramalar hem öz goşantlaryny goşdular. Şeýlelikde, Fransiýanyň žurnalistler profsoýuzynyň Milli birleşigi 1918-nji ýylda işlenip taýýarlanyldy. «Fransuz žurnalistleriniň professional borçnamalarynyň kodeksi» gybaty, esaslandyrylmadyk günä ýöňkemeleri, nädogry resminamalary, faktlaryň ýoýulmagyny we iň bir çynlakaý professional jenaýatlary özünde jemleýän ýalany mälim etdi. Kodeks žurnalistleri diňe özleriniň professional derejesine gabat gelýän ýumuşlary kabul etmäge, zor salmalary almak üçin žurnalistiň statusyny ulanmazlyga, hususan-da, täjirçilik ýa-da mahabat häsiýetindäki materiallara öz gollaryny goýmazlyga çagyrdy. Kodeksiň ýagdaýyna laýyklykda, žurnalistiň mertebesi maglumat almak üçin nädogry metodlary ulanýan oýlanyp tapylan häsiýetnamalary we hilleri ulanmakdan ýüz öwürmegi göz öňünde tutýar.

Ýagdaýy kadalaşdyrýan bu resminamada beýan edilýän kadalaryň köpüsi olaryň professional kodeks görnüşinde kabul edilmegi diňe bir žurnalistik bileleşikde emele gelen formal taýdan berkidilmäge bolan çalyşmalary däl, eýsem işiň ruhunyň we usullarynyň jemgyýetçilik tankydyndan deklaratiw ýagdaýda ýüz öwrülmegini alamatlandyrýar. Hususan-da, etiki

kodekslerde żurnalistik we mahabat işleriniň berk bölünmek prinsipleri aýdyň edilýär. Onda metbugatyň işgärleriniň harytlary we hyzmatlary täjirçilik hereketindäki gatnaşyklary göni inkär edilýär. Şunlukda öňki «köpçülikleýin» metbugata mahsus bolan mahabat materiallaryny täzelikler diýip atlandyryp çap etmek tejribesi inkär edilýär. XX asyryň başlarynda żurnalistler mahabat agentleriniň arkasy bilen gazanç edýärdiler we gazetlerde ýörite buýurma boýunça ýazylan öwgüli materiallary ýerleşdirýärdiler. Olar bu materiallary gönüden-göni täjirçilik we buýurma häsiýetini görkezmän çap edýärdiler.

1923-nji ýylda iri gazetleriň ýolbaşçy işgärlerini özünde jemleýän Amerikanyň gazet redaktorlary bileleşigi (ASNE) ABŞ-niň żurnalistleriniň we döwürleýin neşirleriniň kadalarynyň onýyllyklara niýetlenen çäklerini kesgitlän ilkinji professional kodeksleriň biri bolan «żurnalistikanyň kadalaryny» kabul etdi. Onda ilkinji gezek jemgyýetçiligiň abadançylygynyň hatyrasyna metbugatyň we żurnalistleriň jogapkärçilik prinsipleri, ýagny adalat, takyklyk, ýüz görmezlik, hoşniýetlilik we adamlaryň şahsy durmuşyna hormat goýmak prinsipleri yglan edildi. Kodeksiň birnäçe kadalary «sary żurnalizme» mahsus bolan, gazet tejribesinde has köp tankyt edilýän usullary ulanmagyň garşysyna gönükdirilendir. Meselem, makalalary sözbaşylarynyň olaryň mazmunyna laýyklykda üpjün edilmegi talap edýär. Çünki köpçülikleýin täjirçilik metbugatynda sözbaşylaryň mazmun bilen gabat gelmeýän ýagdaýlary häzirki güne çenli adaty waka hökmünde saklanyp galypdyr. Professional żurnalistler bileleşiginiň «Sigma Delta Kaý» (ABŞ, 1926 ý.) kodeksinde şol döwürdäki metbugat işgärleriniň köpüsine mahsus bolan professional borç, żurnalistika tejribesiniň etiki kriteriýalary hakyndaky düşünje beýan edilýär. Kodeksde jemgyýetçiligiň wekilleri hökmünde żurnalistleriň statusy bellenilýär. Olar

ähluмumy abadançylyga gulluk etmäge borçly edilýär we işgärleriň jemgyýetiň öňündäki hakykata göz ýetirmäge bolan hukugyny özünde jemleýän jogapkärçiligini häsiýetlendirýär.

Żurnalistleriň professitnal etika baradaky irki kodekslerinde metbugatyň we onuň işgärleriniň jogapkärçiligi hem-de durmuşy açyp görkezmekdäki orny baradaky düzgünlerden ybaratdy. Şeýlelikde «żurnalistikanyň kadalary» (1923 ý.), gazet sowatlylygy artdyrmaga gulluk etmelidir diýip yglan edýär. Professional żurnalistler bileleşiginiň kodeksinde (1926 ý.) «Biz jemgyýetiň biliminiň hakykaty gazanmagy şertlendirýändigine ynanýarys...» Bu düzgün żurnalistikanyň libertarian konsepsiýasynyň prinsipleriniň biri bolan kodeksi düzüjilere täsir etdi. Oňa laýyklykda, onuň demokratik öz-özüňi dolandyrmaga ukybyny üpjün etmek üçin metbugat jemgyýetçiligiň sosial biliminiň funksiýalaryny ýerine ýetirýär. Radionyň soňra telewideniýäniň peýda bolmagy bilen maglumatlar industriýasy pudagynyň işgärleriniň professional taýdan özüni alyp barmalaryna täsiri etiki taýdan kadalaşdyrmagy üpjün etmäge gönükdirilen kodeksler işlenip taýýarlanyldy we kabul edildi. Professional taýdan özüňi alyp barmagyň kodekslerini işlemek prosesi ýuwaş-ýuwaşdan aýry-aýry habar beriş serişdeleriniň derejesinde ýaýradylyp başlandy, birnäçe redaksiýalar özleriniň içerki kodekslerini edindiler. Häzirki döwürde diňe bir iri döwürleýin neşirlerde, telekompaniýalarda we radiogepleşikleri gulluklarynda içerki kodeksleri bolman, eýsem köpçülikleýin habar beriş serişdeleriniň lokal redaksiýalarynda hem öz işlerini kadalaşdyrmak maksady bilen şoňa meňzeş ýa-da şeýle resminamalar ulanylýar. Häzirki döwrüň kodekslerinde esasy üns «bähbitleriň gapma-garşylygyny» aradan aýyrmak meselesine berilýär. Bu ýerde żurnalistleriň şahsy gyzyklanmalary we işleriň bähbitleri göz öňünde tutulýar. Şunlukda bu pursatlaryň gyzyklanmalary diýlip

auditoriýalaryň, tutuş jemgyýetçiligiň başga bir korporatiw gyzyklanmalaryna düşünilýär (ýagny, korporasiýalaryň—bilen habar beriş serişdesiniň eýesiniň gyzyklanmalary).

Żurnalistik bilimine metbugatyň ilkinji etiki kodeksleriniň kabul edilmegi żurnalistikanyň professional işiň aýratyn sferasy hökmünde gutarnykly resmileşdirilendigine şaýatlyk etdi. Professional żurnalistleriň ilkinji birleşmeleriniň döremegi munuň subutnamasydyr.

Soňra żurnalistleriň guramaçylyk taýdan jebisligi öz gyzyklanmalaryny ykrar eden assosiasiýalaryň çäklerinde neşirçileriň we redaktorlaryň ilkinji çalyşmalary bolup geçýär. Amerikan gazet neşirleri assosiasiýasy (ANPA) 1887-nji ýylda ABŞ-niň we Kanadanyň neşirçileriniň öňünde emele gelen ykdysady, tehnologik we hukuk meselelerini ýeňip geçmek maksady bilen döredildi.

**Żurnalistleriň professional guramalary.** XIX-XX asyrlarda dünýäniň köp ýurtlarynda żurnalistleriň professional guramalary döreýär. Ilkinji żurnalistik press-klublar emele gelip başlaýar. Olaryň wezipesi metbugat işgärleri bileleşigini jebisleşdirmekden olaryň boş wagtlaryny peýdaly geçirmeklerini we dynç alyşlaryny guramakdan ybarat bolupdyr.

Häzirki zaman press-klublary diňe bir żurnalistleriň professional meseleleri bilelikde çözmek üçin birleşmegi däl, eýsem döwlet guramalarynyň we korporasiýalaryň żurnalistik jemgyýete bolan täsirine ýol açmagy maksat edinýärler. Häzir Ýaponiýada 400-den gowrak press-klublar hereket edýär. Olaryň her biri özünde 10-dan 300-e çenli żurnalisti jemleýär. Ýaponiýanyň ýerli dolandyryşyň köp sanly hökümet edaralary we guramalary, syýasy partiýalary, täjirçilik kompaniýalary, kazyýetleri, polisiýa edaralary hususy press-klublary we metbugat-merkezlerini edinýärler. Olaryň üsti bilen çinownikleriň we we biznesmenleriň żurnalistler bilen

yzygideri gatnaşyklary guralýar, metbugat-konferensiýalary we beýleki maglumat çäreleri geçirilýär. Metbugat işgäri press-klubyň agzasy bolmazdan, möhüm ähmiýeti bolan maglumaty almak üçin köplenç halatda tõwekgelçilik edýär. Köplenç halatla press-klublar tankyda sezewar bolýarlar. Olar żurnalistleriň arasyndaky nägileligiň artmagyny, metbugat mazmunlarynyň gysylmagyny şertlendirýärler we habarlaryň häkimiýet hem-de täjirçilik düzümler tarapyndan «elekden geçirilmegini» şertlendirýärler. Şunuň ýaly tejribe etiki taýdan żurnalistikanyň gapma-garşylykly ýagdaýynyň we żurnalistik makalalaryň buýurmalar esasynda çap edilmegini üpjün edýärler.

Birnäçe ýagdaýlarda żurnalistler tarapyndan döredilen birleşmeler metbugat işgärleriniň özara kömek guramalaryny alamatlandyrýarlar. 1893-nji ýylda Lüwowda polşaly żurnalistleriň özara kömek Jemgyýeti döredilýär. 1899-nji ýylda bolsa şunuň ýaly gurama Warşawada döreýär. (Magiýera, W.Syndysaty Dzennikarkskiýe w 20—lesiu // Zeszity Prasoznawsze. Krakow 1990 N 2-4 (124).s. 124-125.)

Şu döwürde żurnalistik profsoýuzlar giňden ýaýbaňlanýar. Olar metbugat işgärleriniň kärhana eýelerine we häkimiýetlere bolan gatnaşyklaryndaky profsoýuz hukuklaryny we bähbitlerini goramak üçin döredilýär. 1891-nji ýylda Pittsburgda (ABŞ) żurnalistleriň we poligrafiýaçylaryň internasional treýd-ýunion «Halkara tipografiýa birleşiginiň» düzüminde ilkinji garyşyk profsoýuz guramasy kemala gelýär. Soňra bu birleşigiň binýadynda profsoýuz guramalaryny döretmek baradaky synanyşyklar hiç hili netije bermeýär. 1891-1919-njy ýyllar aralygynda şunuň ýaly gurama döretmek babatdaky köp sanly synanyşyklaryň netijesinde Demirgazyk amerikan metbugatynyň işgärleriniň döreden köp sanly toparlanyşyklarynyň diňe altysy bäş ýyldan gowrak wagt hereket etdi. 1933-nji ýylda ABŞ-nyň żurnalistleriň

umumymilli profsoýuz birleşigi döredildi. Ol gazet eýeleri bilen toparlaýyn şertnamalary baglaşmaga we beýleki işgärleriň gozgalaňlaryny geçirmäge gatnaşdy. Ol Gazet Gildiýasy diýlip atlandyryldy. Gildiýanyň dörän döwrüniň ilkinji pursatlarynda iş eýelerine adaty talaplar bilen, hepdelik aýlygyň pes derejesini 20 dollara getirmek, 40 sagatlyk iş hepdesi, möhletden artyk iş üçin töleg, zähmet rugsadynyň berilmegi, işden boşadylanda kömek pullary ýaly talaplar bilen ýüzlendi.

**Žurnalistik birleşmeler we jemgyýetler.** XX asyryň birinji onýyllygynda žurnalistik profsoýuzlar (sindikatlar) Ýewropanyň birnäçe ýurtlarynda hem döredildi. Fransiýada žurnalistleriň Milli sindikaty döredildi. Polşada Krakow sindikatynyň nusgasynda ýigriminji ýyllarda žurnalistler profsoýuzy ýaýbaňlandyrylyp başlady. Şonda Polşanyň žurnalistler sindikatlarynyň Birleşiginiň profsoýuz merkezlerini döretmek mümkin boldy (1924 ý, Warşawa), şeýle hem birnäçe sebitleýin profsoýuz birlşmeleri döredildi. Bu proses 1932-nji ýylda polşaly žurnalistler sindikatlarynyň Umumymilli birleşiginiň döremegine getirdi. Işleýän žurnalistleriň hukugyny we bähbitlerini goramak bilen bir hatarda bu guramlalar olaryň iş şertlerini gowulandyrmaga, pension üpjünçiligini kepillendirmäge ýardam etdi. Sindikatlar metbugat işgärleriniň hünär taýdan taýýarlygyny ösdürmegini hem şertlendirdiler.

Dünýäniň birnäçe döwletlerinde asyryň başynda kemala gelen žurnalistler birleşmeleri we jemgyýetleri žurnalistler jemgyýetiniň bähbitlerini goramak babatda örän giň wezipeleri öz öňlerinde goýdular. Sigma Delta Kaý atly žurnalistleriň professional jemgyýeti ABŞ-da 1909-njy ýylda döredilip, ol öz işini diňe bir žurnalistleriň zähmet hukuklaryny we zähmetlerini goramaklyga bagş etmän, eýsem professional kadalaryň etikasyny işläp taýýarlamaga, žurnalistik barlaglaryň höweslendirilmegine hem bagş etdi. Jemgyýet 1912-nji ýylda dünýäde ilkinjileriň biri bolan žurnalistikasy boýunça hünär

neşirini—»The Kuill» («Pero») atly aýda bir gezek çykýan żurnaly döretdi. Jemgyýet żurnalistleriň maglumatlaryň resmi çeşmelerine baryp bilmegini üpjün etmek ugrunda yzygiderli göreş alyp bardy we ol degişli kanunyň—maglumat erkinligi baradaky Teswirnamanyň (1967) kabul edilmegini gazandy.

Jahan uruşlarynyň arasyndaky döwürde metbugat işgärleriniň żurnalistikanyň takyk ulgamlaryna ýöriteleşdirilen assosiasiýasynyň kemala gelmegi bolup geçdi. Meselem, Polşada ýigriminji-otuzynjy ýyllarda Polşanyň sport żurnalistleriniň, saz tankytçlarynyň, kinony öwreniji żurnalistleriň, fotohabarçylaryň sindikatynyň we şuňa meňzeşleriň birleşmeleri döredi. Häzirki döwürde milli we halkara ýöriteleşdirilen żurnalistik assosiasiýalaryň ýüzlerçesi bar. Meselem, häzirki zaman makreýkerleri tejribe alyşmak we birek-biregi goldamak maksady bilen milli professional assosiasiýalaryň we merkezleriň (Britaniýanyň żurnalist-barlagçylar assosiasiýasy, barlagçy żurnalistikanyň filippin merkezi, ol ýöriteleşdirilen żurnaly çap edýär) şu ugur boýunça halkara guramalar hem döredi. «Inwestigatiwe Reporters and Editors» (http:// www. ire. org)—olaryň iň meşhurlarynyň biridir.

Şu döwürde halkara żurnalistik guramalary bellige almak başlanýar. 1926-njy ýylda döredilen Żurnalistleriň Halkara federasiýasy (ştab-kwartirasy Pariżde ýerleşýär) żurnalistleriň hukuklaryny, erkinligini, abraýyny, mertebesini goramak baradaky wezipäni öňde goýýar. Federasiýa görkezilen hukuklar żurnalistleriň professional borçlary ýerine ýetirýän, metbugat uly kapitalyň täsirine garşy göreşýän döwründe hökmany ýerine ýetirilmelidigini öňe sürýär. Ikinji jahan urşunyň başlamagy bilen federasiýa öz işini bes edýär.

Uruş ýyllarynda, 1941-nji ýylda soýuz (erkin) döwletleriň żurnalistleriniň Halkara Federasiýasy döredilýär. Ol faşizme garşy göreşýän, ikinji jahan urşunda millete garşy güýçlerden

tizräk ýeňiş gazanylmagy ugrunda çykyş edýän demokratlary— metbugat işgärlerini, żurnalistleri birleşdirmäge gönükdirilendir. Şu guramanyň binýadynda uruşdan soňky döwürde żurnalistleriň Bütindünýä demokratiýa guramasyny döretmek barada şertnama hereket edýärdi.

Żurnalistleriň halkara guramasy (ŻHO) żurnalistleriň Kopengagende (Daniýa) geçirilen halkara kongresinde döredildi. Ol 1946-njy ýylyň 3-8-nji iýun aralygynda geçirildi. Gurama żurnalistleriň Halkara federasiýasynyň we soýuz (erkin) döwletleriň Halkara federasiýasynyň däplerini dowam etdiriji bolup döredi. Pragada 1947-nji ýylyň 3-7-nji iýun aralygynda geçirilen konferensiýada 28 ýurduň żurnalistik wekilleriniň gatnaşmagynda ŻHO-nyň Ustawy kabul edildi.

ŻHO uzak döwrüň dowamynda iň bir köp sanly żurnalistleriň halkara guramasy bolmagynda galdy (1970-nji ýyllarda onuň 150 müň agzasy bardy). Olaryň köpüsi SSSR Żurnalistler soýuzynyň toparlaýyn agzalaryndan ybaratdy. Onuň hatarynda on müňlerçe adam, şeýle hem sowet blogunyň ýurtlarynyň żurnalistik soýuzlary bardy. Gurama BMG-niň EKOSOS we ÝUNESKO-nyň ýöriteleşdirilen edaralarynda konsultatiw derejä eýedi we 1983-nji ýylda ÝUNESKO-nyň howandarlygynda işlenip taýýarlanylan «Żurnalistleriň hünär etikasynyň halkara prinsiplerini» kabul edilmeginde möhüm orny eýeledi.

ŻHO özüni demokratik ynandyrmalar bilen syýasy partiýalara we hökümete garaşsyz halkara żurnalistler guramasy hökmünde yglan etdi. Ýöne hakykatda welin, sowet blogunyň döwletleri tarapyndan goldawdan peýdalandy we 1989-njy ýylyň ortalaryna çenli metbugat azatlygynyň çäklendirmeleri şeýle hem sosialistik ýurtlarda żurnalistleriň hukuklarynyň bozulmagy sebäpli tankytdan we degişli amaly hereketlerden çetde galdy. ŻHO-nyň abraýynyň göterilmegine guramanyň düzümindäki we dolandyryşyndaky hakyky

demokratizmiň ýetmezçiligi böwet boldy. Bu bolsa Ýerine ýetiriji komitetiň netijesi boýunça (1990 ý, noýabr, Pariż) öz syýasatynda we işinde, hususan-da, birnäçe guramalaryň şahsyýetleriň agalyk etmegi, häkimiýetiň monopolizasiýasy, guramanyň agzalarynyň köpüsiniň karar kabul edilýän halatynda päsgel bermegi çynlakaý gyşarmalara sebäp boldy. 1980-nji ýyllaryň ahyrynda SSSR-de üýtgedip gurmak syýasaty we Gündogar Ýewropa ýurtlarynda sosializmiň ýykylmagy bilen baglanyşykly halkara żurnalistik hereketinde ŻHO-nyň täsiri güýçden gaçdy. ŻHO-nyň taryhy hyzmatlarynyň iň wajyplarynyň biri hem Aziýa, Afrika we Latyn Amerkasy ýurtlarynda żurnalistikanyň ösdürilmegi hakyndaky aladasy, bu ýurtlar üçin żurnalistik kadrlary taýýarlamakda anyk hereketleri boldy.

1950-nji ýyllarda täzeden döredilen Żurnalistleriň halkara federasiýasy (ŻHF) özüniň Brýusseldäki ştab-kwartirasy bilen häzirki güne çenli dünýäde żurnalistik guramalaryň iň bir wekilçiliklisi hasaplanýar. Ol düzüminde dünýäniň 90 ýurdunyň professional birleşmelerini özünde jemleýär. Onuň alyp barýan işiniň esasy wezipesi metbugatyň azatlygy, żurnalistleriň sosial we hünär hukuulary, garaşsyz derejäniň üpjün edilmegi, habar beriş serişdeleriniň işgärleriniň güýçli profsoýuz hereketleriniň ösmegi, şeýle heim żurnalistleri hünär taýdan okatmagy we kämilleşdirmegi üpjün etmekden ybarat.

Sebitleýin halkara żurnalistik birleşmeleri. Ikinji jahan urşy döwründe we uruşdan soňky ýyllarda dünýäniň dürli künjeklerinde żurnalistleriň halkara sebitleýin guramasy döräp başlaýar. Şeýlelikde, 1942-nji ýylda Metbugatyň amerikanara jemgyýeti (MAJ) döredilýär. Latyn amerikan żurnalistleri tarapyndan döredilen bu gurama Karakasda (Wenesuela,1945 ý.) geçirilen üçünji kongresde işiniň ugruny we özüniň düzümini üýtgedýär. Oňa ABŞ-niň redaktorlary we neşirýat

eýeleri, şol sanda iri neşirýat toparlanyşyklarynyň wekilleri girýär.

MAJ çepden edilýän tankyda jogap hökmünde özüniň soňky onýyllygynda kontinentde metbugatyň azatlygy ugrunda göreşdäki hyzmatlaryny görkezýär. Jemgyýet we onuň hereket edýän Komitetiniň düzüminde maglumatlaryň erkinligi Braziliýadaky Senzura tejribesini ýatyrmaga täsir etdi (1978). Ol bolsa, bilim derejesini we professional tejribesini nazara almak bilen, işleýän Latan amerikan żurnalistleriniň hökmany ygtyýarlylandyrmaklyga garşy bolan göreşde Perudaky harby hökümet tarapyndan (1980) millileşdirilen gündelik gazetlere hususy eýeçiligiň dolanyp gelmegini şertlendirdi.

MAJ-yň düzüminden çykan żurnalistik assosiasiýalar Latyn Amerikasynyň habar beriş serişdeleriniň işgärleriniň täze guramasyny döretmek hakynda karar kabul etdiler. Ýöne bu karar diňe 1975-nji ýylda Latyn amerikan żurnalistleriniň Meksikada geçirilen birinji kongresinde durmuşa geçirildi. Ol Żurnalistleriň Latyn amerikan federasiýasynyň döredilýändigini yglan etdi.

Dünýäde ýene-de birnäçe żurnalistleriň sebitleýin halkara birleşmeleri hereket eýdär: afrikaly żurnalistleriniň birleşigi, arap żurnalistleriniň birleşigi we beýlekiler.

**XX asyrda Ýewropada metbugatyň syýasy-ideologik differensiasiýasy.** Geçen asyr iri jemgyýetçilik we syýasy sarsgynlaryň eýýamy boldy. Onuň netijesinde iki jahan uruşlary, kolonial we totalitar imperiýanyň dargamagy, dünýäniň kartasynda täze reňkleriň emele gelmegi bolup geçdi. Aýratynam asyryň birinji ýarymynda syýasy we ideologik joşgunlar has-da dartgynly boldy. Bu bolsa syýasy ýörelgeleýin żurnalistikanyň ösmegini höweslendirdi. Germaniýada Weýmar respublikasynyň döwründe ähli gündelik gazetleriň ýaryna golaýy özleriniň haýsydyr bir syýasy ugra we partiýa ygrarlydyklaryny açyk beýan etdiler. 1932-nji ýylda çap

edilýän 4700 gazetden 600-deni gowragy Katolik merkeziň partiýasyny we Bawariýanyň halk partiýasyny goldap çykyş etdiler. Germaniýanyň sosial-demokratik partiýasy örän giň partiýalaýyn metbugata eýe boldy. Özüniň neşirýat birleşigi bolan bu partiýa 1937-nji ýylda 174 gazeti we onlarça żurnaly çap edýärdi. Germaniýanyň kompartiýasynyň hem köp sanly neşirýat toparlary bardy. Iň güýçli partiýa metbugaty Fransiýada we Ýewropanyň beýleki birnäçe ýurtlarynda hasaba alyndy.

Ýewropanyň döwürleýin neşirleri ideýa-syýasatly alamatlary boýunça differensirlenildi, olar birnäçe iri toparlary emele getirdi:

—monarh metbugaty—ol esasan birinji jahan urşundan öňki döwürde güýçli pozisiýany saklaýardy, şonuň netijesinde hem birnäçe monarh režimi respublikan režimi bilen çalşyryldy;

—hristian-kleriakal neşirýat. Onuň hataryna latykanyň «Oserwatore Romano» («Rim synçysy») girýär;

— hristian-demokratik metbugat dünýewi partiýalaryň sütüni bolup durýar. Ol hristian demokratiýasynyň ideologik gurnamalaryna, şol sanda «General Anze¦ger» («Ählumumy habarlar»), «Bayrnkuriýer» («Bawariýanyň kurýeri») ýaly nemes gazetlerine, Italiýanyň «Popolo» («Halk «) we beýleki neşirlere esaslanýar;

—Liberal metbugat neşirýatlar tarapynlan hödürlenip, olaryň köpüsi XIX asyrda liberallaryň syýasy hereketiniň apogeýa döwründe döredildi. Meselem, 1881-nji ýylda esaslandyrylan «La Wanguardiýa» («Awagard») atly barselon gazetini görkezmek bolar;

—Sosial-demokratik metbugat, Sosialistik Internasionalyň agzlarynyň partiýa guramalary tarapyndan hödürlendi;

—Kommunistik metbugat. Ol 1917-nji ýyldan soň döredilen kompartiýalar tarapyndan neşir edilýär. Metbugat sosialistik we sosial-demokratik partiýalaryň çep ganatynda esaslanýar.

—Milli hukuk neşirleri—metbugatyň şownistik ýa-da şoňa golaý ugurdaky edaralary, meselem, 1968-nji ýyla çenli Fransiýadaky De Golliniň tarapdarlarynyň metbugaty («Le Parisiýen Libere»—»Azat bolan pariżli» we başgalar);

—Faşistik we täze faşistik döwür. Metbugatyň bu görnüşine häkimiýetde nasistleriň bar döwründäki Germaniýanyň reýhiniň metbugaty girýär;

—»Ekologiýa» partiýasynyň we hereketiniň metbugaty. Daşky gurşawy goraýjylaryň köpçülikleýin guramalary esasan 1970-1980-nji ýyllarda kemala gelensoň, metbugatyň bu topary esasan täze diýlip atlandyrylýar. Günbatar Ýewropanyň birnäçe ýurtlarynda «ekologik partiýalar parlamentler we hökümet tarapyndan öňe sürülýär. Germaniýanyň «Ýaşyllary» diýlip atlandyrylýan partiýa iň bir täsirli guramalaryň biridir. Nemes ekologlary öz hatarlaryny giňeltmek maksady bilen 1979-nji ýylda «Diýe Gr+nen» («Ýaşyllar») we beýleki neşirleri döretdiler. Ýewropa ýurtlaryndaky syýasy döwürleýin neşirleri hereket edýän krizis şertlerinde «ýaşyllar» metbugatynyň köpçülikleýin tiraży bolmady.

**XX asyrlarda döwürleýin neşirleriň tipologiýa ewolýusiýasy.** XVII-XIX asyrlarda bolup geçen neşirleriň görnüşleri boýunça döwürleýin ösüş gazetleriň we żurnallaryň esasy görnüşleriniň kemala gelmegini şertlendirdi. Metbugatyň tipologiýa ewolýusiýa prosesi XX asyryň birinji ýarymynda boldy we neşirleriň saklanyp galan görnüşlerini, bazar gatnaşyklary şertlerine uýgunlaşan häzirki zaman ulgamynyň kemala gelmegine alyp bardy.

**Tabloidler.** Uly bolmadyk formatly gazetler (tabloidler) HVH asyrda çap edildi, ýöne neşiriň şu görnüşi bilen beýleki gazetleriň arasynda aratapawut goýulmady. Tabloid köpçülikleýin täzelikçi metbugatyň önümi bolup, neşiriň bu görnüşi asyryň sepgidinde döredi. 1900-nji ýylyň dekabrynda

J.Pulitser Britaniýanyň neşirçisi A.Harmsuortyň kompaniýasy bilen Atlantikany ýüzüp geçdi. Bilelikdäki gezelenjiň barşynda «köpçülikleýin» metbugaty ösdürmegiň dürli ideýalary ara alnyp maslahatlaşyldy. Harmsuort 1896-njy ýyldan başlap, «Dailly Maill» («Gündelik poçta») ady bilen «Sary gazeti» çykardy. Onuň işiniň esasyny demirgazyk amerikan «köpçülikleýin» metbugatynyň reseptleri düzýär. Angliýaly neşirçi «pes gatlakly» gazetleri mundan beýläk ösdürmek barada birnäçe pikirleri öňe sürdi. Pulitser öňe sürülýän täzelikleriň durmuşa ukyplylygyny tejribede synap görmek üçin Harmsuorta özüniň «New York World» gazetiniň bir nomerini çap etmäge mümkiçilik berdi. Harmsuortyň ýolbaşçylygynda taýýarlanan synag nomeri 1901-nji ýylyň 1-nji ýanwarynda çap edildi. Ol adaty gazetiň möçberinden iki esse kiçi we baý illýustrasiýalar bilen üpjün edilen. Bu formatyň köpçülik tarapyndan gowy kabul edilendigine garamazdan, onuň soňky sanlary öňki görnüşinde çykyp başlady.

Angliýa gaýdyp geleninden soň, Harmsuort özüniň «London Daily Nirror» gazetini tabloid formatyna geçirdi. Angliýanyň beýleki bir tabloid gazeti bolsa ýokary tiražly «Ewening Graphis» boldy.

ABŞ-da täze görnüşdäki atbloid metbugaty ýigriminji ýyllarda gülläp ösdi. 1919-njy ýylda Nýu-Ýorkda ilkinji iri «Illýustrated Daily News» atly tabloid gazetine badalga berildi. Ol Patterson we Makkormik tarapyndan esaslandyryldy (soňlugy bilen «Illustrated» ady bu gazetden aýryldy). Tabloid desseine iň bir ýokary tiražly gazete öwrüldi. 1930-nji ýylda ykdysady çökgünligiň zyýanlaryna garamazdan soň görlüp-eşidilmedik tiraža—bir ýarym million nusgalyga ýetdi.

«Daily News» gazetiniň üstünligi gazet bazarynda neşirçi bäsdeşlerde Angliýanyň bu oýlap tapyşyna—tabloide ünsli garamak duýgusyny oýardy. 1924-nji ýylda Herst Nýu-Ýorkuň gazet bazarynda özüniň «Daily Mirror» atly gazetini girizýär.

Ol Angliýa nusgasyndan diňe bir neşir modelini däl, eýsem adyny hem alýar. Birnäçe aýlar geçensoň, tabloidleriň arasyndaky bäsdeşlik göreşine neşirçi Makfadden hem goşulýar. Ol köpçülige özüniň şol tipdäki «Daily Graphis» atly şol tipdäki gazetini hödürleýär.

Asyryň başynda üýtgäp duran depginli şäher durmuşynyň ilaty üçin tabloidleriň gazet hökmündäki häsiýeti kesgitlenildi. Şol döwürde metbugaty düýpli okamaga ýeterlik wagt hem ýokdy. Neşirçiler bir bada tabloidleri gazetleri abuna boýunça ibermekden el çekdiler. Olar nusgalaryny köçede ýaýradyjylaryň üsti bilen satmaga ýykgyn etdiler. Göwrüm boýunça uly bolmadyk gazetler tramwaýda, metroda, barda we şuňa meňzeş ýerlerde okamaga oňaýly boldy. Tabloidleriň köp sahypalylygy okyjylara oňaýly täsirini ýetirdi. Olarda adaty formatdaky gazetlere garanyňda maglumatlar köp hödürlenýärmiş. Möçber boýunça kiçi bolan gazet polosalarynda mahabatlar, bildirişler, has hem uly bolmadyk maglumatlar reklama eýeleriniň ünsüni özüne çekýärdi. Tabloidler köpçülikleýin sarp edijilere ýüzlenilýän reklama serişdelerine uly umyt döredýär. Ýöne reklama agentlikleri olarda giňeldilen täjirçilik bildirişlerini ýerleşdirip bilmeýärdiler. Çünki mahabatyň şeýle görnüşleri uly bolmadyk gazet polosalarynda ýerleşmeýärdi. Tabloidleriň çap edilişinde hem dizaýnerler we ýygnaýjylar üçin kynçylyklar döredýärdi. Bu görnüş çap edilende formaty gyssagly düzmeli we kiçi polosalaryň köp sanlysyny ýerleşdirmeli bolýar.

Tabloidleriň mazmuny intellektual we medeni gatnaşyklar babatda has ösen okyjylaryň derejesi boýunça düzülýär. Habarlara aýratyn-da täzeçillik we dawaly wakalary beýan etmek häsiýetine uly orun berilýär. Birnäçe döwürdeşlerimiz bu gazeti «gazetjikler» diýip atlandyrýarlar. Bu at olaryň diňe bir kiçi görnüşi üçinem berilmeýär. Tabloidler üçin illýustrasiýalaryň, güýmenje materiallarynyň köplügi

(ýumoristik tekstler, suratlar, komeksler), «standart däl» sözbaşylar birinji palasadaky haýran ediji, iri rubrikalar häsiýetli bolýar. Şeýlelikde 1930-njy ýylda illýustrasiýa amerikan tabloidleriniň meýdanynyň ortaça 40 göterimini eýeleýär. Adaty formatdaky gazetleriň meýdanynyň bolsa 25 göterimini eýeleýär. Her bir palasa (ýa-da iki bile duran palasa) «nusgawy» tabloidde tematika boýunça ýöriteleşdirilen bolýar, merkezi palasalar adatça illýustrasiýa bilen doldurylýar.

Tabloid gazetler üçin adaty bolan pikirlenmeler we oýlanmalar gep-gybatlar we dawalar adaty bolup, ol dar düşünjeler adamlaryň ünsüni sowmaga gönükdirilendir. «Men olaryň talap edýän zadyny berýärin» diýip tabloidi oýlap tapan Karmsuort aýdýar (ol soňra Nortklifiň lordy diýen titula eýe bolýar). Okyjylaryň (esasanam jemgyýetiň pes gatlygyny düzýänleriň) ünsüni çekmek maksady bilen tabloidler tekst materiallary we illýustrasiýalar, sosial sistereotipleri ezijiler (milli, gatlak, jynsy we beýlekiler), köpçülikleýin aňda hereket edýänleri, şeýle hem köpçüligiň jynsy gatnaşyklaryny beýan edýän materiallar bilen doldurylýar. «Tabloid» düşünjesi talapkär bolmadyk okyjy üçin täzelikçi, dawakeş metbugatyň sinonimi bolmagy tötänleýin däldir. Soňra tabloid neşirleri bilen ugurdaş «tabloid žurnalistikasy», «tabloid telewideniýesi» ýaly düşünjeler döräp başlady. Olar haýran galdyryjy, žurnalistik işiniň etiki taýdan jedelli görnüşlerini açyk beýan edip başladylar.

Angloamerikan tabloid metbugaty Ýewropada, Aziýada we Latyn Amerikasynda birnäçe öýkünäýn metbugatyň döremegine sebäp boldy. Ýigriminji-otuzynjy ýyllarda tabloid neşiriniň görnüşleri Meksikada, Braziliýada, Kubada özleşdirilýär. Gawanada tabloidleriň amerikan nusgasy boýunça «La Pressa» («Pressa») we «La Woz» («Ses») ýaly gazetler döredilýär. Olaryň bahasy has arzan bolup (1 sentawo möçberinde) özüniň neşirlerindäki dawaly wakalary we «gyzyl

hronika» diýlip atlandyrylýan özüniň ähli keşpleri bilen jenaýatçylykly wakalary bilen köpçülikleýin häsiýete eýe bolýar.

**Hepdelik täzelik żurnallary.** XX asyryň ýigriminji-otuzynjy ýyllarynda täzelikler żurnallary— döwürleýin żurnallaryň uly tipologiýa toparlary emele gelýär. Şeýle żurnallaryň başlangyjy we iň ýiti wekili hökmünde «Time» («Wagt») żurnaly bolup durýar. Ol 1923-nji ýylda Ýelsk uniwersitetiniň ýaş uçurymlary H.Lýus we B.Hadden tarapyndan esaslandyrylýar. Żurnaly döredijiler orta derejeli okyjylaryň täze gatlagynyň isleglerini nazara almak bilen, industralizasiýanyň we ýokary bilimiň has elitar häsiýetini ýeňip geçmegiň netijesinde çygryny giňeldýärler. Şol döwürdäki «ýokary hilli» metbugat üçin häsiýetli bolan täzeliklere obýektiwleýin faktologiýa taýdan çemeleşmelerine, ýöne şol bir wagtyň özünde dürli wakalary köp faktlar, ekpressiw bezegli şekiller bilen hödürläp bilerdiler. Ol wakalar biznesden başlap, içerki syýasaty we halkara işlerini ylmyň, tehnikanyň, bilimiň iň täze gazananlaryny beýan ederdiler.

Amerikan uniwersitetleriniň we kolleżleriniň 1920-nji ýyllarda orta gatlagyň üstüni ýetiren köp sanly uçurymlarynyň köpüsi olaryň hünärinden daşgaryn düýpli ylymlar bilen tanyş däldiler. Şol sebäpli hem olara gönükdirilen żurnal «ekspertlere» däl-de, eýsem «iş adamyna»—özüniň biznesi bilen meşgul bolýan bilimli, boş wagtynda köp sahypaly gazetleri we dürli żurnallary agtaryp, özi üçin gyzykly maglumatllary gözleýän amerikala gönükdirilendir. Żurnalyň ýaş esaslandyryjylary mazmunly döwürleýin neşirleriň köplügine garamazdan, ABŞ-niň halkynyň köp böleginiň maglumatlar bilen tanyşlygy ýaramaz ýagdaýda. Hut şonuň üçinem olar sistematik seçip almalary we żurnal materiallarynyň ýigrimi tematik bölümler boýunça berk guralmagyny teklip etdiler. Olaryň pikiriçe, bu usul okyjylara

żurnalyň köp sanly we köptaraply hepdelik täzeliklerden ybarat bolan mazmunynda amatly ugur almaga mümkinçilik berer.

Olar tarapyndan girizilen sanlaryň berk içerki düzümi «täzelikleriň doly guralmagy» prinsipine degişlilikde mazmunyň subýektiwligi we aýdyňlygy bilen sazlaşýar. «Time» diňe bir stilde taýýarlanýar. Şeýlelikde, okyjyda hepdelik mazmunlar «bir adamdan başga bir adama» alyp barýan görnüşinde beýan edilýär. Şu maksat bilen habarçylar tarapyndan ýazylan materiallary żurnalyň redaktorlary täzeden işleýärler we olara «Timi¦» özboluşly stiliniň häsiýetini berýärler. Ol stiller ynamly, teýeneli, köplenç halatda ýiti we skreptik häsiýetinde bolupdyrlar.

Neşiri orta derejedäki bilimi bolan gatlaga ýakynlaşdyrmaga çalyşmak bilen Lýus we Hadden onuň sahypalaryna ýaşlaryň we talyplaryň islengini, köpsanly nselogizmleri we ekzotizmleri girizipdirler. Olar muny täzelikleriň mazmunyndaky ekspressiwligi ýokarlandyrmak üçin şeýdipdirler. Şu derejedäki okyjylaryň ünsüni çekmek maksady bilen „adam gyzyklanmalary“ baradaky, ählumumy ünsi özüne çekýän materiallary peýdalanypdyrlar (sport, dynç alyş, güýmenje jynsara gatnaşyklar, saglyk, durmuş ýörelgesi we başga temalar peýdalanylypdyr).

„Time“ žurnalynda aýdyň şöhlelendirilýän ekspressiwlik, bilen beýan etme häsiýetli bolupdyr. Žurnal täzelikleri taryhy baglylygy bilen ABŞ-nyň metbugatynda ýörgünli bolan faktologik reportaždan el çekip, syn berme elementlerini ulanmak arkaly beýan etmäge çalşypdyr. Žurnalyň mazmuny özüniň žanr alamatlary boýunça giňeldilen reportaža ýakyn bolan onlarça uly bolmadyk tematik tekst materiallaryna bölünipdir. Olaryň köpüsi (70 göterime çenlisi) deýjestirlenmek usulynda taýýarlananlary „ýokary derejeli“ metbugatyň materiallary gysgaça beýan edipdirler. Şunuň bilen bir hatarda redaksiýanyň özüniň barlag we resminamalara gullugy

bolupdyr. Ol žurnalyň metbugat organlaryň materiallary bilen habarly bolmagyny üpjün edipdir. Netijede «Time» žurnalynyň işinde we keşbinde okyjylar köpçüligi we „ýokary derejeli“ metbugat üçin alamatlaryň täsin sazlaşygy emele gelipdir.

Žurnaly dünýäni «görmeli» we «görkezmeli» diýen ýörelgä eýerip, ony döredijiler okyjylara hakykatyň aýdyň, duýgy taýdan öwüşgin berlen «tankydyny»—wakalaryň nepis keşbini ýetirip, oňa neşiriň özboluşly alamatlaryny bermäge çalşypdyrlar. Žurnala bezegli materiallaryň girizilmegi bilen, hususan-da wakalaýyn fotosuratlar neşiriň bu alamatlaryny has-da berkidipdir. Ilkibaşda «Time» žurnalyna subýektiwlik elementleri häsiýetli bolupdy. Ol „ýokary derejeli“, daşyndan göräýmäge mazmun taýdan adalatly obýektiwleýin täsirlerden tapawutlanýardy. «Time» žurnalynyň sahypalarynda täzelikleri aýdyň beýan edýänligi bilen tapawutlanýar, şol zerarly hem döwürdeş žurnalistleriň nägileliklerine-de sebäp bolýardy, olar žurnaly faktlaryň we pikirleriň garym-gatymlygynda aýyplaýardylar. Obýektiwizmiň we adalatlylygyň talaplaryna şübhe bilen garaýan H.Lyus žurnalistikada esasy zat dogrulyk diyip belleyär. Ol žurnalist öz nukdaýnazaryny esaslandyrmak maksady bilen faktlaryň «ýoýmaly däldir» ýa-da başga nukdaýnazary tassyk edýän pikiri inkär etmeli däldir.

Tankytçylar birnäçe gezek «Time» žurnalynyň dogruçyllygyny sübhe bilen garaýarlar, olar žurnalda täzelikler beýan edilen bolup, olarda wagyz häsiyeti artykmaçlyk edýär diyip hasaplaýarlar. Neşiriň sahypalaryndaky habarlar esasy çeşmä salgylanmaýarlar, bu bolsa olaryň anyklygyny şübhe astyna almaga esas beryär. Redaksiýanyň daýjestirlemek usulyny giňden ulanmagy muňa sebäp boldy: köplenç halatda beýleki neşirlerden alnyp, olaryň alnan çeşmesine salgylanmazlyk, olaryň görkezilmezligi (iň gowy, habarlaryň wakanyň bolýan ýerinden göni alynmagy, «birinji el» bolunmagy).

Žurnalyň personaliza (bir adamyň durmuşyna, döredijilige bagyşlanan) täzelikleri çap etmegi, onuň häsiyetli alamaty boldy. Bolup geçyän wakalar hakda habar toplamak işi syýasatyň, biznesiň, güymenjeler ulgamynyň täzelikler syužetiniň ileri tutulýan ugurlary boldy. «Time» žurnaly «Atlar täzelikleri döredýär» diýen ýörelge esasynda hereket etdi. Žurnalyň ýolbasçylarynyň bu tapyndysy, personalizasiýanyň täsirini güyçlendirmek bilen, kada boyunça «ýyldyzlaryň» kategoriýasyndan žurnalyň her ýylda geçiryän «ýylyň» adamyny geçirmek däbe öwrüldi.

«Time» jemgyyetçilik-syýasy, bezegli hepdelik täzelikler žurnaly otuzynjy ýyllarda uly täjirçilik üstünligini gazandy we soňly bilen transmilli ýayrawy bilen dünyäde iň bir köp nusgaly neşire öwrüldi. Häzirki döwürde žurnalyň 40-dan gowrak daşary ýurt neşirleri bar, oňa Ýewropa wersiýasy bolan «Time— Atlantis Yedition» hem goşuldy. 1960-njy ýylda onuň tiražy 2,5 million töweregi bolup, 1970-nji ýylda 4 milliona yetdi. Häzir onuň tiražy 5 million töweregi.

«Time» žurnalynyň tipine we redaksion konsepsiýasyna Birleşen ştatlarynda bolşy ýaly, daşary ýurtlarda-da öýkünip başladylar. 1933-nji ýylda ABŞ-da esaslandyrylan «Newsweek» («hepdäniň täzelikleri») atly žurnal tipologiýa taýdan gönüden-göni meňzeş we bäsdeş žurnal boldy. Olaryň arasynda örän köp umumylyklar bar, öňi bilen bolsa žurnalyň göwrüminde, bezeginde içki gurluşynda we mazmun häsiyetnamalarynda meňzeşlik bar. «Newsweek» iňlis T.J.S. Martiniň ýolbaşgylygynda döredildi. Ol ozal «Time» žurnalynyň redaksiýasynda işledi. Martin «Time» žurnalynyň içerki redaksion işini ýagşy öwrendi. Ol täze neşirde onlarça ýyl ozal Lyus we Haddan tarapyndan öňe sürlen ideýalary peýdalandy. Şunlukda ol «Time» žurnalyna mahsus täzelikleri bermegiň subýektiw usulyny görkezmezlige çalyşdy.

Örän täsirli jemgyyetçilik-syýasy, bezegli hepdelik žurnal bolan «Newsweek» häzirki döwre çenli «Time» žurnalynyň çynlakaý bäsdeşi bolup durýar. Ol okyjylar köpçüligi üçin diňe bir demirgazyk amerikan däl, eýsem hepdelik täzelikler žurnallarynyň halkara bazarynda hem şeýledir. Onuň 25 sany daşary ýurt neşirleri we Ýewropa ýurtlaryna ýaýradylan halkara ugry bar. Žurnalyň tiražy 3,1 milliona barabardyr.

Beýleki bir amerikan neşirçişi D.Lourens hem «Time» žurnalyndan täsirlendi. Ol 1933-nji ýylda özüne degişli bolan «United Statest Daily» gündelik gazetini täzelikleriň hepdelik žurnalyna öwürdi. Bu gazet 1926-njy ýyldan bäri çykýardy. 1948-nji ýylda bu neşire özüniň «World Report» žurnalyny hem birikdirip, Lourens žurnal bazaryna özüniň «Time» žurnalyna meňzeş «US News & World Report» atly özüniň täze žurnalyny hödürledi.

Uruşdan soňky döwürde bezegli hepdelik täzelikler žurnalynyň demirgazyk amerikan stili Günbatar Yewropa, Latyn Amerikasy we Aziýa ýurtlarynda giňden ulanylyp başlandy. 1947-nji ýylda GFR-de «Time» formulasy boyunça «Der Spiyegel» («Ayna») žurnaly döredildi. Soňky ýyl bolsa demirgazyk german žurnal bazarynda «Quisk» döredi we ol Amerikanyň täzelikler žurnalynyň neşirçilik tejribesine daýandy. Italiýada şol tejribe «Ekpresso» we «Tempo» žurnallaryny döredijileri ruhlandyrdy.

Fransiýada «Time» we «Newsweek» žurnallaryna meňzeş birnäçe neşirler topary emele geldi. Amerikan stilindäki hepdelik täzelikler žurnalynyň konsepsiýasyny ilki bilen 1953-nji ýylda Ž.Ž.Serban-Şreyber tarapyndan döredilen «L Ehpress» žurnaly kabul etdi. Ayratyn-da 1964-nji ýylda žurnalyň dargadylmagyndan soň okean aňyrsy nusga eýermek hasiýetli bolup başlady. Şeyle redaksion formula «Le Nouwel Obserwateur» žurnalyny dörediji topary ruhlandyrdy. Ol žurnal 1964-nji ýylda «L Ehpress» redaksiýasynyň öňki işgari

Ž.Danieliň ýolbaşçylygynda çykyp başlan we «Le Point» žurnalynyň prototipi bolup özüniň ilkinji tapgyrynda amerikan žurnalyny tutuşlygyna göçürip ugrady.

70-nji ýyllaryň ahyrynda 80-nji yllaryň başlarynda Ispaniýada demokratik özgertmeleriň döwründe, diktator Frankonyň ölüminden soň Ispaniýanyň hepdelik täzelikler žurnaly «Sambio» we Lyuşuň neşirçilik konsepsiýalarynyň, synagdan geçen korporasiýasynyň esasynda döredilen we Yewropa dowam etdirijiligine eýe bolan giň jemgyýetçilik meşhurlygyna eýe boldy. Tipologiýa taýdan Ýewropanyň täzelikler hepdelik žurnallaryna ýakyn bolan, olaryň demirgazyk amerikan dowam etdirijileri tarapyndan, žurnalistikanyň milli mekdebiniň aýratynlyklaryny kesgitläp, tapawutlaryny aradan aýyrmaýar. Şu tipdäki birnäçe neşirlerde Ýewropada, olaryň umumy habarlar-mahabat hasiýetinde, köplenç derejede demirgazyk amerikan neşirlerinde publisistik, analitik aspektde görkezilýär. Ýewropa žurnalistikasynyň «uly ussatlarynyň» emele gelen taryhy däplerine göra, ykrar edilen meşhur publisistleriň abraýyna esaslanýan neşir öňki «Time» täzelikler žurnalynyň stil yörelgesini inkär edýär.

Häzirki zaman hepdelik täzelikler žurnalynyň ABŞ-da bolşy ýaly, beýleki daşary ýurtlarda hem her bir nomerde esasy yörite reportažyň (ýa-da makalanyň) gündelik täzeliklere ýa-da syýasy, ykdysady, jemgyyetçilik ösüşi meselelerine degişli bolan halatynda olara mazmun elementleri häsiyetli bolupdyr.

Häzirki döwürde jemgyyetçilik-syýasy täzelikler žurnaly öňi bilen bilim derejesi ýeterlik nusgada ýokary bolan okyjylara, Intelgensiýanyň wekillerine, talyplara, bilimli menejerlere köp dürli maglumatlar meselelerine eýe bolan çinowniklere ýagny yzygiderli gündelik maglumatlary gysga görnüşde kabul etmäge çalyşýan adamlara gönükdirilendir.

**Häzirki zaman köpçülikleýin bezegli žurnallar**. Poligrafiýanyň ösüşindäki üstünlikler, tehnologiýanyň we

fotografiýa sungatynyň progresi häzirki zaman köpçülikleýin bezegli tipdäki žurnallar gülläp ösmegi üçin predposylkalar döretdi. Olaryň arasynda iň irileriniň we meşhurlarynyň biri bolsa hepdelik «Life» («durmuş») žurnaly boldy. Ol 1936-njy ýylda H.Lyuşuň ýolbasçylygynda «Time Ins» tarapyndan esaslandyryldy.

Köpçülikleýin okyjylara gönükdirilen bezegli žurnallar öň hem meşhur bolupdylar. HIH asyryň ahyrlarynda bezeg materiallary hususan-da, suratlar bilen baýlaşdyrylan žurnal neşirleri köp tiražlar bilen ýaýradylýardy. şeýle neşirleriň meşhurlarynyň biri hem Amerikanyň «Satutdau Yevening Post» žurnalydyr. Ol 1897-nji ýylda 25 sent bahasy bilen köpçülikleýin žurnala öwrüldi. Žurnal däp bolan orta derejeli okyjylara gönükdirildi. Ýöne köplenç bu neşirlerde bezeg işleri garaşly ýagdaýda, ýagny tekst materiallarynyň beýan edijiligini artdyrmak üçin serişde hökmünde ulanylýardy. Fotožurnalistika žanrynyň kemala gelmegi fotografiýa illýustrasiýasynyň ekspressiw wizual tejribesiniň toplanmagy bilen ol özbaşdak köplenç ýagdaýda bolsa bezegli žurnalyň mazmun toplumyny beýan edýän hökmünde birinji plana çykdy. Muňa poligrafiýa önümçiliginiň ösüşi, ýokary hilli bezegli metbugat materiallarynyň köpçülikleýin tiražyny gyssagly çap etmage mümkinçiligi şert döretdi.

Köp reňkli bezegli žurnallaryň häzirki zaman tipiniň köpçülikleýin önümçiligi we olaryň köp millionly tiražlar bilen ýaýradylmagy köp mukdardaky çykdaýjylar bilen bagly boldy: olar üçin gymmat kagyzlar, şeýle hem ýokary hilli reňkli çap ediliş gymmat düşyärdi. Ýöne şeýle-de bolsa köpçülikleýin bezegli žurnallar mahabat çap etdirýänleriň ägirt uly mukdarynyň ünsüni özüne çekyärdi. Bu bolsa mahabat maýa goýumly çekmek üçin oňat şert döredýärdi. Şeylelikde neşirleriň umumy girdejisiniň 80-90 göterimini mahabat tutýardy. Mahabat işinden gelyän ägirt uly girdeji diňe bir

çykdajylar ýapmak bilen çäklenmän, eýsem tiražyň köpeldilmegine we ýaýradylmagyna şert döredýän neşirçilik biznesiniň ýokary girdejisini üpjün edýärdi we žurnallaryň okyjylar köpçüligine arzan bahadan hödür edilmegini gazanýardy, köplenç ýagdaýda olaryň özüne düşýän gymmatyndanam arzan satylýardy. Baý bezegi bolan «Life» žurnalynyň bir ekzemplýary 1938-nji ýylda bary-ýogy 10 sentden satylýardy. Bu bolsa onuň giň okyjylar köpçüligine elýeterli bolmagyny şertlendiryärdi. 70-nji ýyllara çenli žurnalyň taryhy okyjylar köpçüligini yzygiderli artdyrmak üçin tagalla edendigine şaýatlyk edýär. 60-njy ýyllaryň başyna «Life» žurnalynyň möçberi 6 million ekzemplýara barabar boldy. 1946-njy ýyldan başlap Parižde žurnalyň iki hepdeleýin Ýewropa neşiri, 1953-nji ýyldan bolsa «Life Yen Yespojol» žurnaly ispan dilinde, latyn amerikan okyjylaryna hödürlenip çykyp başlady.

«Life» žurnalynyň köpçülikleýin metbugata degişliligi, onuň mazmuny we bezegi bilen tassyk edilyär. H.Lyuşuň döreden prinsipine görä žurnal metbugaty «görmek we görkezmek» ýörelgesi «Life» žurnalynyň işinde doly durmuşa geçirildi. Žurnal hepdäniň wakalaryny aýdyňlygy bilen, şekilleriň üsti bilen gyssagly we ýokary hilli foto illýustrasiýalary bilen görkezyär.

Telewideniýe döreýänçä we telewizion eyýamyň birinji ýyllaryna çenli, haçanda tele täzelikleriň agşamky goýberilişiniň möçberi 15 minutdan köp bolmadyk halatynda, reňkli telewizorlar bolsa entek köpçülikleýin häsiyete eýe bolmanka, «Life» žurnalynyň we şoňa meňzeş neşirleriň baý wizual serişdeleri täzelikleri reňkli aýdyň beýan edýärdiler. H.Lyus «Life» žurnalyny çykarmak, munuň özi her hepdede Bradweýde täze şouni goýan ýalydyr. Ýokary hilli fotosuratlar täzelikleri yygnamak boýunça giň möçberli işi ýola goýan ýalydyr. Munuň özi milli möçberde bolşy ýaly, daşary ýurtlarda

hem şeýledir. Şeylelikde «Life» žurnalynyň redaksion çykdajylary beýleki bäsdeş žurnallaryň çykdajylaryndan iki-üç esse artyk bolýar.

«Life» bezegli žurnalynyň täjirçilik we jemgyyetgilik üstünligi amerikaly we daşary ýurtly neşirçileri degişli tipologiýa neşirleri döretmäge mejbur etdi. 1937-nji ýylda amerikan neşirçişi G.Kouls tarapyndan köpçülikleýin bezegli žurnalyn tipinde başga bir iki hepdeleýin «Look» («garayyş») žurnaly döredildi. Ol köp wagtlap «Life» žurnalyna okyjylar köpçüligini gazanmak babatda bäsdeş boldy. «Life» žurnalynyň başga bir güyçli bäsdeşi hepdelik bezegli žurnal «Saturdau Yevening Post» boldy. Onuň tiražy «altyn döwrüň» ahyrynda ýagny 1950-nji ýyllarda 6 million ekzemplýara yetdi. 1945-nji ýylda ABŞ-niň döwürleýin žurnal bazarynda köpçülikleýin bezegli žurnal «Ebony» («gara») žurnaly döredi. Ol afro-amerikanlar üçin döredildi. Ony H.Lyuşuň dosty Ž.H.Žonson döretdi. Bu žurnal «Life» žurnalyna tipologiýa taýdan meňzeş bolup afro-amerikan okyjylaryna uýgunlaşdyrylan boldy. 30-40-njy ýyllarda köpçülikleýin bezegli žurnallary neşir etmek tejribesi toplanyp, ol soňlugy bilen 1954-nji ýylda «Time Ins.» kompaniýasy tarapyndan ýokary tiražly hepdelik «Sports Illustrated» žurnalyny döredilende peýdalanyldy. Bu žurnal kartinkalaryň üsti bilen sport täzeliklerini beýan etmäge ýöriteleşdirildi.

Fransiýaly dokma fabrikanty we neşirçi Z.Pruwo 1938-nji ýylda «Matsh» hepdelik sport žurnalyny satyn aldy we onuň konsepsiýasyny gözden geçirip, bu neşiri «Life» žurnalynyň nusgasy boýunça hepdelik köpçülikleýin bezegli žurnaly öwürdi (ol 1949-njy ýyldan häzirki güne çenli «Paris-Matsh» ady bilen neşir edilyär). «Paris-Matsh» žurnalynyň sahypalaryna köp sanly ýokary hilli reňkli foto bezegleriň ulanylmagy, hususan-da, «sanyň» fotoreportažy hepdäniň täze wakalaryna bagyşlanyp, ugradyjy tekstleri bilen okyjylar

köpçüliginde aýdyňlyk täsirini döredýär we wakanyň bolýan yerine gatnaşygyny aňladýar. Bu bolsa täzeliklere goşmaça duýgy elementlerini beryär. Uruşdan öňki döwürde žurnalyň tiražy 80 müň bolanlygyndan 1400-e çenli artdy. Uruşdan soň bolsa täzeden dikeldilen žurnaly ýaýratmak 1,5 ekzemplýardan geçdi. 1960-njy ýylda ol rekord derejä—1800 müň ekzemplýara yetdi. «Parls-Matsh» žurnalynyň metbugat žurnalynyň amerikan nusgalaryna ugry onuň işgärleri tarapyndan özleşdirilen iş stilleri we metodlary ABŞ-niň zurnalistikasynyň üçin häsiýetli alamatlary şertlendirdi.

Köpçülikleýin bezegli žurnallaryň ösüşi dünyäniň dürli ýurtlarynda onuň kemala gelmegine oňaýly şert döretdi we wizual dokumentalistkanyň gornükli wekilleriniň—wakalaýyn suratlaryň, surat reportažlarynyň we surat oçerkleriniň ussatlarynyň birnäçe nesillerini kemala getirdi. Olaryň hatarynda R.Kappany, M.Burke-Uayty, A.Ayzenştatdy, D.D.Dunkany (ABŞ), Ž.Kate-Bressonyň (Franslýa) we başgalary görkezmek bolar.

1950-nji ýyllaryň ahyrynda 1960-njy ýyllaryň başynda bezegli žurnallar telewideniýäniň bäsdeşliginiň täsiri netijesinde mahabat girdejilerini yitirip başladylar. Telewideniýe hereketli suratlary hakykat ýüzünde ekpressiw suratlardan üstün çykýan görnüşinde beýan edip başladylar we has gyssagly hem-de maglumatlaryň we mahabatlaryň ýetirilmegi babatdaky köpçülikleýin häsiyeti ele aldylar. 1959-njy ýylda «Life» žurnalynyň rekord tiražy gazanmagyna garamazdan mahabat işinde telewideniýe bilen bäsdeşlik zerarly esasy kynçylykly meseläni başdan geçirdi. Soňky ýyllarda öň gazanylan pozisiýany saklamak we ony giňeltmek maksady bilen mahabat girdejileri babatda telewideniýe bile bäsdeşlik şertlerinde we neşir çykdajylarynyň artmagy netijesinde ýygy-ýygydan konsepsiýasyny täzeden düzüp başlady. 1962-nji ýylda öň iň meşhur ABŞ-niň bezegli žurnaly

bolan «Saturday Yevening Post» özüniň köp millionlyk tiražy bilen ilkinji gezek 1891-nji ýylda uly çykdajyny (4 million dollary) başdan geçirdi. Ykdysady pese düşmekden we döwürleýinligi üýtgetmekden ol okyjylar köpçüligini ýitirdi.

Mahabat biznesiniň ösmeginde birbäçe ýörelgeler arkaly köpçülikleýin žurnallaryň kynçylygy barha çuňlaşdy. Reklama eýeleriniň mahabat tehnologiýalarynyň salgylarynyň kämilleşmegi netijesinde neşirler köpçülikleýin žurnallardan ýöriteleşdirilen žurnal neşirleri bilen hyzmatdaşlyk edýän neşirlere öwrüldi. Olar belli sektorlara we okyjylar köpçüligine gönükdirilip ugrady. Munuň özi mahabat serişdelerine has ýokary derejede gönükdirilen neşirler hökmünde görülip başlandy. Tiražy çap etmek we ony ýaýratmak bilen baglanyşykly çykdajylaryň ösmegi bilen ägirt uly žurnallaryň pozisiýasyna çynlakaý urgy boldy. Şeyle ýagdaý 1960-njy ýyllaryň aýagynda we 1970-nji ýyllarda has-da aýdyň ýüze çykdy.

70-nji ýyllaryň başynda köpçülikleýin bezegli žurnal neşirlerinde yiti krizis has-da öňe çykdy.

1970-nji ýyldan 1972-nji ýyla çenli «Life» žurnalynyň tiražy 8,5 million bolanlygyndan 5,5 milliona çenli azaldy. Şeyle hem onuň girdejisi peseldi. Şeylelik bilen žurnal ýapyldy. Şunuň ýaly ykbal «Look» žurnalyna hem degişli boldy. Bu žurnal hem öň ýanyndaky onýyllykda özüniň tiražyny durnukly ösdüripdi we 1945-nji ýylda 2 million ekzemplýara, 1955-nji ýylda bolsa 4 milliona yetipdi. Žurnal öňde goýlan mukdarda (8 million ekzemplýara) ýetip bilmän, 1971-nji ýylda ýapyldy. Şeyle problemalary şu döwürde Ýewropa tipologiýa žurnallary bolan «Life» we «Look» hususan-da, Fransiýanyň «Paris-Matsh» žurnallary hem başdan geçirdiler. 1973-nji ýylda bu žurnalyň tiražy 645 müň 304 ekzemplýara çenli pese düşdi. Şundan üç ýyl geçen soň, yiti krizisi başdan geçiren žurnal özüniň täze eýesiniň—D.Filippazyň hususy žurnalyna öwrüldi. Ol neşiriň

konsepsiýasyny üýtgetdi, onda syýasy informasiýanyň ornuny ýokarlandyrdy we ony hepdelik täzelikler žurnalynyň tipine ýakynlaşdyrdy, žurnalda esasy güýç täzelige we dawaly wakalara berildi, olaryň beýan edilişi ýönekeýleşdirildi we duýga esaslandy. Şeylelikde has utuşly taraplar saklanyp galdy. «Paris-Matsh» bezegli žurnal hökmünde, hususan-da, nomeriň fotoreportaž «merkezi» öňde goýuldy. Onuň tiražyny million derejä yetirmek başartdy. 1978-nji ýylyň oktýabrynda «Life» žurnalynyň goýberilişi ýola goýuldy. Ol aýda bir gezek çykýan bezegli žurnala öwrüldi, ýöne amerikan barlagçylary we E.Emerleriň bellemegine görä, onuň meşhur foto žurnalistikasy yokdy. Görnükli fotoreportýorlar öňki redaksion toparyň agzalary beýleki žurnallara geçipdiler. 1990-njy ýyllarda tiražyň yeten derejesi (1,7 million ekzemplýar) žurnalyň iri neşir bolmagyny dowam edýändigine şaýatlyk edýär. Ýöne öňki uly meşhurlyk we ähmiyet peselipdi. 2000-nji ýylda, «AOL-Time Warner» mega korporasiýasynyň döremegi bilen oňa degişli bolan «Life» žurnaly pes ykdysady bähbit üçin ýapyldy. Ol žurnal çykmagyny bes edýänçä 1,5 million tiražy bardy. Meşhur žurnalyň neşiri 200l-nji ýylyň 11-nji sentýabryndan soň yene bir gezek dikeldildi. «Life» žurnalynyň 200 sany ýörite oňa bagyşlanyldy. Olar sentýabr wakalarynyň tragiki kartinalary hakyndaky fotoreportažlar boldy. Bu gezek žurnalyň çykarylyşy alty hepdeden bir gezek boldy (ýylda 8 sany). «Life» žurnalynyň hereket eden ýyllarynyň dowamynda onuň sahypalarynda çap edilen iň gowy foto illýustrasiýalar bilen köpçüligiň ýakyndan tanyşmagy üçin ýörite Life, kom, Internet-saýty döredildi. Ol ýerde nusgawy fotosuratlaryň jemi ýerleşdirildi.

D. Filippazynyň ýolbaşgylygynda 1979-njy ýylda täzeden dikeldilen «Look» žurnaly bu gezek aýda bir gezek çykyp başlady. Ýöne ol ABŞ-nyň iri birbäçe žurnal neşirýatlarynyň

«ikinji hatarynyň» wekiline öwrüldi. Ol tiražy boýunça öňdebaryjy žurnallardan ep-esli yza galdy.

**Işewür žurnallar**. 1920-1930-njy ýyllarda iň bir synçy we talapkär neşirçiler işewür dünýäniň ýokary hilli neşirleriň mazmunyndan we stilinden kanagatlanýandygyna ünsi çekdiler. Olar esasanam ykdysady we syýasy elitadaky okyjylara niyetlenen maglumatlaryň azdygyny bellediler. Şol döwürdäki «ýokary hilli» anyk beýan edilen faktlaryň bolçulygy birbäçe biznesmenler we senagatçylar üçin ýokary dereje bolmaýardy. Olar gysgaldylan işewür we syýasy maglumatlaryň hem-de olara synlaryň sistemalayyn görnüsine garaşýardy. Okyjylar köpçüliginiň şu gatlagy üçin «Bisiness Week» hepdelik žurnalyny döredijiler jogap tapdylar. Ol žurnal 1929-njy ýylda ABŞ-da çap edilip başlandy.

H.Lyus 1930-njy ýylda ýene bir işewür täzelikleriň žurnalynyň—»Fortune» («üstünlik») žurnalynyň döredilmeginde «Time» žurnalynyň aýaga galýan döwründe toplanan biznesmenlere niyetlenen birbäçe işläp tayýarlamalary ulandy. Täze žurnal döwürleýin bazarda özüni çalt tassyk etdirdi. Ykdysady çökgünlige garamazdan, maliye we birža maglumatlary neşiriniň adaty işewür žurnal üçin birbäçe industriýa we söwda täzeliklerini, şeyle hem ABŞ-niň syýasy we jemgyýetgilik durmuşynyň täzelikleri hakynda giň maglumatlary, dünyäde bolup geçyän wakalary berip başlady. Habarlar esasan gysgaldylan we elýeterli görnüşde düzülyärdi. Žurnalda täzelik we analitik materiallaryň düzülişi we kombinasiýa stili işewür okyjylar üçin elýeterliligi we hödürlenilyän dürli gyrnüşli habarlary yeňil özleşdirilmegini üpjün etdi. Şuňa meňzeş neşirler Ýewropada hem döräp başlady. Dýussldorfda (Germaniýa) 1926-njy ýylda işewür adamlar üçin çykýan «Wirsshafts Woshe» («ykdysady hepde») atly hepdelik žurnal ykdysady we jemgyyetgilik syýasy

temadaky täzelikleri giňeldilen bellikler we gysgaldylan makalalar görnüşinde yzygiderli syn berme arkaly beýan edýär.

**Žurnal-daýžestler**. XIX asyryň ahyrynda XX asyryň başlarynda beýleki neşirlerden alnyp täzeden işlenen materiallaryň esasynda kemala gelen žurnallar ýaýrap başlady. Olar «Daýzestler» (iňlis dilinden alnanda digest-gysgaça beýan etme, rezýume diýen manyny beryär) diýen ada eýe bolýar. Daýzestleri döredijiler şu tipdäki gymmat bolmadyk neşirler okyjylar köpçüligini täze köptaraply düşünjeler bilen ýaraglandyrmak üçin sözüň doly manysynda ukyplydyr diýip bilim niyetlerini mälim etdiler. Daýzestleriň redaktorlary okyjylara döwürleýin neşirleriň iň gowularyny hödür etmäge çalyşmak bilen has ähmiyetli we gyzykly materiallary täzeden çap edýärdiler. Ýöne daýzestirlemek (ýagny täzeden çap etmek arkaly mazmuny kemala getirmek) örän bähbitli täjirçilik strategiýasyny beýan edýär. Bu neşirçilik biznesinde neşirleriň mazmunynyň önümçilik tapgyrynda ägirt uly ykdysady serişdäni gazanmaga mümkinçilik beryär. Täzeden işlenilen materiallar öňürti adatça olary köpçülikleýin okyjylara elýeterli bolmagyny gazanmak maksady bilen gaytadan işlenilyär.

1890-njy ýylda ABŞ-da «Literary Digest» («edebi dayžest») köpçülikleýin hepdelik žurnal döredildi. Ol okyjylar köpçüligini «dünýä döwürleýin metbugatynda beýan edilýan häzirki zaman pikirleri we barlaglary» bilen tanyşdyrmaga niyetlenendir. Bir ekzemplýarynyň bahasy bary-yogy 10 sente durýan bu žurnalyň mazmuny ABŞ-nyň, Kanadanyň, Angliýanyň, Fransiýanyň, Italiýanyň, şeyle hem amerikan neşirlerinden alnan makalalaryň, interwýularyň, synlaryň täzeden çap edilmeginiň esasynda tayýarlanan şu hepdäniň täzelikleriniň synlarynyň žurnal metbugatynda çap edilen makalalaryň täzeden işlenilip gysgaldylan görnüşlerinden durýar. Halkara derejesinde awtorlyk hukugynyň isjeň durmuşa geçirilýan döwründe daşary ýurt metbugatyny daýzestirleme

žurnaly manyly materiallar bilen mugt üpjün etmäge mümkinçilik berýar. Şuňa laýyklykda «Literary Digest» žurnaly örän meşhur neşire öwrüldi. 1920-nji ýyllarda onuň tiražy 1,5 milliona golaýlady. «Literary Digest» žurnalynyň neşiriniň müdirligindäki birnäçe nädogry hasaplamalar zerarly ol özüniň omrüni 30-njy ýyllarda tamamlady.

Köpçulikleyin tipdaki žurnal-daýzestiň meşhurlygy we ykdysady peýdasy neşirçileriň ünsüni özüne çekdi. 1922-nji ýylda neşirçi maşgala Uollestler «Riders Digest» atly aýda bir gezek çykýan žurnaly çap edip başlady. Ol okyjylar köpçüligine niyetlendi. Žurnalyň redaksiýasynyň deklaratiw gurluşy ylmy formulalara daýanýar. Şeylelikde şahsyyeti bilimlere, medeni hazyna ýakynlaşdyrmak ýoly bilen kamilleşdirmek mumkinçilikleriniň prinsipleri hakyndaky düzgüne layyklykda «Riders Digest» žurnalynyň ilkinji redaktorlarynyň biri, «adam özüni oňatlaşdyryp biler. Biz bolsa oňa şert doredip bileris» diýip belledi. Žurnalyň formasy onuň ýönekeý adama bilim beriji we maslahatçy hökmündäki abraýyny tassyk edýär. Žurnalyň jübi formatyndaky (okyjy žurnaly hemme ýerde ýanynda göterip biler ýaly) sanynda 31 makala *çap* edilýar. Olar «Riders Digest» žurnalynyň ýörelgesine layyklykda, «hemişelik gyzyklanmalara her gün bir makala» diýen şygar astynda çap edilýan žurnal onuň indiki sanyna çenli doly okalar diýen hasa bilen çap edilýar.

Žurnaly doredijiler ilki başda redaksiýanyň diňe amerikan metbugatynyň her aýdaky synlaryny hodürlemän, eýsem ol materiallardan bahasyny we täsirini ýetirmeýan talaplara laýyk gelýän uzak wagtlap «garramaýan makalalary» saýlap alýarlar. «Hemişelik gyzyklanmalaryň temalar toplumy kesgitlendi. Olara biznesiň, syýasatyň başdan geçirmeleri we açyşlary, «ýasamak şungaty», meşhur adamlaryň terjimehaly, güýmenjeler, sport, saglyk, ýumor, jynslaryň özara gatnaşygy, çaga terbiýesi, peýdaly maslahatlar we başgalar girizildi. Giň

okyjylar köpçüliginiň perwaýsyz bolmadyk temalaryna we meselelerine yüzlenmek žurnaly jemgyyetçilik elýeterli jübi gollanmasyna, dürli durmuşy wakalaryndan baş alyp çykmaga kömek berýan kitapça öwürdi. Okyjylar köpçüliginiň «Riders Digest» žurnalyna bolan ynamy ilki başdan we köp ýyllaryň dowamynda žurnal prinsip boýunça özüniň tiražy ýaýratmakdan girýän serişde akymyna hem-de maliye strategiýasyna esaslanyp, tajirçilik mahabaty çap etmänligindedir.

Žurnalyň mazmuny, onuň redaksion syýasaty neşiriň ýokary bolmadyk bilim derejeli okyjylar köpçüligine niýetlenendigine şaýatlyk edýär. «Iders Digest» žurnaly ozal tassyk edilen temalaryň we meseleleriň halkasyndan daşyna çykmaýar. Žurnal özüniň okyjysynda ruhubelentligi, özüne we özüniň güyjüne ynamy oýarýar. Ol yiti çözmesi kyn bolan meseleleri ýagny köp adamlara degişli bolan meseleleri galdyrmaýar. Neşiriň konseptual modeli žurnalyň ABŞ-daky, soňra bolsa daşary ýurtlardaky uly tajirçilik üstünligini üpjün edýar. «Riders Digest» žurnalynyň tiražy (içerki neşiriň we 36 daşary ýurtlardaky dürli dillerdaki wersiýalaryň) sany 1980-nji ýyllarda 18 milliondan aşdy.

Häzirki döwürde dünýä žurnalynyň döwründe ýöriteleşdirilen daýzest tipi, makalalaryň kesgitli tematikasy we anyk okyjylar köpçüligine gönükdirilmegi bilen bagly tipi örän giňden ýaýrandyr.

Ylmy-populýar, düşünje tipindäki žurnalyň ösüşi. Žurnalistikanyň tajirleşme prosesi netijesinde birnäçe ýagdaýlarda ylmy-populýar tipdaki žurnala öwrülmek hadysasy bolup geçýär. Täjirçilik tranformasiýasy 1888-nji ýylda Milli geografiýa jemgyyeti (ABŞ) jemgyyeti tarapyndan döredilen «National Geograrnis» ylmy-populýar žurnalynyň şekilinde hem döreýar. Bu mahabat we tölegli makalalar bilen doldurylan neşir 1980-nji ýyllarda 10 millionlyk tiraža baryp yetdi (täze

asyryň başyna çenli ol 8,5 milliona çenli azaldy). Žurnalyň täjirçilik buysanjy bazara degişli önümleri, wideoýazgylary, kitaplary we başgalary oklamakda işewür ulanylýar.

«Geo» german žurnalynyň işinde hem gönüden-göni täjirçilik uşul ulanylýar. Bu žurnalyň birnäçe daşary ýurt (sol sanda rus dilindäki) wersiýalary bar. 1976-njy ýylda «Gruner und Ýar» konserni tarapyndan doredilen aýda bir gezek çykýan bezegli žurnal geografiýa temasyna degişli oçerkleri, reportažlary we makalalary ýokary hilli surat işlerini planetanyň ajaýyp künjeklerindäki gözellikleri haywanlaryň we beýlekileriň durmuşyny beýan edýan suratlary çap edýar. Ýöne ol diňe ylmy-populýar funksiýany ýerine yetirmeýar. Onuň mazmunynda güymenje materialynyň, täzelik elementleriniň ýokary paýy bolýar. Žurnal özüniň esasy wezipesi diyip okyjylary «Ýer planetasynyň açylmadyk» künjekleri bilen tanyş etmekdir diyip kesgitleýar. Şeyle-de bolsa tema saylanylyp alnanda geografiki oçerklerine okyjylary köplenç halatda halkara syýahatçylygyna tanyş bolan obýektler bilen tanyşdyrmak meselesi durýar. (meselem, Fransiýadaky luar zamogy, Rimiň taryhy ýerleri we başgalar). Hazirki döwürde halkara syýahatçylygy köp ýurtlarda iň esasy gazanç çeşmeleriniň birine öwrüldi. Dünýäniň ajayyp ýerlerini beýan etmek anyk alnan syýahatçylyk gşrnüşlerini beýan edene çalymdaş. Žurnal täjirçilik mahabatynyň uly göwrümini özinde jemleýär.

Täjirçilik metbugatynyň neşirler tipiniň XX asyrda ösmegi ykdysady taýdan şowly bolan metbugatyň tipologiýa modellerine meňzemäge çalşylýandygy sebäpli, bäsdeşlik göreşi netijesinde bolup geçyändigi şaýatlyk edýär. Mälim bolşy ýaly, Birleşen ştatlaryň taryhy sebäpleriniň güyji zerarly beýleki ýurtlardan öňem geçmegi täjirçilige ýöriteleşdirilen žurnalistikanyň ösmeginde köp sanly nusgalaryň amerikan žurnalistikasyna öýkünmegi bolup geçyär. Bu bolsa halkara

möçberde döwürleýin neşirleriň bir görnüşli wariantlarynyň ýaýramagyna alyp bardy. Içki gurluşyň bir ýa-da beýleki derejä inifikasiýa edilmegi, bezegi we dünýäniň dürli ýurtlaryndaky döwürleýin neşirleriň görnüşi boyunça mazmun golaýlygyny döretdi.

**Metbugat we mahabat berijiler. Mugt gazetler.** XX asyrda täjirçilik faktorlarynyň metbugata täsiri güýçlendi. Onuň okyjylar köpçüligine garaşlylygy gowşady. 1990-njy ýyllarda ABŞ-da gazet byužeti ortaça 80 göterim mahabat serişdelerinden gelip gowuşýan maliye serişdeleriniň hasabyna kemala gelyär. Diňe 20 göterim serişde gazetleri ýaýratmakdan we oňa ýazylmakdan gelip gowuşýar (byujetiň bu bölegi gazetleri diňe okyjylara ýetirmekdäki çykdajylar ýapýar). Şeylelikde okyjylar köpçüliginiň we gazet kärhanasynyň esasy maliye çeşmesi bolan reklama berijileriň arasyndaky gatnaşyk birden dörde deň boldy. Germaniýada 1990-njy ýyllaryň ikinji ýarymynda neşirleri abuna ýazdyrmak üçin ýaýratmakdan we mahabatdan gelyän serişdeleriň arasyndaky gatnaşyk birden üçe deň boldy. Şu şertlerde neşirçiler we žurnalistler «okyjy bilen gazetiň» arasyndaky gatnaşygyň berkdigini subut etmek üçin ähli tagallalaryny gaygyrmaga borçly bolýardylar. 1990-njy ýyllaryň ikinji ýarymynda demirgazyk amerikanyň we Ýewropanyň iri şäherlerinde— megapolislerinde gazetleri ýaýratmak okyjylar köpçüliginiň maliýeleşdirilmegine garaşsyz ýagdaýda amala aşyrylýar. Gürrüň habarlar— mahabat gazetleri hakynda barýar. Olar adamlaryň köpçülikleýin ýygnanan ýerlerine—metrostansiýalarynda, wokzallarda, otlularda mugt ýaýradylýar. Özüniň žurnalistik mazmuny we mahabat komponentleri bilen sazlaşygy netijesinde bu gazetler birnäçe ýagdaýda beýleki gazetlere çynlakaý bäsdeş bolup bildiler. Şu tipdäki gazetler reklama berijiler üçin örän özüne çekiji boldy. Çünki olarda okyjylar köpçüligine giňden ýaýradylmagy kepillendirildi. Şunlukda tiražlaryň

önümçiliginde we olaryň ýaýradylmagynda birnäçe tygşytlylyk emele geldi we olar berk bäsdeşlik şertlerinden neşirleriň ýaýradylyş kynçylygyndan azat boldy. Mugt gazetleriň eýeleri bu neşirleriň tölegli gazetlere bäsdeşlik döretmeýändigini aýdýardylar, ýöne bu hemişe beýle däldi. Mugt gazetler uly abraýdan peýdalanmak arkaly döwürleýin bazarda beýleki neşirlerde ýagdaýynyň ýaramazlaşmagyna sebäp bolup biljekdi. Şu tipdäki gazetleriň ýaýradylmagy neşirçileriň we redaktorlaryň arasynda nägileligi döredýärdi. Mugt gazetleriň konsepsiýasy Şwesiýada işlenip taýýarlanyldy we durmuşa geçirildi. 1995-nji ýylda Stokgolmda şäher transportunda mahalyň çalt okamaga niýetlenen «Metro» atly gazet ýaýradylyp başlandy. Onda okamaga oňaýly gysgajyk täzelikleriň toplumy mahabet bildirişleri bilen sazlaşykda berilyär. Çalt neşir meşhur bolup başlady we gündelik mugt gazetiň konsepsiýasynyň ykdysady bähbidi subut edildi. «Metro» tipologiýa gazetine meňzeş neşirler dessine Şwesiýanyň we onuň bilen goňşy ýurtlaryň, dünýäniň beýleki sebitleriniň uly şäherlerinde ýaýradylyp başlandy. Olaryň köpüsi «20 minut» diýen ada eýe boldy (meselem, Pariýiň mugt gündelik gazeti). Ony okamak üçin ortaça 20 minut sarp edilýär. Nyu-Ýorkuň metro stansiýalarynda awtobus duralgalarynda «Ekspress» atly mugt gazet ýaýradylyp başlandy. Filadelfiýa ştatynda 125 müň tiraž bilen «Metro» çap edildi. Beýik Britaniýada mugt mahabat gazetleri bolan Metro» we «Ewenig standart» atly mugt mahabat gazetleri uly täjirçilik üstünligine eýe boldular. Londonyň «Metro» gazeti döredilenden soň Britaniýanyň beýleki iri şäherlerinde onuň wersiýalary esaslandyryldy. 1998-nji ýylda Germaniýada hem mugt gündelik gazetler ýaýradylyp başlandy. Ýöne bu ýurtda şunuň ýaly neşir taslamalary ykdysady meseleleriň ýüze çykmagy bilen ýüzbe-ýüz boldular.

**Döwürleýin metbugatyň çökgünligi we döwletiň metbugaty goldamagy**. Elektron habar beriş serişdeleri bilen bäsdeşlik prosesleriniň täsiri, şeyle hem žurnalistikanyň täjirçiliginiň çuňlaşdyrylmagy netijesinde okyjylar köpçüliginiň aýratyn tipiniň kemala gelmegi bilen (syýasy we ideologik inersiýa niýetlenen, köplenç halatda güymenjeli we yeňilleşdirilen wizual maglumatlaryň zerurlygyna gönükdirilen) uruşda soňky ýyllarda, ABŞ-nyň we Günbatar Ýewropa ýurtlarynyň döwürleýin metbugatynyň ösüşinde çökgünlik ýagdaýlary aydyň bildirip başlady. Esasanam çökgünlilik gündelik gazetlerde bildirýärdi. Şeylelikde, 1960-njy ýyllarda ABŞ-da gündelik gazetleriň tiražy üznüksiz gysgaldylýar. Ýogsam şu ýurtda däp bolan gazetlere mahabat girdejileriň ägirt uly paýy düşyärdi. Şeyle hem gündelik gazetleriň umumy sany hem gysgaldylýar. Hatda Ýewropa ýurtlarynda yurduň gündelik gazetleri okaýan ilatynyň aşa köp ýurtlarynda hem (meselem, Germaniýada ilatyň üçden iki bölegi), abuna ýazylýanlaryň sany azalýar ýa-da durmak derejesine ýetýär. Ortaça gazet okamaklyk azalýar.

Beýik Britaniýada özüniň däpleri bilen meşhur bolan gazet işi indi birnäçe onýyllyklaryň dowamynda gazetiň tiražy pese düşýär. Britan ýaşlarynyň köp bölegi gazet okamak zerurlygyny duýmaýar, mundanam başga orta mekdepleri gutarýanlaryň dörtden bir bölegi okamakda kynçylyk çekýär. Günorta Ýewropanyň birnäçe ýurtlarynda ýokary ýaşly ilatyň deň ýarysy gazeti düýbünden okamaýar.

Gazet metbugatynyň çökgünligi hususan-da, bäsdeş neşirleriň gysmagy ýa-da doly aradan aýyrmagy netijesinde emele gelyär. Şunlukda bäsdeşlik göreşinde yeňiş gazanan neşirler metbugat guramalary bazarynda agalyk sürýärler. Olar mümkin bolän bäsdeşleri aradan aýyrýarlar. Nýu-Yorkda uly döwürleýin we mahabat bazarynda (dünyäde iň baý we girdejili ugruň biri bolan) okyjylar köpçüligini gazanmak üçin ägirt köp

mukdardaky gündelik gazetler göreşe girdiler. 1990-njy ýyllaryň başyna çenli olaryň bary-yogy dördüsi galdy. Häzirki döwürde Nyu-Yorkuň metbugat bazarynda yeke-täk gazet—»New-Ýork Times» gazeti agalyk süryär. Onuň üsti bilen ähli täjirçilik mahabaty we mahabat girdejileri geçyär. Daşary ýurt žurnalistleri üçin döredilen Amerikan merkezi Nyu-Ýorkdaky ýagdaýy dünyäniň beýleki iri şäherlerindäki ýagdaý bilen deňeşdiryär. Häzirki döwürde Manilada (Filippinler) 28 gündelik gazet, Warşawada 14, Lagosda (Nigeriýa) 12 gazet çykýar. ABŞ-da köp wagtdan bäri gündelik gazetleriň umumy sany artmaýar. Täze gazet kärhanalaryny döretmek we yiti bäsdeşlik şertlerinde onuň hereketini üpjün etmek boýunça çykdajylar hakykatda örän köp summany talap edýär.

1930-njy ýyllarda Angliýada bäsdeş gazetler 500 şäherde çap edilýärdi. Ýarym asyr geçen soň, şeýle şäherleriň sany 30-dan köp bolmady. Beýleki ýerli gazet bazarlarynda bary-yogy bir gazet çap edilýär. Ýewropanyň birnäçe ýurtlarynda yerli gazetler has-da azaldyldy. Oňa iri metbugat neşirleriň sebitleýin wersiýalary özleriniň kuwwatly maliýe we matrial-tehniki serişdeleri berýän paytagt neşirleri öz täsirini ýetirdi. Täze has gymmat durýan kompýuter we poligrafiýa tehnologiýaly gazetler diňe ýerli gazetleriň çykgünliligini güýçlendirdi. Olaryň mahabat bazaryny çäklendirdi we az girdejili byužetini emele getirdi.

Döwürleýin žurnal bazarynyň ösýän sigmenti bir tarapdan möçberiň we «dar maksatly» mazmun taýdan ýöriteleşdirilen neşirleriň artmagyna beýleki bir tarapdan tiražlaryň gysgaldylmagyna, köplenç ýagdaýda bolsa iri ýokary tiražly žurnallaryň ýapylmagyna alyp bardy (ABŞ-da we birnäçe beýleki ýurtlarda soňky ýyllarda yüze çykdy).

Ayratyn-da syýasy partiýalaryň döwürleýin neşirlerinde çökgünlilik yiti yüze çykýar. Syýasy bäsdeşlik we ideýalar göreşi yzygiderliligi esasynda hereket edýän bazar sferasynda

bu ugra ýöriteleşdirilen habar beriş serişdeleriniň täjirçilik neşirlerinden gürrüňsiz diýen ýaly yza galýarlar. Yewropa ýurtlarynyň partiýa metbugatynda çykgünlilik aýdyň yüze çykdy. Uruşdan soňky ýyllarda telewideniýe we beýleki habar beriş serişdeleriniň täjirçilik bölümleri bilen bäsdeşlik netijesinde tiražlaryň gylgaldylmagy ýa-da köpçülikleýin hem-de abrayly Ýewropa neşirleriniň birnäçesiniň ýapylmagy bolup geçdi. Germaniýada birnäçe yüzlerçe köp tiražly partiýa gazetleri çap edilenem bolsa 1990-njy ýyllarda demokratik sosializm partiýasy özüniň «Neuyes Destsshand» gündelik gazetini saklamagy başardy. Ol gazet öňki GDR-iň mirasdüşeri boldy. Ýöne bu neşiriň ýaýradylmagy öňki bar bolan partiýa metbugatynyň tiražlaryndan ýoluk yza galdy. Häzirki döwür döwürleýin metbugat bazarynda beýleki partiýa gazetleri özüniň metbugatyny saklap bilmedi. Germaniýanyň sosial-demokratik partiýasy öň onlarça gündelik we hepdelik gazetleri çap edenem bolsa 60-80-nji ýyllarda olaryň köpüsini ýapmaly ýa-da başga birine satmaly boldy. Köp ýyllaryň dowamynda häkimlik ediji statusynda bolan bu partiýa özüniň esasy metbugat organy bolän «Vorw-rts» («öňe») atly hepdelik gazetini saklamak hem başartmady. Ol 1989-njy ýylda uly çykdajylar zerarly GSDP-niň agzalary üçin aýda bir gezek çykýan mugt býulletene öwürldi. Germaniýada kuwwatly bolän hristian-demokratik partiýalar—HDS we HSS esasan az tiraž bilen ýaýradylýan partiýa býulletenlerini çykarýar.

FRG-niň hökümetiniň buýurmasy bilen geçirilen barlaglaryň maglumatlaryna görä, sorag edilenleriň 60 göterime golaýy syýasat bilen düybünden gyzyklanmaýar (we degişlilikde syýasy metbugat bilen hem). Aýratyn-da syýasy metbugata bolan gyzyklanma ýaş nemesleriň—40 ýaşa yetmedikleriň arasynda has-da yiti duýulýar. Ýaş aýratynlyklary toparlarda 40 ýaşdakylaryň 50 göterimden gowragy syýasat bilen gyzyklanýar. Demirgazyk amerikan we Günbatar Ýewropa

ilatynyň arasynda hususylaşmagyň ösmegi syýasatdan daslaşmak bilen sazlaşýar. Adamlaryň köpüsi özüniň bähbitleri meseleleri bilen mesgul. Olar jemgyýetçilik we syýasy ýagdaýlar bilen gyzyklanmaýarlar. Şunuň ýaly ýagdaý Ýewropanyň beýleki birnäçe ýurtlarynda hem emele geldi. Syýasy partiýalaryň garaýyşlaryny we pozisiýalaryny beýan etmekde häzirki döwürde syýasata garaşsyz bolan neşirler meşgul bolýarlar. Emma olary *çap* edýän partiýalar bilen baglanyşygy hakynda açyk çykyş edýän gazetler beýleki däl. Häzirki okyjylar köpçüligi köplenç halatda düzgün boyunça «partiýalaýyn däl» neşirlere, açyk syýasy ýörelgelerden mahrum bolanlara ynanýarlar.

Döwürleýin metbugatyň köp pikirlilik häsiyetini saklamak meselesi XX asyryň soňky çärýeginde has ýiti duýulýar. Bu diňe bir syýasy neşirleriň däl, eysem birbäçe gazet-žurnallaryň, telewideniýe bilen (soňra bolsa Internet bilen) bäsleşik şertlerinde mahabat bazasyndan mahrum bolan neşirleriň ýitip gitmegine howp abanan wagty yiti duýulýar. Täjirçilik däl ýa-da girdejisiz döwürleýin neşirleriň ýitmegi köp sanly raýatlaryň jemgyýetçilik ähmiyetli içerki we daşarky syýasatyň täzelikleri bilen yzygiderli maglumat almakdan mahrum edýär. Olar häkimýetiň merkezi we ýerli organlary jemgyýetçilik we ruhy durmuş baradaky habarlary alyp bilmeýärler. Ol maglumat ulgamyndaky köp pikirliligiň has-da gysgaldylmagyna, raýatlaryň maglumatlaryň köp görnüşli, şol sanda alternatiw çeşmelerine aralaşmagyna böwet bolýar. Syýasy we beýleki az girdejili neşirleriň ýitip gitmegi metbugat baradaky, «dördünji häkimiýet» we «ideýalar bazaryndaky» aňlatmalary şübhe astynda goýýar, jemgyýetiň demokratik gurluşyna zarba urýar.

1978-nji ýylda Yewropa Geňeşiniň Parlament Assambleýasy (EGPA) gazetleri goldamak üçin döwlet subsidiýasynyň zerurdygyny ykrar etdi. YeB ýurtlaryna metbugatynyň ýaşamagyny üpjün etmek ýaly yiti meseleleri çözmek üçin

döwlet proteksionist syýasaty amala aşyrylýar. Ol metbugat organlaryna we neşirýatlara maliýe kömegini, poçta-telegraf, salgyt, gümrük we beýleki yeňillikleri göz öňünde tutýar. Eger şeýle syýasat yzygiderli we uzakmöhletleýin häsiýete eýe bolsa, garaşylýan netijeleri gazanmak mümkin. Meselem, Finlýandiýada 1960-njy ýyllardan başlap, döwlet goldaw bolmasa ýurtda çap edilyän neşirleriň ýaryşy hem çykmazdy.

Ýewropa ýurtlarynyň birnäçesinde hökümet ähli gündelik gazetleri subsidiýa bilen üpjün edýär. Mümkin boldugyça köp sanly gazetleri goldamak maksady bilen metbugatda pikirleriň giň spektri hereket edýär. Döwlet goldawy netijesinde Şwesiýada iki sany iri syýasy gazetleri—»Arbetet» («zähmet») 1887-nji ýyldan bäri çykýan sosial-demokratik gazeti «Svenska Dagbladet» («şwesiýanyň gündelik gazeti») 1884-nji ýylda esaslandyrylan konserwatiw gazeti saklamak başartdy.

Ýewropanyň birnäçe ýurtlarynda ýöriteleşdirilen, ýerli metbugat goldamak boyunça maksatnamalaýyn ýörelgeler hereket edýär. Olar maliýe çökgünliligine düşen, şeýle hem dürli syýasy pikirleriň kemala gelmeginde möhüm orny eýeleýän uly bolmadyk gazetlerdir. Şeýlelikde, Şwesiýada «ikinji» hatarda görülyän ýerli we sebitleýin neşirlerine hem maliýe kömegi berildi. Olar öz sebitinde ýa-da şäherinde tiražy boýunça ikinji orunda duryan gazetlerdir (we olar mahabatdan çäkli girdeji gazanýanlardyr). Gollandiýada 1974-nji ýylda Metbugat gaznasy döredilyär. Ol kynçylykly maliye ýagdaýyndaky şeyle hem täze ýaňy açylan gazetlere we žurnallara kömek bermek üçin döredilyär. Birnäçe Ýewropa ýurtlarynda hereket edýän poçta hyzmatlary üçin ýeňillikli bahalar gündelik gazetler üçin ykdysady peýdany has gowy, ýagny subsidiýa bereniňden hem oňaýly ýagdaýy döredýär.

Subsidiýalar we ýeňillikler diňe bir metbugatda ideýa-syýasy köp pikirliligi, redaksiýalaryň garaşsyzlygyny saklamak bilen çäklenmän, eýsem köpçülikleýin habar beriş

serişdeleriniň bazar konsentrasiýasynyň oňaýsyz täsirini kemeltmäge hem ýardam beryär. Bu zatlar seretmezden metbugata goldaw berýän hökümet köplenç ýagdaýda täjirçilige niyetlenen habar beriş serişdeler tarapyndan tankyda sezewar hem bolýarlar. Olary erkin bazar bäsdeşliginiň kadalaryny bozmakda aýyplaýarlar. Soňky ýyllarda metbugata döwlet tarapyndan kömek bermek ýörelgesiniň peselýän ýagdaýlary hem döräp başlady.

# Tomas Peýn –gumanist, ussat žurnalist

Tomas Peýn – iňlis hünärmeni, ynamly gumanist we „tebigy hukuk“ teoriýasynyň tarapdary. Ol Amerika rewolýusiýasynyň öňüsyrasynda gelip, rewolýusiýanyň işjeň agzasyna we amerikalylaryň ruhlandyryjysyna öwrülýär. Tom Peýn Amerika barmazyndan öň amerikaly şamçyrag B. Franklin bilen tanyşyp, Filadelfiýany maslahat berýär. Tomas Peýn eýýam 1775-nji ýylda Robert Eýtkin tarapyndan aýda bir gezek çap edilýän „Pensilwan“ žurnalynyň baş redaktory bolýar. onuň žurnalda işläp başlan ilkinji üç aýynda ozal 600 tiraž bilen çykýan žurnal 1500-e ýetýär. Žurnalda çap edilen „Ezop“, „Atlantikus“, „Halkyň sesi“ atly makalalar ýitiligi, ýönekeýden düşnükli ýazylanlygy we dil baýlygy bilen tapawutlanypdyr. Peýn ajaýyp žurnalistdi. Ol çalt we ýeňil ýazýardy. Elýazmalaryny düzetmesizden çapa bererdi. Ilkinji ideýalaryny gulçulygy ýok etmek („Amerikadaky Afrika gulçulygy“ 1775-nji ýylyň makalasy), koloniýaçylyga garşy göreş („Çynlakaý pikir“ 1775-nji ýylyň makalasy) hakyndaky makalalarynda açyp görkezýär.

1776-njy ýylda Filadelfiýa şäherinde iňlisler bilen bolan çaknyşykdan soň onuň „Sagdyn pikir“ atly çaklaňja kitapçasy neşir edilýär. Tomas Peýniň bu pamfleti tutuş Amerikany haýran edýär. Bu eser awtora diňe bir şöhrat getirmän, eýsem ol garaşsyzlyk ugrunda göreş alyp barýan amerikalylaryň baýdagyna, gimnine öwrülýär. Amerikanyň neşirleri beýle meşhurlygy henize çenli öz taryhynda bir gezek hem görenokdy. Pamfletiň tiražy 500 ekzemplýara ýetipdir. Bu eser amerikalylaryň akyly bolup hereket edip, garaşsyzlygyň tarapdarlarynyň ählisiniň ünsüni özüne çekipdir.

„Sagdyn pikir“ – bu göreşe çakylyk. Awtor „Ähli zat söweşde çözüler“ diýip, ýazýar. Ýöne bu diňe şygar däl. Pamfletde amerikaly halklaryň garaşsyzlyk ugrundaky göreşe

tebigy kanuna laýyk hukuklarynyň esasy bar. Şu esasa laýyklykda hem hukugy sagdyn pikir arkaly talap edilýär. Tomas Peýn: „ Biziň öz hökümetimizi döretmäge elimizden alyp bolmaýan hukugymyz bar we adamyň iş mümkinçilikleri barada dogry pikirlenýän her bir aňly-düşünjeli adam öz konstitusiýamyzy düzmegiň tarapdary bolar. Bu diňe biziň ygtyýarymyzda. Şeýle möhüm iş üçin belli bir döwre ýa-da tötänlige garaşyp bolarmy?!“ diýip ýazýar.

Pamfletiň güýji diňe bir tebigy hukuklaryň teoriýasy bolanlygynda däl-de, bu ýerde Peýn özünden öň ýaşap geçen beýik şahsyýetleriň – Gobbsyň, Russonyň pikirlerini ýörediji, olaryň yzyny dowam etdiriji bolup, bu teoriýany halky dilde, ynandyryjy edip ýazyp, düşnükli beýan edipdir. Ol döwletiň gerekdigini şeýle aňsatlyk bilen düşündirýär: „Bir adamyň güýji öz isleglerini kanagatlandyrmaga ýetmeýär. Ol dessine kömege we godawa mätäç başga birinden hemaýat gözläp başlar. Hemaýat gözlenýäniň özi-de hemaýata mätäç“. Peýn gör, nähili sada sözler bilen häkimýetiň zerudygynyň sebäplerini düşündirýär. Tomas Peýn monarhiýany, tiraniýany, ýazgarmak bilen çäklenmän, näletleýär, dogumlylyk bilen gargaýar: „Hudaý we jemgyýet üçin bir çak ýaşap geçen galtamanlardan dogruçyl bir adam ýagşydyr“.

„Sagdyn pikiriň“ neşir edileninden soňra, Peýn Amerikada garaşsyzlygyň münberine öwrülýär. Ol harby hereketlere yzygiderli gatnaşyp,ol bir wagtda ýazmagyny-da dowam etdirýär. „Pensilwan“ žurnalynyň soňky 7 ýylynda „Amerika krizisi“ atly 13 makala yzygiderli çap edilýär. Bu makalalarda harbylaşan ýyllaryň esasy meselelerine deglip geçilýär: „Ygrarlylaryň dönükligi“, „Angliýanyň peýdasyna içalylyk“, „Maliýe baş-başdaklygy“, „Täze döredilýän döwleti dolandyrmagyň meseleleri“, „Milli bitewilik“... we ş.m. Hut şu makalalar toplumynyň birinde ilkinji gezek „Amerikanyň Birleşen ştatlary“ diýen söz ýazylýar.

Parižde gol çekilen parahatçylyk şertnamasyndan soň, ýaşajyk Amerika döwletiniň gurluşy demokratiýa derejesini almak ugrunda „güýçli hökümet“ bilen respublikaçylaryň arasynda ýiti göreş gidýärkä Peýn respublikaçylaryň tarapdary bolyp çykyş edýär. Bu döwürde Tomas Peýn Franklin tarapyndan döredilen „Syýasy derňewleriň jemgyýetiniň“ agzasy bolýar. Ol Pensilwan konstitusiýasyny we ştatlaryň birikmegini goldap çykyş edýär. 1786-njy ýylda onuň „Hökümet, banklar we kagyz pullar hakda oýlanma“ atly traktaty ýazýar. Bu eserde uruş ýyllarynda çykarylan ummasyz möçberdäki kagyz pullary ýok etmek, ýatyrmak barada aýdylýar. Ýöne Gamiltondan we onuň baý tarapdarlaryndan tapawutlylykda, Peýn banklaryň hemme adamlara deň hyzmat etmelidigini, garyplary goldap durmalydygyny aýdýar.

Peýn žurnalistikadan başga-da birnäçe zatlar bilen meşgullanýardy, gyzyklanýardy. Ol ähli zat bilen gyzyklanýardy diýen ýaly-dy. Onuň nämedir bir zady öwrenmän durýan bäş minudy ýokdy. Şeýle gyzyklanýan zatlarynyň biri-de, köpri gurmagyň taslamasy-dy. Ýöne Amerikada bu ideýasyny durmuşa geçirmek başartmansoň, ol 1787-nji ýylda öz arzuwyna Ýewropada ýetmek üçin Fransiýa gelýär. Şeýlelikde, Peýn e Beýik Pariž rewolýusiýasynyň öňüsyrasynda bu ýere gelýär we XVIII asyryň iki sany uly wakasyna gatnaşyjy bolýar.

Tomas Peýn Beýik fransuz rewolýusiýasynyň işjeň agzasy bolýar. Ol 1791-nji ýylda Parižde Kondorse bilen bilelikde „Respublikançy“ gazeti çykarýar. Ol rewolýusiýanyň ideýasynyň işjeň propogandaçysy we goragçysy bolup çykyş edýär. 1790-njy ýylda Angliýada Berkyň „Fransuz rewolýusiýasy hakynda oýlanma“ atly ýalan paskwili – töhmet atýan, rewolýusiýany we onuň liderlerini ýazgarýan pamfleti çykýar. Berkiň pamfletine jogap hökmünde Tomas Peýn „Adam hukugy“ atly pamfleti ýazýar. Bu eserde Beýik fransuz

rewolýusiýasyna ownuk buržuanyň nukdaýnazary bilen düşündiriş we baha berilýär. Beýik fransuz rewolýusiýasy beýik derejä baryp, hatda Amerikanyň rewolýusiýasynyň ýeten derejesinden hem geçip gidýär. ABŞ-nyň kanun çykaryjy guramalaryny aljyraňňylyga salan synplaryň agzalalylygy Fransiýada hem gandöküşikli söweşleriň bolmagyna täsirini ýetirdi. Tomas Peýn ýakobinçileriň (ýakobinçi – 1789-njy ýylyň Fransuz rewolýusiýasy wagtynda Pariž radikal syýasy klubynyň agzasy, rewolýusioner-demokrat) tarapdary bolmady. Ol korolyň jezalandyrylmagyna we terrorçylyga garşy çykyş edýär. Peýn žirondistler (žirondist – 1793-nji ýylda Fransiýada döredilen syýasy topar. Žironda – Fransiýa boýunça gözegçi depertament manydan gelip çykýar.) bilen galýar. Başyna täç geýen talaňçylar bilen ýelimleşen, olar bilen söweşe çykan adamyň uly fransuz buržuazlary we monarhistleri bilen bir lagerde bolmagy geň görünmegi-de mümkin. Ýöne ownukburžuazçylyk idealizmi köplenç rewolýusiýanyň yzygiderliligine garşy hem gelýär.

Tomas Peýniň nukdaýnazaryny onuň 1790-njy ýyllarda ýazan oýlanmalary gürrüň berýär: „Rewolýusiýa barada oýlanyp, onuň döremeginiň iki sany dürli sebäbiniň bardygyna ýeňillik bilen düşünýärsiň: bir topar adam garyplykdan gaçmak we halas bolmak isleýär, beýlekileri bolsa köp we has oňat baýlyga eýe bolmak isleýär. Bularyň iki topary-da işjeň hem hasaplanyp bilner, tersine, işjeň däl hem hasaplanybam bilner. Birinji sebäp boýunça ýüze çykýn häsiýetler gaharjaň bolýar we köplenç ar alyjylykly hereketlere eltýär.

Emma ikinji sebäbe degişliler özlerini parahat alyp barýarlar we oýlanşykly hereket edýärler. Akyl, çekişme jedelde olaryň esasy ýaragy bolýar.

Tomas Peýn 1802-nji ýylda Amerika dolanyp, ýene-de žurnalistika bilen meşgullanmagyny dowam etdirýär. Onuň Džeffersonyň syýasatyny goldap we federalçylara garşy „Neşnl

intellidženser“ respublikan gazetinde makalalar bilen çykyş edýär. „Birleşen ştatlaryň raýatlaryna“ ady bilen sekiz makalany yzygiderli çap edýär.

Amerikanyň maliýe ministri Aleksandr Gamilton federalçylaryň tarapdary bolupdyr. Demokratiýanyň tarapdarlary bilen güýçli merkezleşdirilen häkimýetiň arasyndaky ABŞ-nyň döwlet gurluşyny düzmegiň meselelerine degişli soragyň çözülmeginde, žurnalistikanyň işjeň hereket edýän döwri bolan amerikan rewolýusiýasynda A.Gamilton öňdäki şahsyýetleriň biri bolupdyr. Bu has-da A. Gamiton bilen T. Džeffersonyň respublikançylaryň liderleri dawalarynda ýüze çykypdyr.

Amerikaly derňewçi S. Kanýo Aleksandr Gamiltony „saglaryň Russosy“ diýip atlandyrýar. Bu belli bir derejede dogry hem bolupdyr. Sebäbi ol köp halatlarda millilige ýykgyn edip, abraý gazanypdyr. Ýöne onuň pikiriçe, milletiň iň akylly, saýlantgy adamlary monarh ýa-da gubernator bolmalymyş. Bir söz bilen aýdanyňda, „respublika mesele çözüji häkimýeti çykaryp bilenok. Häkimýetiň merebesi-de şuňa baglydyr“. Gamiltonyň nukdaýnazary tebigy hukuk teoriýasyny esaslandyryjy iňlis filosofy Gobbsyň nukdaýnazaryna meňzeýärdi.

Aleksandr Gamilton garaşsyzlyk ugrundaky urşa gatnaşýar. Ol D. Waşingtonyň adýutanty bolup, özüni maksadaokgunly we zehinli adam hökmünde görkezmegi başarýar. Ýöne has içgin ýykgyn edýän ugry syýasy döredijilik bolupdyr. Uruşdan soňra ol hukuk bilimini alýar we ABŞ-nyň jemgyýetçilik durmuşyna girişýär. Onuň işjeňliginiň bir ugry-da žurnalistikady.

1781-1782-nji ýyllarda „Nýu Ýork paket“ gazetinde „Kontinentalçy“ ady bilen 6 sany uly makala çap edilýär. Bu makalalar Gamiltonyňkydy. Makalalarda merkezleşdirilen güýçli häkimýeti gurmagyň tarapdaplarynyň, federalçylaryň

häkimýeti bitewi kontinental kongresiň eline bermegi öňe sürýän konsepsiýasy öz beýanyny tapýar. Federalçylaryň öňbaşçylarynyň biri bolan Dž. Džeýiň nakyla öwrülen „Ýurdy oňa eýelik edýänler dolandyrmalydyr“ diýen sözi bu toparlanşygyň maksadyny açyp görkezýär. Ýöne gapjyga girýän girdejiden başga, kanuny esas hem gerek. Federalçylaryň teoriýasyny düzgünleşdirmegi we ony beýan etmegi Gamilton öz üstüne alýar. Mundan başga hem, ol ilkinji amerikan bankyny döretmek bilen geljekki millionerleriň döwletiniň ykdysady binýadyny gurmaga köp güýç siňdirdi. „Kontinentalçy“ makalalarynda merkezleşdirilen häkimýetiň peýdasy üçin birnäçe maglumatlar işlenipdir. Bu bolsa buržuaz rewolýusiýasynyň „halk entuziazmynyň konwulsiýasyndan“ „kanun we tertip“ döwrüne geçişiniň keşbidir. Ýöne bu döwür amerikan buržuaziýasynyň lagerindäki agzalalyk zerarly örän uzaga çekdi.

Federalçylar bilen respublikançylaryň arasyndaky dawa „Kontinentalçy“ makalasyndan soň has-da giňedi, öç aldy. 171-1782-nji ýyllarda Gamilton tarapyndan „Federalçy“ atly makalalar ýygyndysynda amerikan konstitusiýasynyň düzülmeginiň ugurlary görkezilýär. Onuň düýp maksady hem häkimýeti köpçäligiň elinden belli adamlaryň eline geçirmekdi. Iri baýlar bu ýagdaýdan özlerine peýda gözleýärdi. Munuň üçin saglaryň öňünde oppozisiýany – toparlanşygy ýok etmek meselesi durýardy. Muny bolsa diňe kanundan gelip çykýan esaslara daýanyp ulgamlaýyn ýerine ýetirip boljakdy. Gamilton özüne ýaran edip egindeşleri Medisony we Džeýi alyp işe girişýär. Olar bir ýyldan hem az wagtda (1787-nji ýylyň sentýabryndan 1788-nji ýylyň awgust aýy aralygynda) 85 makala ýazypdyrlar (Gamilton-53, Medison-27, Džeý-5). „Federalçylaryň“ döremeginiň gowy, bähbitli tarapy, häzirki wagta çenli ABŞ-nyň Konstitusiýasynyň düşnükli we manyly bölegi Gamiltona degişlidir. 1787-nji ýylyň 27-nji oktýabrynda

ol „Publiý“ makalasynyň birinji bölegini ýaýratdy. Soňra ähli agram şoňa berlip, göwrümi ulaldyldy we meseleleriň manylary alyndy.

Gamiltonyň hut özi respublikançylaryň we „güýçli prezident häkimýeti“ konsepsiýasynyň wagyz edijileriniň tutaşdyryjysydy. Gamilton „Federalistde“ soňky topara degişli 12 makala bagyşlapdyr. Gamiltonyň žurnalistçilik ukybyna haýran galaýmaly. Ol demokratiýanyň respublikançylaryň ideýasyna gabat gelmeýändigini, şeýle-de, onuň tersine güýçli döwlet häkimýetiniň ýörelgesi respublikançylaryň ýörelgesi laýyk däldigini subut edipdi. Gamilton güýçli döwlet häkimetini öňe sürmek bilen monarhiýanyň tarypyny ýetirýärdi. Aleksandr Gamiltonyň özüniň syýasy ikiýüzliligi bilen „Biziň halkymyz ýz häkimýetini hiç kime bermedi, sebäbi özi ony doly durkunda goraýar we haýsydyr bir çäklendirmä mätäç däldir“ diýip ýazýar.

Ol döwleti dolandyrmak babatda şeýle pikirlenýär: „Eger halk prezidente ynam bildiren bolsa, onda onuň hukugyny çäklendirmäge sebäp ýok. Onsoňam halk Konstitusiýasyny garaşsyzlygy bilen emele getirýär. Häkimýeti Konstitusiýa esasynda dolandyryp halkyň hukugyny elinden alyp bolmaýar.“ Gamiltonyň bu hilegärligi aşakdaky maksatlara ýetmäge gönükdirilendi:

- „güýçli“ adamlaryň üsti bilen jemgyýeti tabynlyga salyp işledip biljek döwlet gurluşyny döretmek, milletçilik, demokratiýa institutlaryndan we dolandyryş ulgamlaryndan garşylyk görmeýän döwleti gurmak. Hatda, Konstitusiýany hem şeýle gurluşyň guraly etmek üçin dyrjaşýardy. ABŞ-nyň döwlet wekilleri „Federalçynyň“ çap edilen günüden başlap, „amerikan syýasy geniýsiniň ylym we döwlet üçin tapylgysyz eseri“ hasapladylar. Gamiltonyň döredijiligi garaşsyzlyk getiren amerikan buržuaz respublikasynyň ýurtda dollar döretmegi bilen jemlendi.

Tomas Džerffersonyň, we şol bir wagtda beýleki syýasatçylaryň täsiri bilen 1789-njy ýylda amerikan Konstitusiýasyna düzediş girizildi. Bu bolsa azatlyk sözüniň amerikan düşünjesine görä gyralary burçly daş hasaplanýar. Ol şeýle beýan edilýär: „Kongres söz we çap ediş azatlyklaryny çäklendirýän ýeke kanun hem çykarmaly däldir...“ Söz azatlygy düşünjesi diňe bir gowy taraplaýyn däl, eýsem bu azatlygyň ters ýüzi-de bolup biler. Eger-de. Söz erkinliginiň belli bir ölçegi bolmasa, bu şeýle-de bolar. Gegel „Kanun filosofiýasy“ işinde çap ediş azatlygy diýlende, „näme diýesiň gelse we ýazasyň gelse edibermeli diýip düşünýärler“ diýip belleýär. Bu bolsa „Azatlyk edesiň gelse, islän zadyňy edibermek“ diýen düşünjäni berýär we akyl medeniýetiniň ýoklugyny aňladýar.

Eger-de, köpçülikleýin habar serişdeleri jemgyýetiň düşünjesine ters etse, düzgünleşdirilen zatlary bozup, erkinlik sözüniň paradigmasyny, üýtgeýşini emele getirer. Gegel „asuda jemgyýetde habar beriş azatlygynyň howply tarapy okyjylaryň gowy görüp okamagyndan däl-de, ýigrenjinden döreýär. Iňlis ministrleri özleri hakynda näme aýtsalarda rugsat berýärler we muňa ýigrenç bilen garaýarlar. Nemezidler özleriniň içki gatnaşyklarynda gara tenliler ýzünden ýokary mertebeli adamlaryň masgaralamaklaryndan lezzet almalydyrlar, onuň subýektiw azatlygy sögünmekde we oňa garşy gürlemekde jemlenýär“.

Senzura çäklendirmeleri adatça uruş ýyllarynda bolýar. ABŞ-nyň Demirgazygy bilen Günortasynyň arasynda uruş bolanda dolandyryş häkimýeti birnäçe gazetleri, has hem häkimýete garşy çykyş edýän gazetleri ýapdylar, demokratiýa guramalarynyň işlerini ýatyrdylar. Gozgalaňçylary gorap çykyş eden käbir neşirýatlaryň, döredijilik adamlarynyň tussag edilenleri-de bar. Ýurduň içindäki ýagdaýlar barada we uruş hakynda gazetlerde maglumat bermek gadagan edildi. ABŞ-na birinji jahan urşy gireninden soňra, Prezident Wudro Wilson

ýurduň taryhynda birinji bolup köpçülileýin habar beriş Komitetini döretdi. Bu Komitetiň borçlaryna: ideologiýa wagyz etmekligi, prezidentiň hereketlerini goldamak we KHBS senzurasyny saklamak degişli edildi. Kongres 1917-nji ýylyň tomsunda söz azatlygyny çäklendirýän „Içalylyk hakyndaky Beýannamany“ kabul etdi. Germaniýanyň aňtawjy jansyzlarynyň (agentleriniň) bitiren işlerinden soň, dünýä ýurtlary özleriniň gazet-žurnallaryny ýaýratmanka gowy gözden geçirmelidigine göz ýetirdiler. „Içalylyk hakyndaky Beýannama“ laýyklykda, toparlaýyn neşirýatlaryň köpüsine poçta hukuklaryndan peýdalanmak gadagan edildi. 1917-nji ýylyň güýzünde öňdebaryjy çep žurnalyň redaksiýasy ýapyldy, döredijiliik işgärleri bolsa, döwlete garşy döredijiligi üçin kazyýetiň öňünde kelle ýalaňaçlamaly boldular.

Birinji jahan urşunyň tamamlanmagy bilen habar berişi ýaýratmagyň çäklendirmeleriniň aradan aýyrladygyna garamazdan, KHBS-de mesele ýok bolup gitmedi. 1920-nji ýylda „The Little Review“ žurnalynyň redaktorlary Džeýms Džoýsyň „Uliss“ romanyndan parçalary bereni sebäpli kazyýet jogapkärçiligine çekildiler. Kazyýetiň gelen kararyna laýyklykda, aragatnaşyk ministrligi banderoldan neşirýatyň üç sanynyň ekzemplýarlaryny alyp ýakdylar. Neşirýata hem jerime tölemeli edildi.

1927-nji ýylda Minnesota ştatynyň kazyýeti tarpyndan „The Satuday Press“ gazeti jenjelli mazmuny üçin ýapyldy. Bu gazet Minneapolise şäherinde Džeem Nir tarapyndan neşir edilip, onuň sahypalary milletparazlyga degişli makalalardan doly eken. Minnesota ştatynyň kanunyna görä, ştatyň islendik kazyýeti eger-de, bir gazetiň mazmunyny milletparazlyga ýakyn ýa-da dawa iterýän häsiýetde görse, onda ony ýapmaga doly hukugy bar. Amerikanyň jemgyýeti bu kanunda konstitusiýanyň birinji düzedişine garşy gelýän çap etmek azatlygynyň çäklendirilmegini görýär. Ýöne Niriň ABŞ-nyň

Ýokary Kazyýetine arz edere ýagdaýa ýokdy. Diňe dört ýyldan soň, 1931-nji ýylda abraýly gazetiň biri bolan „The Chicago Tribune“ gazetiniň neşirýatynyň başlygy Robert Makkormik özüniň liberalizm düşünjesi bilen ABŞ-nyň Ýokary Kazyýetine ýüz tutup, Niri, tutuş Minnesota ştatyny senzuradan boşadýar. Şondan soňra, söz azatlygynda „Nir Minnesota ştatyna garşy“ diýen at ol nusga bolup galyberipdir.

# GÜNDOGAR ÝEWROPA ÝURTLARYNYŇ ŽURNALISTIKASY

Gündogar Ýewropa ýurtlarynyň aglabasy ýurt garaşsyzlygyny XIX asyryň ahyrlarynda, XX asyryň başlarynda Osman imperiýasyndan aýrylandan soň, ýa-da 1914-18-nji ýyllarda bolan birinji' jahan urşundan soň, Awstro-Wengriya we Russiýa imperiýalarynyň synmagy netijesinde gazandylar. Gündogar Yewropa köp wagtlap dünýäniň beýik döwletleriniň biri-birine kesek oklaşýan, garpyşýan söweş meýdany boldy.

1918-nji ýylda gol çekilen Wersal şertnamasyndan soň, harby häsiýetleriň has güýjäp başlan ýyllary bolan, 1938-3ç-njy ýyllara eenli milli habar beri,ş we radioýaýlym uly ähmiýete eýe boldy. Ikinji jahan urşunyň aýlyganç hadysasy, çekip-çydap bolmajak ýykan-ýumrànçylyklary uruşdan ozalky bar bolan habar beriş serişdeleriniň tas ählisini hatardan çykarypdy. Gündogar Yewropanyň žurnalistleriniň ählisi diýen ýaly uruşda, faşistleriň türmelerinde, konslagerlerinde amanadyny tabşyrypdylar.

Gündogar Yewropany faşistik basybalyjylardan azat edilip, faşistlere degişli bolan habar beriş serişdeleriniň barysy ýapyldy. Yurtbasarlardan üstin çykylandan soň, uruş döwründäki antifaşistik gizlin neşirler bukulyp ýörmeden halas bolup, özbaşdak neşir bolup, açyk ýaýratmaga-da mümkinçilik tapdylar.

1935-nji ýylyň maý aýyndan başlap, 1944-nji ýylyň sentýabr aýyna eerili, 10 ýyla golaý wagt bolgar kommunistleriniň "Rabotniçesko Delo” gazeti-de gizlin çykypdy. 1944-nji ýylyň ç-njy sentýabrynda faşizme garşý aýaga galan rewolýusionerler bu ýerdäki faşist hökümdarlygynyň soňuna sogan ekip, bu gazeti azat etdi.

Uruş ýyllarynda partizanlar. bilen Yugoslawiýanyň milli-azat edijilik goşunynyň birikmegi netijesinde, ýaşyryn çap edilen "Göreş” gazeti hem, 1944-nji ýylyň noýabrynda Belgradda açyk neşir edilip başlandy.

Wenger watansöýüjileriniň "Szabad Nep” ("Erkin halk”) gazeti ilkinji gezek legal görnüşde, ýagny, açyk neşire 1945-nji ýylyň 25-nji martynda çykdy. Bu gazet 1942-nji ýylyň fewralynda gizlin döredilipdi.

Sowet häkimýeti Gündogar Yewropa ýurtlarynda metbugat neşirleriniň demokratik kadalaryna laýyklykda gurnaljakdygyny yglan etdi. Uruşdan öňki neşirleriň bir bölegi-basybalyjylary|i tegmili degmedik neşirler dikeldi, galanlary bolsa teýi-teýkary bilen ýok edildi. Täze döredilen neşir ulgamy özünde neşiriň dürli görnüşlerini jemledi. 01ar: neşirleriň gözegçiligi (neşirýat gullugy), syýasy-ideologiýa neşirleri.

Syýasy-ideologiýa neşirleri-de birnäçe j;opara bölünýärdi: a) liberal we demokratiýa partiýalaryň neşiri; b) kommunistler partiýalarynyň çaphanalary; d) watançylaryň we birnäçe jemgyýetçilik guramalarynyň neşirleri; ç) hususy kompaniýalaryň we toparlaryň neşirleri; f) dini-wagyz neşirleri.

Bu döwürde gündogarýewropä ýurtlarynda syýasy toparlaryň arasynda ýiti basdaşlyk güýçlenýärdi. Sowet Soýuzy stalinçilik ýoly bilen Gündogar Yewropada özüniň geosyýasatyny kommunistler partiýasy arkaly ornaşdyryp başlaýar. Uruşyň yzysüre Gündogar Yewropada Moskwanyň goldamagynda kommunistler partiýasy berk durmuşa geçirildi. Gündogarýewropa kommunistler partiýasynyň bir bölegini çepçi sosialistler bilen sosial-demokratlaryň bileleşmegi düzýärdi. 1945-50-njiýyllarda syýasy toparlaryň bileleşmegi gündogarýewropa kommunistler partiýasynda stalinçiligiň ornaşdyrylmagyna ýaramaz täsir edipdir. Şeýlelikde, 1946-njy ýylda Germaniýa kommunistler partiýasy we

gtindogarýewropanyň sowetler tarapyndan basylyp alnan çägindäki Sowet Demokratik partiýasy bileleşmegi netijesinde Germaniýanyň bitewi sosialistik partiýasy döredildi. Onuň iň esasy neşiri 1946-njy ýylyň aprel aýynda döredilen "Täze-, Germaniýa" gazeti boldy.

Polşada kommunistleriň we - sosialistleriň birigip, 1947-nji ýylda Polşa işçileriniň birleşen partiýasy döredilmegi netijesinde, "Halk münberi" (Trybuna Ludu”) gazeti açyldy.

Sowet Soýuzy tarapyndan kommunistler partiýa hökümdarlygynyň täsiri bilen gündogarýewropa ýurtlarynda syýasy we sosial guramalar berk kök edindi. Bolgariýada, Rumyniýada, Albaniýada monarhiýa ýatyryldy we respublika düzümi yglan edildi. SSSR-iň goldawy bi(en Gündogar Ýewropa ýurtlarynyň ählisinde kommunistler we işçiler partiýasy häkimýet başyna geçdi. ,

Kommunistler syýasy garşydaşlaryny habar beriş ulgamlaryny basyp ýatyranlaryndan soň, kyrk ýyl owalky monopoliýalaryny häkimýet başyna geçirdiler. SSSR-den tapawutlylykda gündogarýewropa ýurtlarynyň köpüsinde köppartiýalylyk saklanyp galdy. Şeýle bolsa-da, syýalsy basyş netijesinde käbir syýasy toparlara hereket etmäge asla ýer galmady. Köpçülikleýin habar beriş serişdeleri syýasy ulgamy hereketlendiriji güýç hökmünde stalinçilige gulak asýardy.

1940-njy ýyllaryň ahyrynda gündogarýewropa ýurtlaryna kommunistler we işçiler partiýasynyň gelmegi bilen diňe syýasy neşirler däl-de, eýsem hususy neşirler hem döredildi. Radio habar beriş guramasy millileşdirildi. Gündogar Yewropa bilen dünýäniň uly bölegmiň arasyna çekilen haýat bolan "Demir tuty” sowet metbugatynyň ýaýramagyna päsgel berýärdi.

Daşary ýurtlarda 1940-50-nji ýyllarda kommunistler we işçiler partiýalarynyň guramaçylygy sowetleri nusga edinmek bilen ýöredilýärdi. SSSR-den nusga alyp, agrar pudaklaryň işi

kollektiwleşdirilýärdi. Senagatda edileri aýgytly ösüş-agyr industriýanyň ösmegine uly üns berlipdi. Ähli ulgamlar, žurnalistika bilen bilelikde, partiýa-häkimýetiniň gözegçiliginde-di. Žürnalistleriň we redaksiýälaryň döredijiligi kyn şertlerde, ”döwlet. howpsyzlygynyň üpjünçiligi" diýen şygaryň astynda ýöredilýärdi. Şunuň netijesinde, gazet-žurnallaryň işi mejbury ýagdaýda partiýa, syýasata kybapdaş edilýärdi.

Gündogarýewropa ýurtlarynyň metbugat ulgamy-da sowet tejribesine salgylandy. Edil SSSR-de bolşy yaly, bu ýerde hem metbugat partiýa syýasatyny wagyz ediji hökmünde işledildi. Milli döwürleýin neşirler adatça aşaky toparlara bölündi: a) kommunistler we işçiler partiýasynyň garamagyndaky neşirler; b) hökümet guramalarynyň we edaralarynyň neşirýaty, şeýle-de, şolara degişli döwlet-partiýa neşirleri; d) ”soýuzdaş" partjýalaryň neşirleri; ç) watançylar partiýalarynyň we jemgyýetçilik guramalarynyň neşirleri. ,

Häkimýet başyndaky partiýa gazetlerinde sowet tejribesiniň ulanylýanlygy (gönümel göçürmege eenli) aýdyň görünýärdi. KPSS-niň "Prawda” ("Hakykat") gazeti yaly gündelik neşir edilýän partiýa gazetleri çykarylýardy. "Kommunist" durmuşy we syýasy žurnaly ýaly, "Partiýnaýa žizn” ("Parti'ýa durmuşy") yalypartiýa işiniň içki soraglaryna degişli sowet žurnallarynyň äheňinde žurnallar ýola goýuldy. Ýörüte propaganda we agitasiýa degişli Wengriýada "Propogandist", Bolgariýada "Syýasy ýagtylyk" yaly' eneeme žurnallar neşir edilip başlanýar.

Hökümet metbugatynyň başynda neşirýat ministrligi durýardy. Gündogar Ýewropa ýurtlarynyň goşuny üçin, esgerleri, ofiserleri üçin milli goranmak ministrligi tarapyndan harby neşirýat işleýärdi.

Ýurtdaky köppartiýalylyk neşirýatlary-da göniden-göni hökümetiň gözegçiliginde-di. Beýleki partiýalaryň neşirleriniň

aman galmagynyň ýeke-täk çykalgasy, ol hem hökümet başynda oturan partiýanyň ”aýdymyny" aýtmaly bolýardy. Syýasy ulgamda inteiligensiýa< gatlaklary, hususyýetçiler ⅞osial jemgyýete gatyşdyrylýardy. Şeýle etmek bilen halky' syýasy häsiýete öwrenişdirmek, halky nogtalamak aňsat bolýardy. Şu işi ýerine' ýetirmekde has tapawutlanyp işlän gazetlere baýrak.berlip, olaryň syýasaty wagyz edip işlemegine ýardam edilýärdi.

GDR-de 20-den gowrak ”soýuzdaş" partiýalaryň çaphanalary bardy. Şol sanda umumy milli neşirler: Liberal-demokratik partiýanyň - "Der Morgen” ("Säher") gazeti, Milli demokratik partiýanyň - "Nazional-Zeitung" (Milli gazet”), Demoratik krestýan partiýasynyň - "Bauern-Eeho" ("Krestýan ýaňy”) gazeti, Hristian-demokratik soýuzynyň - "Neue-Zeit" ("Täze wagt”) gazeti, şeýle-de, partiýalaryň merkezi gazetleri bardy.

Bolgariýada sosialistiki döwürde kommunistler partiýasynyň tarapdary bolup, 1900-nji ýylda esaslandyrylan daýnanlar soýuzy - krestýan partiýasy durýardy. Bolgariýanyň milli daýhanlar soýuzynyň özbaşdak syýasy meýilnamasy-da ýok-dy. 01 Bolgariýanyň kommunistler partiýasynyň meýilnamalaryny ulanmak bilen gün görýärdi. 1902-nji ýylda döredilen "Daýhanlar baýdagy" gazeti Bolgariýa kommunistler partiýasynyň işini wagyz etmek bilen, özüni saklap galypdy.

"Soýuzdaş" partiýalaryň Polşada "Zielony Sztandar" ("Yaşyl baýdak”) gazeti Krestýan birleşik partiýasy tarapyndan neşir edilýärdi. "Tygodriik Demokratyezny" (Demokratiki gündelik") gazeti Demokratik partiýanyň neşiri, Çehoslowakiýada Çehoslwak halk partiýasynyň „Lidova demoeraeie" („Halk demokratiýasy") gazeti, Slowasiýa partiýasynyň „Sloboda" („Erkinlik”) gazeti we ş.m. gazetler partiýanyň hereket ediji güýçleridi.

Bu neşirleriň tiraž sanyna we ýaýradylyş giňligine garanazdan, häkimýet başyndaky partiýalaryň neşirleriniň täsiriçe täsir berip bilenokdy. PORP „Ksenžka - Prasa - Ruh” neşirýat konserni< 198ç-njy ýylyň ahyryna çenli Polşada neşir edilýän gazet-žurnallaryň çap edilişine gözegçilik edip geldi.

Açyk žurnalistçilik we döredijilik erkinligine şu ýurtlara sowet goşunlary gireninden soň synanyşyk edildi (Wengriýada 1956-njy ýylda, Çehoslawakiýada 1968-nji ýylda). Gündogarýewropa ýurtlarynda sosialistiki döwürde oppozisiýa (toparlanşyk) neşirleri özbaşdak neşir usulynda çap edildi. Bu babatda Polşanyň milli ýörelgesi jemgyýetçilik häkimýet partiýasynyň esasyj süňňini düzýärdi. Katolik dininiň „Tygodnik Powszeçhny" („Ähliumumy gündelik") gazeti köp ýyllaryň dowamynda polşalylaryň - toparlaýyn guramasynyň açyk neşiri boldy. Segseninji ýyllardan, tä 198ç-njy ýyllda bolan saýlawyň „Raýdaşlyk" ýeňşine çenli kanun tarapyndan rugsatnama bolmasa-da, açyk neşir edildi. „Raýdaşlyk" tarapyndan döredilen „Gazeta Wyborçza" („Saýlawlar gazeti”) 198ç-njy ýyldasaýlawlarda ýeňiş gazanylmagyna uly hemaýat berdi. Bu gazet Polşada „hakyky sosializme" tarap gapy açdy.

Gündogarýewropa ýurtlarynyň döwürleýin neşirleriniň esasy bölegini-de jemgyýetçilik guramalaryň neşirleri tutýardy„ Syýasaty gulluk etmek bilen, jemgyýetçilik guramalaryň neşirleri ýerli ilata ýaşyna, ýerine, hünärine, wezipesirie baglylykda syýasy terbiýäni berýärdi. Jemgyýetçilik-watançylyk guramalarynyň adyndan çykyş edýän neşirleriň atlary: („Oteçestwen front” Bplgariýada, „Szabad Föld” („Azat ýer”) we „Magiar Nemzet” („Wenger halky”) Wengriýada, „Romania Libera” („Azat Rumyniýa"), „Başhkimi" („Bitewilik”) Albaniýada) häkimýet başyndaky partiýanyň işini ilerletmekde esasy rol oýnaýan neşirler hökmünde ykrar edilipdi. Gündogarýewropa ýurtlarynyň neşirleriniň hökmany alamaty hökmünde kommunistler we sosialistler partiýalary

tarapyndan GDR-de „Junge Welt” („Ýaş dünýä”), Bolgariýada „Narodna mladež” („Halkyň ýaşlary"), Çehoslawakiýada „Mlada Fronta” („Frontyň ýaşlary") soýuzlary hereket edýärdi. Profsoýuzlaryň, çagalar we zenanlar guramalarynyň, döredijilik birleşmeleriniň neşirleri çap edilýärdi.

Gündogarýewropa ýurtlarynyň döwürleýin neşiriniň umumy mazmunynda sosialstik ideologiýa has agdyklyk edýärdi. Lehinçilik ýoly ,bilen ähli gazetleri propaganda, agitasiýa, guramaçylyk işinde ýarag hökmünde ulanylýardy. Gazet-žurnallaryň, tutuş metbugatyň nazara alýan maksady sosializmiň halk arasyna ornaşdyrylyşy boldy. Ýörüte ideologiýa doktrinasynyň drirmuşa geçirilişiniň subutnamasy hökmünde-de, ýene metbugat alynýardy.

Sowet žurnalistikasyndan ugilr almak bilen gündogarýewropa ýurtlarynyň žurnalistleri döwlet resminamalarynyň, kanunçylygyň, statistiki maglumatlaryň, ykdysady we jemgyýetçilik dolandyryşyň käbir döwlet syrlaryna çenli öwrendiler. Metbugatda syýasy we durmuşy çäklendirmeler bilen bir hatarda tankyt hem çäkli-di. Dabaraly beýannamalardan lenç edilen sahypalar içki ýetmezçilikleriň tankyt edilmegine suwsaýardy. Tankydy niakalalar sebäpli gazet-žurnallary redaktorlaryň we redaksiýanyň işgärleriniň birnäçesinden „arassalanyldy". Bu ýagdaý žurnalistleriň senzura laýyklykda işlemigine getirdi. Şunuň netijesinde metbugatda shemaçylyk, birtaraplylyk, ykdysady we syýasy soraglara hemme žurnalistleriň birmeňzeş jogap bermegi emele geldi.

Sosializmiň köpçülikleýin habar beriş serişdeleriniň öňünde goýan kanuny, ol hem habar beriş serişdeleriniň esasy gahrymany adam z^hmeti bolmaly-dy. Hakykatdanam, köp habar berişler işçilere, daýhanlara, intelligensiýanyň wekillerine bagyşlanypdy. Yöne ⅜urnalistçilik portretleri adamlaryň zähmetine, hukugyna ynsanperwer garaýardy.^ 01aryň

aňşyrmaýan hukuklary barada söz açýardy. Hemişe jemgyýeti abadanlaşdyrmagyň, syýasaty ýaýratmagyň gürrüňini edýän metbugatyň işçileriň durmuşy barada „unudýan" gezegi az däl-di. Adamlar zähmet hukuklary barada, ýaşaýyş şertleri dogrusynda gyzyklanýan žurnalistler bolsa, syýasata garşy hereket edýän adam hökmünde aýyplanýardy.

„Halk demokratiýasy" ýurtlarýnda köpçülikleýin habar beriş serişdeleri halk häkimýeti ugrunda çykyş edýän syýasy güýçleriň jedel meýdanyna öwrülmedi. Köpçülikleýin habar beriş serişdeleri köp halatda dempkratiýanyň ýalňyş hereketlerini goldanlygy üçin jogap bermäge borçlydyrjar., Köp ýy}laryň dowamynda gündogarýewropa habar beriş serişdeleri Stalini, ýerli partiýa ýolbaşçylaryny (Rumyniýada propagandaçy Çauşesku diktatorçylyk ýykylýança,

1989-njy ýyla çenli) mahabatlandyryp geldi. Gündogarýewropa ýurtlarynyň 1948-nji ýylda kabul edilen adam hukularynyň Ähliumumy deklarasiýasyny goldaşa-da, „Halk demokratiýasy" ýurtlarynyň köpçülikleýyn habar beriş serişdeleri adam hukularynyň düzgünleriniň bozulýanlygy barada dil ýarmadylar.

Gündogarýewropa ýurtlarynyň KHBS-leri halkara wakalary, daşary ýurtlaryň durmuşy dogrusynda hem köp hakykaty gizlediler. Berýän maglumatlarynyň anyklygyndan, salgylanmalardan gaça durdylar.

SSSR-iň hökümdarlyk güýji astynda Gündogar Yewropanyň KHBS-leri Sowet Soýuzy bilen gatnaşyk saklap medeniýetleşdi. Dünýä ýüzünde progressiw ösüşe eýe bolan, resurslaryny çäksiz ýaly görkezýän, öňdebaryjy ylymly we tehnikaly bolýansyraýan SSSR-iň häsiýetini özüne siňdirip, öz raýatlarynyň gül ýaly durmuşy bar hökmünde görkezmäge çalýşdy. Halkara aragatnaşyklaryň we hyzmatdaşlyklaryň, medeniýet we syýahatçylyk ösmegi bilen , 1970-80-nji ýyllarda SSSR-iň ýalan propagandaçylygy ýüze çykdy.

Habarlar hyzmatdaşlygynda Sowet Soýuzynyň respublikalary belli bir derejede býurokratlaşandylar. 01ar biri-biriniň maglumatlaryna ynanmaýardylar. Öňdebaryjy KHBS-niň ýolbaşçylary; birsydyrgyn habarlaşyp, halkara gatnaşyklarda bir agyzly bolmaga çalyşýardylar. Zurnalistçilik kollektiwlerinde halkara gatnaşyklar çakdanaşa çäkli-di. Sosialistiki ýurtlaryň biri-birine berýän maglumatlary birmeňzeş diýen ýaly-dy. SSSR-den gündogarýewropa ýurtlaryna barýan maglumatlaryň deregine iberilýän gündogarýewropanyň maglumatlary-da (gündogarýewropalylar sowet teleýaýlymlarynda öz habarlaryny görüp bilýärdiler) edil şol maglumatlar ýaly-dy. Şol döwürler gündogarýewropa ýurtlary öz habarlaryny „Wremýa" („Wagt”) telegepleşginde görmeli bolýar-dy. Sebäbi, ýerli teleýaýlymlaryň köpüsi giç ýola goýuldy.

Gündogarýewropa ýurtlarynyň içki obýektiw habarlarynyň, baradaky maglumatlaryň ýetmezçilik etmegi zerarly, daşary ýurtlaryň halkynda köpçülikleýin habar beriş serişdelerine bolan ynanmazlyk peýda boldy. Geografiki ýakyn ýerde oturan Sowet Soýuzynyň günbatar blogy goňşy döwletler bolan Awstriýanyň, GDR-iň, Günbatar Berliniň radioýaýlymlaryny, ABŞ-nyň, Ängliýanyň halkara habar beriş teleýaýlymlaryny kabul: edip bilýärdi. Gündogar Yewropa netijesinde günbatar habarlar çeşmesiniň uly' auditoriýasy emele geldi. 1980-nji ýyllaryň ortalaryna çak bilen geçirilen auditoriýa gözegçiligi netijesinde günbatar radioýaýlymlarynyň Wengriýanyň kämillik ýaşyndaky diňleýjileri 72%, polýaklar 86%, rumynlar 82%, bolgarlar 39%, Çehoslwakiýany raýatlary 7ç% bolupdyr. Bu segseninji ýyllaryň ahyrynda sosializmiň bişip, kemala gelen döwri hökmünde bellenilýär.

Gündogar Yewropaýurtlarynyň köpçülikleýin habar beriş serişdeleri reforma döwründe (1990 ý.). Sosializmiň dargamagy bilen, ozalky syýasy partiýa neşirleriniň tiražy we täsiri

görnetin pese düşdi. Şyýäsy we ideologiýa özgerişmeleriň başdan geçirýän neşirýat ulgamy-da, edil syýasat ýaly galagoply ýagdaýda boldy. Jemgyýetçilik-ykdysady reformalara geçiş bilen baglylykda, partiýa-hökümet gözegçiligi metbugatyň üstünden aýryldy, şenzura çäkliligi-de ýatyryldy. Owalky kommunistler partiýasy bilen oňuşmaýan „soýuzdaş" partiýalar özbaşdak neşirýat edinmäge mümkinçilik tapdy. „Gazeta Wyborçza" -„Raýdaşlyk" polýak neşirýaty - bu heretiň häkimýet başyna geçmegi bilen, 17 dürli görnüşde ýerler boýunça çap edilýäh, mahabat bazarynyň islegli neşirleriniň birineöwrüldi. Oppozisiýa toparlarynyň syýasy güýçleri açyk gazet-žurnal neşirlerini çap etmek bilen, dürli-dürli syýasy-ideýa ugurlar, monarhistçilik, ekologiýaçylar neşirýaty - „ýaşyllar" we ş.m. ultramilletçilige çenli bölündi. Köpçülikleýin habar beriş serişdeleriniň azatlygy kanun esasynda kepillendirilip, habar beriş ulgamynyň ösmegi gazanyldy. XIX we XX asyrda Gündogar Yewropa ýurtlarynyň köpüsinde žurnalistleriň we KHBS-niň örüsi gysyldy. Bolgariýa, Wengriýa, Polşa, Çehiýa, Slowakiýa, Sloweniýa günbatar monopoliýasy bilen erkin habar beriş ulgamly ýaly görkezildi, Rumyniýanyň KHBS-niň belli bir bölegi erkindi, ýugoslaw habar beriş ulgamy Miloşewiçe çenli erkin hasaplanmaýardy.

Sosializmiň ýykylmagynyň ilkinji aýlarynda gündogarýewropa ýurtlarynda hususy pressalar döredi. Polşada ozalky PORP konsern neşirýatyna degişli polan gazet-žurnallar eýeçilige geçdi. Polýak KHBS-niň 85% eýeçilige degişli edildi. Olaryň köpüsine daşary ýurtly adamlar eýe çykdy. Şeýle ýagdaýlar beýleki gündogarýewropa ýurtlarynda hem boldy. 1940-njy ýyllarda ýapylan, taryhy neşirleriň-de täzeden dikeldilenleri-de boldy. Ýene-de gaýtadan habar berişiň tutuş bir uly şaýoly emele geldi. Ýerli dolandyryş bilen baglylykda

bu döwletlerde döwürleýin neşirleriň täze ugurlary ýüze çykýar. Dini-wagyz ediş KHBS-niň ösüşi ilerleýär.

Gazet-žurnallaryň umumy möçberi dessine artdy. Bazar gatnaşyklarynyň ösmegi netijesinde, çaphana hyzmatlary artyp, neşir önümlerini wagtynda abunaçylaryň üstüne eltip bermeklik ýola göýulýar. Telekeçilik bäsdeşligf bilen neşirýatlar ykdysady talaplary, bazar gatnaşyklarynyň ,islegmi aňryýany, bilen ödemäge çalyşýarlar. Zurnalistikanyň döwletde esasy orna geçmegi bilen takyk syýasat ýöredilmegine getirýär.

Gündogarýewropa ýurtlarynyň reforma-geçiş idöwri günbatar mediakorporasiýasy KHBS-niň halkara bazarynda ýokary depginli ösüşe eýe boldy. Gazet-žurnal bazaryna günbatargerman neşirýatlarynyň urup girmegi netijesinde, sanlyja aýda gündogar Germaniýada metbugatyň keşbi özgerdi. Eýýäm, 1990-njy ýylyň birinji ýarymynda gündelik gazetlariň 24-si, hepdelik gazetleriň 42-si, 240 sany žurnallar günbatargermaniýa korporasiýalarynyň hasabyna geçdi. Diňe gündogar nemeslere niýetlenip çap edilýän „Bild" „sary" gazetiniň sany 1 mln. Ekzemplýar artdy. Tiz wagtdan pündogar Germaniýa ýaýradylýan metbugat neşirleriniň tas ýaryna golaýy iki sany günbatargermanipa konserniniň garamagynda boldy. Olar „Genrih Baur-ferlag". we „Gruner und Ýar" konsernleri. „Şpringer-ferlag" konserniniň paýyna bolsa,ähli neşirýatlaryň kiosklarynda satylýan gazetleriň 63%» düşdi. [1] '<

Wengriýadaky belli we abraýly neşirýatlaryň aksiýalary R.Merdok, lord Rotermir we beýlekiler tarapyndan dolandyrylýan günbatar korporasiýalaryň elastyna geçdi. Polşada hem başlanan syýasy galkynyş netijesinde neşirýatlaryň köpüsi, ýerli gazetlere çenli norweg we german neşirýat korporasiýalaryna degişli boldy. „Rzeçzpospolita" („Respublika") gazetiniň aksiýalarynyň ýaryndan gowragyny „Orkla" norweg hususy konserni aldy. Daşary ýurtly neşirýat

eýeleri hökümet bilen bagly meselelerden gaça durup, ýurtdaky bar bolan bökdençliklerden sowa geçmäge çalyşýardylar.

Gündogarýewropa ýurtlarynyň!günbatar böleginde KHBS-i syýasy we medeni nukdaýnazary ykdysady, harby-syýasy gatnaşyk saklaýan ýurtlary bolan ABŞ-dan we Yewropa bileleşiginden aldylar. Bu bolsa, yurduc NATO we ECO guramalaryna agza bolup girmek netjjesine getiндi.,

Bu günki günde gündogaryewropa metbugat sahypalrynda (ayratyn-da žurnallarda) amerikan, german, fransuz medeniyetlerine'we ösüşine yerli islege görä uly orun berilyär. Polyak, wenger, bolgar we Gündogar Yewropa halklarynyc beyleki dillerinde neşir edilyän metbugatlar, köpyyllyk tejribesi bilen halkara metbugatlara bäsdeşlik edyän neşirlerdir. "Cosmopolitan" yaly birnäçe zenanlara bagyşlanan žurnallar zenanlar auditoriyasyny öz dünyasine gönükdirip, zenanlar neşirlerinic meydanyny daraltdy.

Bu özgerisler teleyaylymlarda hem güycli duyulyar. Entek reformalaryc başlangyç döwründe gündogaryewropa telekompaniyalary sowet teleyaylymlaryndan alyp görkezyärdiler. Gündogaryewropa teleyaylymlary ösüs depgini bilen merkezleşdirilen we hususyyetleşdirilen ulgama öwrülyär. Döwlet eyeçiligindäki teleyaylymlar Günbatar Yewropa yurtlarynyc telekompaniyalarynyc hörpünde işläp başladylar. 1990-njy yyllaryc baslarynda paytagtlarda we sebit merkezlerinde hususy radiostansiyalar we efir' we sputnik, kabel - kommei^eski teleyaylymlar peyda boldy. Täze teleyaylymlaryn emele gelme^inde köplenç dasary yurt mayadarlary we tehnologiyalary esas bolyar. Amerikan inwestorlary tarapyndan açylan TV NOVA kommerçeski telekompaniyasy ^lehiyanyc milli teleyaylymynyc çägini kiçeltdi. Hususy teleyaylymlarda günbatar yurtlardan getirilyän gepleşikler we filmler gicden goyberilyär. Polşada açylan „Polsat" kommerçeski telemerkezi golliwud filmlerini, ABş-

nyc we beyleki Günbatar yurtlarynyc gyzykly telegeplesikleri hemise beryär.

Polyak milli tele geceşi 19ç3-nji yylda döredilip, reformanyc ilkinji yyllarynda yüze çykan bulam-bujarlygy aradan ayyrdy. Polşanyc senaty, yerli kanunçykaryjy we administratiw organlar we ayry-ayry rayatlar polyak teleyaylymlarynda zorluk köp görkezilyänligini belläp, tankyt edyärler. Esasy günäkärlenyän teleyaylym „Polsat" teleyaylymy boldy. Ortaça hasap bilen, her sagatda 57 sany elhenç kadr görkezilyän ‚jPolsat" teleyaylymynyc direktory teletomasaçylaryc köpüsinin ünsini elhenç kadrlar, şekiller çzüne çekyär diyip, tankyda özÜçe jogap beryär. Köpçülik tarapyndan berilyäh baha, jedelli meselelйr teleyaylymlar we radioyaylymlar baradaky kodeksic tayyarlanylmagyny talap edyär. Kodeksi işläp düzmek Üçin döredüen komissiyanyc düzümine her kompaniyadan bir wekil we habar beris. ulgamlarynyc etikasy boyunça Geceşden we Polyak milli teleyaylym gecesinden wekiller girizildi.

Reforma yyllarynda gündogaryewropa yurtlarynda metbugat we tele-radio yaylymlarda täzeçe ulgamlar döredi. Täze şertlerde neşir edilyän metbugat we elektron pressalary hakynda düypli hukuk binyady, KHBS-nic kanunlary kabul edildi. Polsa we beyleki gündogaryewropa yurtlarynda nusga edinerlik derejede metbugat we elektron pressalarynyc özbasdak dolandyrylma mehanizmi bar. Ol yurtlaryc köpüsinde professional zufnalistikanyc etikasynyc we KHBS-nic kodeksi döredildi. Bu bolsa köpçülikleyin habar beris. serisdelerinic isme ocyn täsir edyär.

# EDEBIÝATLAR:

1.Gurbanguly Berdimuhamedow. Garaşsyzlyga guwanmak, Watany, halky, söýmek bagtdyr. Aşgabat, 2007.

2.Gurbanguly Mälikgulyýewiç Berdimuhamedow.Gysgaça terjimehal. Aşgabat, 2007.

3.Gurbanguly Mälikgulyýewiç Berdimuhamedow. Parahatçylyk, döredijilik, progres syýasatynyň dabaralanmagy. Aşgabat,2007.

4.Gurbanguly Mälikgulyýewiç Berdimuhamedow.Eserler ýygyndysy.Aşgabat, 2007.

5.Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň ýurdy täzeden galkyndyrmak baradaky çykyşy. Aşgabat, 2009.

6.Gurbanguly Mälikgulyýewiç Berdimuhamedow.Ösüşiň täze belentliklerne tarap.Aşgabat, 2009.

7.Богданов Н. Вяземский. Сравочник журналистов. Л, 1971.

8.Иностранная печатъ. Москва,1963.

9.Березина Б.Дементъев А.Есип Б.История русской журналистики XVIII-XIX веков.Москва,1963.

10.Берков П.История русской журналистики 18 веков.Москва,1948.

15.Учёнова Б.Б.У истоков публисистики. Москва,1989.

16.Dünýä informasion lentasyndan ,,Нейтралный Туркменистан’’ gazeti.

17.Internet ulgamynyň habarlary.

18.Кодекс профессиональной этики российского журналиста. Профессиональная этики журналистов. Москва,1999.

19.Воробев А.М.Средства массовой информации как фактор формирования гражданского общества: процесс, тенденции, противоречия. Екатеринбург, 1998.

20.Баскакова А. Г. и др.История мировой журналистики. М., Ростов н /Д., 2004.

21.Вачнадзе Г.Н. Всемирное телевидение. Новые средства массовой информаци и их аудитория, бизнес, политика.Тбилиси, 1989.

22.Горохов В.М. Основы журналистского мастерства. М.:Мыслъ,1989.

23.Дрожкин С.Н. Особенности западноевропейского аудиовизуалъного рынка. М, 1991.

24.Ким М.Н. Технология подготовки журналистского произведения. СПБ.:Изд-во В.А. Михайлова, 2001.

25.Ким М.Н. Жанры современной журналистики. СПБ., 2004.

26.Михайлов С. А. Современная зарубежная журналистика. СПБ., 2002.

27.История мировой журналистики А.Г.Беспалов, А.П.Станъко, Ю.В.Лучинский, С.А.Корнилов.М.,2003,

28.Рэндалл Д. Универсалъный журналист, 3-е изд Великий Новгород СПб

29 .Свитич Л. Г. Профессия-журналист М .2004

30. Соколов В. С. Виноградова С .М. Периодическая печать Италии .СПб, 1997.

31. Корнилов Е. А. Журналистика на рубеже тысячилетий .Ростов н /Дону, 1999.

32.Ворошилов В.В.Экономическая пропаганда в газете на современном этапе.Монография Л.Изд-во ЛГУ, 1987.

33. Ворошилов В.В. Журналистика и рынок: проблемы маркетинга и менеджмента средства массовой информации: Научн.издание.СПБ: Изд-во СПБГУ,1997.

34. Ворошилов В.В. Журналистика:учебник: Изд-во В.А.Михайлова,1999.

35. Ворошилов В.В. Журналистика:учебник.5-е изд. Базовый курс.СПБ.: Изд-во В.А.Михайлова, 2006.

36. Ворошилов В.В. Теория и практика массовой информации: учебник. СПБ.: Изд-во В.А.Михайлова, 2001.

37.Есин Б.И. История русской журналистики (1703-1917): учеб.- метод. Комплекс,Москва,2000.

38.Жирков Г.Б. История цензуры в России XIX-XX вв: учеб.пособие.М:Аспект,2001.

39.История мировой журналистики (авт; А.Г.Беспалова, Е.А.Корнилов, А.П.Короченский, Ю.В.Лучинский, А.И. Станъко. Ростов на Дону, 2000.

40. История русской журналистики XVIII-XIX вв.под.ред.Л.П.Громовой.СПБ,2003.

41. История русской журналистики XVIII- начала XX в. учеб.пособие.М: Изд-во РУДН,2004.

42.Прохоров Е.П. Журналистика и демократия М:РИП-холдинг 2001.

43. Русская журналистика в документах (под-ред.Б.И.Есина,Я.Н.Засурского.Москва,2003.

## MAZMUNY:

Giriş..........................................................................7

Ýewropada žurnalistikanyň döreýşi....................................9

Ýewropada çap edilen ilkinji žurnallar..............................18

ABŞ-nyň we Günbatar Ýewropanyň döwürleýin neşirleri..21

Ýewropa sebit žurnalistikasynyň taryhy.Angliýanyň, Beýik Britaniýanyň habarlar gurluşy we köpçülikleýin habar beriş serişdeleri..........................................................................28

Fransiýanyň köpçülikleýin habar beriş serişdeleri.............38

Germaniýanyň, Ispaniýanyň we Italiýanyň KHBS-iniň kemala gelmegi..........................................................................45

Germaniýanyň köpçülikleýin habar beriş serişdeleri..........48

Germaniýada teleradio gepleşikleriň taryhy.......................54

Şweýsariýa, Portugaliýa we beýleki Ýewropa döwletleriniň KHBS-leriniň taryhy....................................61

Belgiýa, Niderlandiýa we Lýuksemburg............................63

Fransiýada bezeg neşirleri..................................................75

Tomas Peýn –gumanist, ussat žurnalist ............................137

Gündogar Ýewropa ýurtlarynyň žurnalistikasy.................147

Edebiýatlar.........................................................................160